**TÜRKMENISTANYŇ KANUNY**

**Türkmenistanyň Maşgala kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda**

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 1, 9-njy madda)

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Maşgala kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Maşgala kodeksini 2012-nji ýylyň 1-nji aprelinden güýje girizmeli.

**3-nji madda.** 1969-njy ýylyň 25-nji dekabrynda Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň Kanuny bilen tassyklanylan Türkmenistan SSR-niň Nika we maşgala hakyndaky kodeksini (Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň Wedomostlary, 1969-njy ýyl, № 24, 141-nji madda), oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli soňraky kanunlary ýa-da olaryň degişli bölümlerini 2012-nji ýylyň 1-nji aprelinden güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

**4-nji madda.** Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň hereketi, ol güýje girenden soň ýüze çykan hukuk gatnaşyklaryna degişli edilýär.

Eger maşgala hukukgatnaşyklary Türkmenistanyň Maşgala kodeksi güýje girizilmezinden öň ýüze çykan bolsa, onuň kadalary ol güýje girizilenden soň ýüze çykan hukuklar we borçlar babatda ulanylýar.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksi güýje girizilenden soň, maşgala hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda gapma-garşylyklar ýüze çykan ýa-da maşgala hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň hukuk ýagdaýy ýaramazlaşan halatlarynda şu Kodeksiň düzgünleri ulanylýar.

**5-nji madda.** Türkmenistanyň kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary mundan beýläk Türkmenistanyň Maşgala kodeksine laýyk getirilýänçä, şu Kodekse garşy gelmeýändigine görä hereket edýärler.

**6-njy madda.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti üç aý möhletde Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny Türkmenistanyň Maşgala kodeksine laýyk getirmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*

*2012-nji ýylyň 10-njy ýanwary.*

*№ 258-IV.*

## TÜRKMENISTANYŇ MAŞGALA KODEKSI

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji bap. Esasy düzgünler

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

1. Şu Kodeksiň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **maşgala** –adamlaryň nikadan, garyndaşlygyndan, ogullyga ýa-da gyzlyga almagyndan (mundan beýläk **-** perzentlige almak)ýa-da çagalaryň maşgala kabul edilmeginiň başga görnüşinden gelip çykýan şahsy emläk däl we emläk hukuklary we borçlary bilen baglanyşykly topary;

2) **nika** – är-aýalyň öz aralaryndaky hukuklaryny we borçlaryny döredýän, erkek bilen aýalyň kanunda bellenilen tertipde maşgala gurmak üçin baglaşan meýletin deň hukukly birleşigi;

3) **är-aýal** – öz aralarynda nikada durýan adamlar (äri we aýaly);

4) **öňki är-aýal** – öz aralarynda nikasyny bozan adamlar;

5**) ynsaply är (aýal)** – hakykatda maşgala gurmak niýeti bilen kanunda bellenilen tertipde nika baglaşan adam;

6) **galp nika** –erkek bilen aýalyň kanunda bellenilen tertipde hakykatda maşgala gurmazlyk niýeti bilen baglaşan nikasy;

7) **çaga** –on sekiz ýaşyna (kämillik ýaşyna) ýetmedik adam;

8) **ata-ene** – çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda onuň ata-enesi hökmünde bellige alnan adamlar (kakasy we ejesi);

9) **perzentlige alan** – çagany terbiýelemäge (perzentlige) alan kämillik ýaşyna ýeten adam ýa-da är-aýal (olaryň biri);

10) **öweý kaka**– çagalaryň ejesiniň soňky nika baglaşan adamsy;

11) **öweý eje** – çagalaryň kakasynyň soňky nika baglaşan aýaly;

12) **öweý ogul** – är-aýalyň biriniň beýlekisi babatda, onuň üçin ganybir bolmadyk ogly;

13) **öweý gyz** – är-aýalyň biriniň beýlekisi babatda, onuň üçin ganybir bolmadyk gyzy;

14) **garyndaşlar** – öz aralarynda ganybir garyndaşlygy bilen baglanyşykly we biri-beýlekisinden ýa-da umumy ata-babadan gelip çykýan adamlar. Garry ata (garry ene), garry baba (garry mama), ata we ene, baba we mama, kaka (eje), ogul (gyz), agtyklar, çowluklar, doganlar, daýylar (daýzalar), ýegenler we beýlekiler garyndaşlar bolup durýarlar;

15) **ata-babalaryna barýan ugur boýunça garyndaşlar** – ata-babalaryna barýan ugur boýunça garyndaşlygy bilen özara baglanyşykly adamlar, ýagny haçan-da oňa zürýatdan ata-baba garalanda: agtyk, ogul, kaka, ata;

16) **ata-babalaryndan gaýdýan ugur boýunça garyndaşlyk** – ata-babalaryndan gaýdýan ugur boýunça garyndaşlygy bilen özarabaglanyşykly adamlar, ýagny haçan-da oňa ata-babadan zürýada garalanda: ata, kaka, ogul, agtyk;

17) **ýakyn garyndaşlar** – ata-eneler (şol sanda perzentlige alanlar), är-aýal, çagalar (şol sanda perzentlige alnanlar), ata we ene, baba we mama, agtyklar, süýtdeş we doly süýtdeş däl doganlar;

18) **süýtdeş doganlar** – bir ata-eneden bolan doganlar;

19) **doly süýtdeş däl doganlar** – bir kakadan we aýry ejeden ýa-da bir ejeden we aýry kakadan bolan doganlar;

20) **kanuny wekiller** – kanun esasynda ähli edaralarda, şol sanda kazyýet edaralarynda kämillik ukyby ýoklaryň, kämillik ukyplary çäklendirilenleriň ýa-da kämillik ukyby bolanlaryň, ýöne fiziki ýagdaýyna görä (garrylygy, syrkawlygy boýunça we ş.m.) öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyrmaga we öz borçlaryny ýerine ýetirmäge ukypsyz bolanlaryň şahsy emläk däl we emläk hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça çykyş edýän adamlar (ata-eneler, perzentlige alanlar, hossarlar (howandarlar), şeýle hem bu şahsyň howandarlykda durýan edaralarynyň we guramalarynyň wekilleri);

21) **maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalary we eklençde durýan adamlar** – çagalar (şol sanda perzentlige alnanlar, öweý ogullar (öweý gyzlar), bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça ýigrimi üç ýaşyna çenli okaýanlar; on sekiz ýaşyna ýetmedik ýa-da bu ýaşdan uly, on sekiz ýaşyna ýetmänkä maýyp bolan, doganlar, agtyklar, şunda erkek (aýal) doganlar, agtyklar - eger olaryň zähmete ukyply ata-eneleri bolmasa, öweý ogullar (gyzlar) - eger olar ata-enelerinden aliment almaýan bolsalar; pensiýa ýaşyna ýeten kaka we eje, şol sanda perzentlige alanlar, är we aýal, ata we ene, baba we mama: erkekler - 62 ýaşda, aýallar - 57 ýaşda, ýa-da maýyplygy bolan adamlar bolup durýan we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaýanlar; ata-enäniň biri ýa-da är (aýal) ýa-da ata we ene, baba we mama, ýaşyna we zähmete ukyplylygyna garamazdan doganlar, eger ol ölen ekleýjiniň sekiz ýaşyna ýetmedik çagalaryna, doganlaryna, agtyklaryna seretmek bilen meşgullanýan we işlemeýän bolsa;

22) **hakyky terbiýeçiler** – kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary hemişelik terbiýelemek we ekläp-saklamak üçin alan we olary hakyky terbiýelän adamlar;

23) **RÝNÝ edaralary** – welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etraplaryň häkimlikleriniň RÝNÝ bölümlerini, Geňeşleri öz içine alýan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň (RÝNÝ) döwlet edaralary, şeýle hem raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almaga ygtyýarly edilen Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary;

24) **raýat ýagdaýynyň namalary** – raýatlaryň hukuklarynyň we boçrlarynyň ýüze çykmagyna, üýtgemegine ýa-da bes edilmegine täsir edýän, şeýle hem olaryň hukuk ýagdaýyny häsiýetlendirýän, döwlet belligine alynmaga degişli bolan raýat ýagdaýynyň ýazgylarynyň namalarynda görkezilýän raýatlaryň hereketleri ýa-da wakalar we faktlar;

25) **hossarlyk we howandarlyk edaralary** – welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etraplaryň häkimlikleriniň bölümleri, olaryň bolmadyk ilatly ýerlerinde bolsa - ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;

26) **ýaşaýan ýeri** – fiziki şahsyň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri;

27) **bolýan ýeri** – fiziki şahsyň wagtlaýyn ýaşaýan ýeri;

28) **girdejiler** – zähmet haky we girdejileriň kanunda gadagan edilmedik usul bilen alnan başga görnüşleri;

29) **aliment**– maşgala agzalarynyň biriniň kanunda bellenilen halatlarda beýlekilerini ekläp-saklamak üçin tölemäge borçly bolan serişdeleri;

30) **ýanýoldaşsyz ene (ata)** – ýalňyzlykda çagany terbiýeleýän eje (kaka) ýa-da onuň ornuny tutýan adam (atanyň (enäniň) bolmadyk halatynda);

31) **maşgala agzalary** – maşgala gatnaşyklaryna esaslanan hukuklary we borçlary bolan adamlar (äri we aýaly, olaryň çagalary we ata-enesi, şeýle hem olar bilen bile ýaşaýan beýleki maşgala agzalary);

32) **şahadatnama** – raýat ýagdaýynyň namalary bellige alnanda RÝNÝ edaralary tarapyndan berilýän bellenilen görnüşdäki resminama.

2. Şu Kodeksdäki ähli beýleki düşünjeler Türkmenistanyň raýat we beýleki kanunçylygynda kesgitlenilen manylarda ulanylýar.

*(2018-nji ýylyň 1-njidekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №3-4, 109-njy madda)*

**2-nji madda. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygy**

1. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kodeksden hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat bolup durýar.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kodeksde bellenilen kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

**3-nji madda. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyňmaksady we wezipeleri**

1. Maşgalany, eneligi, atalygy we çagalygy goramagyň döwlet kepillikleriniň bellenilmegi, maşgalanyň ykdysady taýdan özbaşdaklygynyň we onuň ähli agzalarynyň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagy üçin şertleriň döredilmegi Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň maksady bolup durýar.

2. Şular Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň wezipeleri bolup durýar:

1) maşgalanyň erkek bilen aýalyň birek-birege bolan söýgüsi esasynda meýletin gurulmagy;

2) maşgalada ahlak ýörelgeleriniň pugtalandyrylmagy;

3) maşgala gatnaşyklarynda är-aýalyň hukuklarynyň deňliginiň üpjün edilmegi;

4) maşgalanyň ähli agzalarynyň maşgalanyň öňündäki jogapkärçiliginiň ýokarlandyrylmagy;

5) eneligiň, atalygyň we çagalygyň goralmagy;

6) maşgalada çaganyň sagdyn ösmegi we kemala gelmegi üçin amatly şertleriň üpjün edilmegi;

7) maşgalanyň işlerine başga biriniň gatyşmagyna ýol berilmezligi;

8) maşgalanyň islendik agzasy babatda islendik görnüşdäki zorluk edilmegine ýol berilmezligi;

9) maşgalada ata-enäniň zähmet işini maşgala borçlary bilen utgaşdyrmagy üçin amatly şertleriň döredilmegi.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**4-nji madda. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygybilendüzgünleşdirilýän gatnaşyklar**

Türkmenistanyň maşgala kanunçylygy nika baglaşylmagynyň şertlerini we tertibini belleýär, är-aýalyň, ata-eneleriň we çagalaryň, perzentlige alanlaryň we perzentlige

alnanlaryň, maşgalanyň beýleki agzalarynyň arasyndaky şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklary, perzentlige almak, hossarlyk (howandarlyk) bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary, Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda we çäklerde - beýleki garyndaşlar bilen başga adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär, şeýle hem ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalary maşgala ýerleşdirmegiň görnüşlerini we tertibini, nikany bozmagyň, ony hakyky däl diýip ykrar etmegiň şertlerini we tertibini, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibini kesgitleýär.

**5-nji madda. Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň maşgala gatnaşyklary babatda ulanylmagy**

Maşgala agzalarynyň arasyndaky Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynda düzgünleşdirilmedik şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklarynda, eger ol maşgala gatnaşyklarynyň düýp manysyna garşy gelmeýän bolsa, Türkmenistanyň raýat kanunçylygy ulanylýar.

**6-njy madda. Türkmenistanyň maşgala we raýat kanunçylygynyň meňzeşligi boýunça maşgala gatnaşyklary babatda ulanylmagy**

1. Eger maşgala agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklar Türkmenistanyň maşgala kanunçylygy ýa-da taraplaryň ylalaşygy bilen düzgünleşdirilmedik bolsa we görkezilen gatnaşyklary göni düzgünleşdirýän raýat hukugynyň kadalary bolmadyk mahalynda, eger munuň özi olaryň düýp mazmunyna garşy gelmeýän bolsa, maşgala we (ýa-da) raýat hukugynyň meňzeş gatnaşyklaryny (kanunyň meňzeşligi) düzgünleşdirýän kadalary ulanylýar.

2. Şeýle kadalar bolmadyk mahalynda maşgala agzalarynyň hukuklary we borçlary maşgala ýa-da raýat hukugynyň (hukugyň meňzeşligi) umumy başlangyçlaryndan we ýörelgelerinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

## 2-nji bap. Maşgala hukuklarynyň amala aşyrylmagy we olaryň goralmagy

**7-nji madda. Türkmenistanda maşgala gatnaşyklarynyň hukuktaýdan düzgünleşdirilmegi**

1. Türkmenistanda maşgala gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi döwlet tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanda diňe RÝNÝ edarasy tarapyndan bellige alnan nika ykrar edilýär.

3. Dini däp-dessur boýunça nikalaşmagyň hem beýleki dini däp-dessurlar ýaly hukuk taýdan ähmiýeti ýokdur. Bu kada nikanyň Türkmenistanda RÝNÝ edaralary döredilmezinden öň dini däp-dessurlara we olaryň tassyklamagynda alnan dogluş,

nikanyň baglaşylandygy we bozulandygy, şeýle hem ölüm hakyndaky resminamalara degişli däldir.

4. Türkmenistanda köp aýallylyga ýol berilmeýär. Köp aýallylyk diýlip, iki ýa-da birnäçe aýal bilen bir wagtda bile ýaşap, umumy hojalygyň bilelikde ýöredilmegine düşünilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2, 46-njy madda)*

**8-nji madda. Maşgala hukuklarynyň amala aşyrylmagy we maşgala borçlarynyň ýerine ýetirilmegi**

1. Eger şu Kodeksde başgaça bellenilmedik bolsa, raýatlar maşgala gatnaşyklaryndan (maşgala hukuklaryndan), şol sanda bu hukuklaryň goralmagyndan gelip çykýan özlerine degişli hukuklara öz garamagyna görä ygtyýarlyk edýärler.

2. Maşgala agzasynyň öz hukuklaryny amala aşyrmagy we onuň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi maşgalanyň beýleki agzalarynyň we başga raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini bozmaly däldir.

**9-njy madda. Maşgala hukuklarynyň goralmagy**

1. Maşgala hukuklary kanun bilen goralýar, bu hukuklaryň wezipesine gapma-garşy amala aşyrylan halatlary muňa degişli däldir.

2. Maşgala hukuklarynyň goralmagy Türkmenistanyň raýat kazyýet önümçiligine laýyklykda kazyýet tarapyndan, Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa - döwlet häkimiýet edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, şol sanda hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

*(2018-nji ýylyň 1-njidekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №3-4, 109-njy madda)*

## 3-nji bap. Hak isleginiň wagt möhleti we möhletleriň hasaplanylmagy

**10-njy madda. Hak isleginiň wagt möhleti**

Bozulan hukuklaryň goralmagy üçin möhletiň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlardan başga ýagdaýlarda maşgala gatnaşyklaryndan gelip çykýan talaplara hak isleginiň wagt möhleti degişli däldir. Şu halatlarda hak isleginiň wagt möhleti kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda ulanylýar.

**11-nji madda. Hak isleginiň wagt möhletiniň geçip başlamagy**

1. Hak isleginiň wagt möhletiniň geçip başlamagy talabyň ýüze çykan pursatyndan başlanýar.

2. Eger talaba laýyklykda haýsydyr bir hereketlerden saklanmak zerurlygy ýüze çykýan bolsa, onda hak isleginiň wagt möhletiniň geçip başlamagy görkezilen hereketiň amala aşyrylan pursatyndan başlaýar.

**12-nji madda. Hak isleginiň wagt möhletini ulanmagyň tertibi**

Hak isleginiň wagt möhletini belleýän kadalar ulanylanda kazyýet Türkmenistanyň raýat kanunçylygyndan ugur alýar.

**13-nji madda. Möhletleriň hasaplanylmagy**

Şu Kodeksde bellenilen möhletleriň hasaplanylmagy Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

## II BÖLÜM. NIKA BAGLAŞMAGYŇ WE BOZMAGYŇ ŞERTLERI WE TERTIBI.

## NIKABAGLAŞMAGYŇ WE BOZMAGYŇ DÖWLET TARAPYNDAN BELLIGE ALYNMAGY.

## NIKANYŇ BES EDILMEGI.

## NIKANYŇ HAKYKYDÄLDIGI

### 4-nji bap. Nika baglaşmagyň şertleri we tertibi. Nika baglaşmagyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

**14-nji madda. Erkegiň we aýalyň nika baglaşmagabolan hukugy**

1. Nika ýaşyna ýeten erkegiň we aýalyň milletine ýa-da dine bolan garaýşyna garamazdan nika baglaşmaga we maşgala gurmaga deň hukugy bardyr. Är-aýal maşgala gatnaşyklarynda deň hukuklydyr.

2. Erkek we aýal nika baglaşylýan wagtynda, nikada durýan wagtynda we onuň bozulýan wagtynda deň hukuklardan peýdalanýarlar.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**15-nji madda. Nikanyň baglaşylmagy**

1. Nikanyň baglaşylmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

2. Nika ýaşy on sekiz ýaş diýlip bellenilýär.

3. Aýratyn halatlarda esasly sebäpler bolan mahalynda hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan nika baglaşmak isleýän adamlaryň haýyşy boýunça nika ýaşy bir ýyldan köp bolmadyk wagta peseldilip bilner.

Şu ýagdaýda, şeýle adam nika baglaşylan gününden başlap doly möçberde kämillik ukybyna eýe bolýar. Şunda onuň kämillik ukyby nika bozulan halatynda hem doly möçberde saklanyp galýar.

**16-njy madda. Nika baglaşmagyň şertleri**

1. Nika, nika ýaşyna ýetenlerinde nika baglaşmak isleýän adamlaryň diňe erkin we özara razylygy boýunça baglaşylyp bilner.

2. Nika şu Kodeksiň 20-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlar bolan mahalynda baglaşylyp bilinmez.

**17-nji madda. Nika baglaşmagyň tertibi**

1. Nika ýaşyna ýeten we nika baglaşmak isleýän adamlar olaryň biriniň ýaşaýan ýerindäki ýa-da olaryň ata-eneleriniň ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edaralaryna arza bermäge haklydyrlar.

2. Arzada olar özleriniň umumy familiýasy hökmünde är-aýalyň haýsysynyň familiýasyny saýlamak isleýändiklerini ýa-da her biriniň nika baglaşmagyndan öňki familiýasyny saklamak isleýändigini, olaryň her biriniň ozal nikada durandygyny we şol nikadan çagalarynyň bolandygyny, bilelikdäki çagalarynyň bardygyny görkezmelidirler. Arzanyň ýanyna pasport (ýa-da onuň ornuny tutýan resminama) goşulýar.

3. Nika baglaşmak isleýan adamlar nika baglaşylmagyny döwlet tarapyndan bellige almaga ygtyýarly adamlar tarapyndan şu Kodeksiň 20-nji maddasynda görkezilen nika baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar, şeýle hem 32-nji maddasynda görkezilen nikany hakyky däl diýip ykrar etmegiň esaslary barada arzada gol çekdirilip tanyşdyrylmalydyr.

4. Nikanyň baglaşylmagy nika baglaşmak isleýän adamlaryň gatnaşmagynda, olaryň RÝNÝ edaralaryna arza beren gününden başlap bir aý geçenden soň geçirilýär.

5. Esasly sebäpler (göwrelilik, çaganyň dogulmagy, umumy çagalarynyň bolmagy, iş ýa-da okuw bilen baglanyşykly başga ýere gidilmegi, çagyryş boýunça harby gulluga çagyrylmagy, nikanyň baglaşylmagynyň toý gününde resmileşdirilmeginiň islenilmegi we beýleki ýagdaýlar) bolan mahalynda, nika baglaşýanlaryň islegine görä, nika baglaşylmagynyň bellige alynýan ýerindäki RÝNÝ edaralary şu maddanyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan möhletiň geçmezinden öň hem (nika baglaşmak isleýän adamlaryň saýlan gününde), şol sanda arzanyň berlen gününde nikanyň baglaşylmagyny döwlet tarapyndan bellige almaga borçludyr.

6. Şu maddanyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda, nika baglaşmak isleýän adamlaryň haýyşy boýunça, RÝNÝ edaralary nikanyň baglaşylmagyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin bellenilen möhleti uzaltmaga borçludyrlar, ýöne ol nikanyň baglaşylmagyny bellige almak üçin bellenilen günden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir. Şunda nika baglaşmak üçin gaýtadan arza bermek we döwlet pajyny tölemek talap edilmeýär. Nika baglaşylmagyny bellige almak üçin bellenilen günden başlap alty aý geçenden soň nika baglaşmak barada ýüz tutulan ýagdaýynda, nika baglaşmak isleýän adamlar RÝNÝ edaralaryna täze arza bermäge borçludyrlar, şunda gaýtadan döwlet pajyny tölemek talap edilmeýär.

7. Nika baglaşmak isleýän adamlaryň haýyşy boýunça esasly sebäpler bolan mahalynda nika baglaşylmagyny bellige almak RÝNÝ edaralarynyň bolýan ýerinden başga ýerde geçirilip bilner.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**18-nji madda. RÝNÝ edaralarynyň nika baglaşmakisleýän adamlary olaryň hukuklary we borçlary,şeýlehem nika baglaşylmagyny bellige almagyň şertleri we tertibi bilen tanyşdyrmak borjy**

Nika baglaşmak isleýän adamlardan arzalary kabul eden RÝNÝ edaralary olary nika baglaşylmagyny bellige almagyň şertleri we tertibi bilen tanyşdyrmaga, bu adamlaryň özleriniň saglyk ýagdaýy we maşgala ýagdaýy hakynda habarlydyklaryna göz ýetirmäge, şeýle hem olara geljekki är-aýal we ata-ene hökmündäki hukuklaryny we boçrlaryny düşündirmäge hem-de nika baglaşmaga ýol bermeýän ýagdaýlaryň gizlenilendigi üçin jogapkärçilik barada duýdurmaga borçludyrlar.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**19-njy madda. Nika baglaşmagyň bellige alynýan gününiň bellenilmegi. Nika baglaşylmagynyňbellige alynmagy**

1. Nika baglaşylmagynyň bellige alynýan güni şu Kodeksiň 17-nji maddasynda bellenilen tertibe laýyklykda nika baglaşmak isleýän adamlar bilen ylalaşmak boýunça bellenilýär.

2. Nika baglaşylmagynyň bellige alynmagy üçin bellenilen günde RÝNÝ edarasy dabaraly ýagdaýda nika baglaşylmagyny bellige alýar. RÝNÝ edarasy nika baglaşýan adamlaryň razylygy bilen, nikanyň dabaraly ýagdaýda baglaşylmagyny üpjün edýär.

3. Nika baglaşylmagyny bellige almak nika baglaşmak isleýän adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýär.

4. Nika baglaşylmagyny bellige almak nika baglaşmak isleýän adamlaryň biriniň ýaşaýan ýerindäki ýa-da olaryň ata-eneleriniň ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edaralary tarapyndan raýat

ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin bellenilen tertipde geçirilýär.

5. Nika baglaşylmagy bellige alnandan soň är-aýala nika baglaşylandygy hakynda şahadatnama berilýär.

6. Nika baglaşylmagynyň bellige alnandygy hakynda nika baglaşan adamlaryň pasportynyň (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamanyň) bellikler üçin niýetlenilen sahypasynda äriniň (aýalynyň) familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we doglan ýylyny, nika baglaşylmagynyň bellige alnan ýerini we wagtyny, nika baglaşylmagy bellige alnandan soň äriniň (aýalynyň) alan familiýasyny görkezmek bilen bellik edilýär (ýazgy geçirilýär).

*(2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2015 ý., № 4, 129-njy madda)*

**20-nji madda. Nika baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar**

Şu aşakdakylaryň arasynda nika baglaşylmagyna ýol berilmeýär:

1) arza beriljek mahalynda olaryň iň bolmanda biri eýýäm başga bir bellige alnan nikada durýan adamlaryň arasynda;

2) göni ata-babalaryna barýan ýa-da ata-babalaryndan gaýdýan ugurlar boýunça garyndaşlaryň, süýtdeş ýa-da doly süýtdeş däl doganlaryň, şeýle hem perzentlige alanlar bilen perzentlige alnanlaryň arasynda;

3) psihiki bozulmagyň (ruhy keseliň ýa-da kemakyllygyň) netijesinde olaryň iň bolmanda biri kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlaryň arasynda.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**21-nji madda. Nika baglaşmak isleýän adamlaryň lukmançylyktaýdan barlanylmagy**

1. Nika baglaşmak isleýän adamlar özara razylygy boýunça mugt lukmançylyk barlagyndan geçip, şeýle hem lukmançylyk-genetiki meseleler we maşgalany meýilleşdirmegiň meseleleri boýunça döwlet saglygy goraýyş ulgamynyň edaralarynda maslahat alyp bilerler.

Görkezilen hyzmatlary etmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Nika baglaşmak isleýän adamlaryň barlagynyň netijeleri lukmançylyk syry bolup durýar we diňe olara habar berilýär.

3. Eger nika baglaşylan mahalynda bir adam özünde deri-weneriki keseliň ýa-da adamyň immunoýetmezçilik wirusy bilen döreýän keseliň (AIW ýokaşmasynyň) ýa-da Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy tarapyndan maşgala gatnaşyklary üçin howply diýlip ykrar edilen başga keseliň bardygyny beýleki adamdan gizlän bolsa, bu adam nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda talap bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

## 5-nji bap. Nikany bozmagyň tertibi. Nikanyňbozulmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy.

## Nikanyň bes edilmegi

### 22-nji madda. Nikanyňbozulmagy üçin esaslar. Nikanyň bes edilmegi

1. Nika är-aýalyň (olaryň biriniň) arzasy boýunça, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen äriniň (aýalynyň) hossarynyň arzasy boýunça bozulýar.

2. Nika şu halatlarda bes edilýär:

1) är-aýalyň biri ölende ýa-da kazyýet tarapyndan är-aýalyň biri ölen diýlip yglan edilende;

2) nikanyň bozulmagy bellige alnanda;

3) nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdi kanuny güýje girende.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

### 23-nji madda. Nikanyň bozulmagyna ýol berilmezligi

1. Nika şu ýagdaýlarda aýalyň razylygy bolmazdan bozulyp bilinmez:

1) onuň göwreliligi döwründe;

2) är-aýalyň bir ýaşyna ýetmedik çagasy bolanda.

2. Şeýle-de, eger är-aýalyň biri hossar bolsa, nika kämillik ukyby ýok adamyň hossarynyň arzasy boýunça bozulyp bilinmez.

### 24-nji madda. Nikanybozmagyň tertibi we täze nikabaglaşmaga hukuk

1. Nikanyň bozulmagy RÝNÝ edarasy tarapyndan, şu Kodeksiň 26-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa, kazyýet tarapyndan geçirilýär.

2. Nikasyny bozan adamlar, diňe RÝNÝ edaralarynda nika bozulandygy hakynda şahadatnamany alanlaryndan soň, täze nika baglaşmaga haklydyrlar.

**25-nji madda. Nikanyň RÝNÝ edarasy tarapyndan bozulmagy.Nikanyň bozulmagynyň döwlettarapyndanbellige alynmagy we onuň resmileşdirilmegi**

1. Är-aýalyň özara razylygy boýunça nikanyň bozulmagy, olaryň kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten umumy çagalary bolmadyk we är-aýalyň bilelikde edinen emlägini (mundan beýläk - bilelikdäki emläk) bölmek hakynda, zähmete ukypsyz mätäç bolan ärini (aýalyny) ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemek hakynda jedel bolmadyk mahalynda, är-aýalyň bilelikdäki arzasynyň esasynda RÝNÝ edarasy tarapyndan arza berlen gününden iki aý geçenden soň geçirilýär.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan bilelikdäki arzany bermek üçin är-aýalyň biriniň RÝNÝ edarasyna gelmäge mümkinçiligi bolmasa, äriniň (aýalynyň) nikany bozmak hakynda erk-islegi aýratyn arza bilen resmileşdirilip bilner. Şu halatda RÝNÝ edarasyna gelmäge mümkinçiligi bolmadyk äriniň (aýalynyň) arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

Eger bilelikdäki arzany bermäge mümkinçiligi bolmadyk äri (aýaly) nikany bozmak we nikanyň bozulmagyny bellige almak üçin bellenilen möhletde RÝNÝ edarasyna gelip bilmeýän halatynda, ol bu barada, özi bolmazdan nikanyň bozulmagyna garşy däldigi we nikanyň bozulandygy hakynda şahadatnamany almagy başga adama ynanýandygy barada arzany iberip biler. Şu halatda bellenilen möhletde RÝNÝ edarasyna gelmäge mümkinçiligi bolmadyk äriniň (aýalynyň) arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

3. Är-aýalyň biriniň, nikanyň är-aýalyň özara razylygy boýunça bozulmagy we onuň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin bellenilen möhletde gelmedik we ondan nikasynyň bozulmagyna razy däldigi barada arza gelip gowuşmadyk halatynda, nikanyň bozulmagy we nikanyň bozulmagynyň bellige alynmagy är-aýalyň biriniň gatnaşmagynda hem geçirilip bilner.

Eger nikanyň bozulmagy är-aýalyň özara razylygy boýunça we nikanyň bozulmagynyň bellige alynmagy är-aýalyň biriniň gatnaşmagynda geçirilen bolsa, nika bozulanda we nikanyň bozulmagy bellige alnanda gatnaşmadyk äri (aýaly) nikanyň bozulandygy hakynda şahadatnamany alyp biler. Eger äriniň (aýalynyň) hut özüniň gelmäge mümkinçiligi bolmasa, onda äri (aýaly) nikanyň bozulandygy hakynda şahadatnamany bermek barada arzasyny iberip biler. Şu halatda RÝNÝ edarasyna gelmäge mümkinçiligi bolmadyk äriniň (aýalynyň) arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

4. Är-aýalyň biriniň arzasy boýunça nikanyň bozulmagy, är-aýalyň kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz umumy çagalarynyň bolmagyna garamazdan, RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär, eger är-aýalyň beýlekisi:

1) kazyýet tarapyndan nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen bolsa;

2) kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa;

3) jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen bolsa.

Nika şu bölekde göz öňünde tutulan esaslar boýunça bozulan halatynda är-aýalyň beýlekisi nam-nyşansyz giden ýa-da kämillik ukyby ýok diýlip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdiniň nusgasy ýa-da är-aýalyň beýlekisine azyndan üç ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilendigi barada kazyýetiň höküminiň göçürilen nusgasy arza goşulýar.

5. Är-aýalyň biriniň arzasy boýunça nikanyň bozulmagy we nikanyň bozulmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, eger är-aýalyň beýlekisi jenaýat edendigi üçin azyndan üç ýyl möhlete azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen bolsa, nikany bozmak hakynda arza berlen günden iki aý geçenden soň, eger kazyýet tarapyndan nam-nyşansyz giden ýa-da kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa, bir aý geçenden soň arza beren äriniň (aýalynyň) gatnaşmagynda geçirilýär.

6. Nikany bozmak hakynda arzany kabul eden RÝNÝ edarasy üç iş gününiň dowamynda jeza çekýän ärine (aýalyna) ýa-da kämillik ukyby ýok äriniň (aýalynyň) hossaryna ýa-da nam-nyşansyz giden äriniň (aýalynyň) emlägini dolandyrýana, olar bolmadyk halatynda bolsa hossarlyk we howandarlyk edarasyna gelip gowşan arza, nikany bozmak we nikanyň bozulmagyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin bellenilen sene hakynda habar berýär.

7. Nikany bozmak we nikanyň bozulmagyny döwlet tarapyndan bellige almak är-aýalyň (olardan biriniň) ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

8. Nikanyň bozulmagy we nikanyň bozulandygy hakynda şahadatnamanyň berilmegi bilen nikanyň bozulmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, arza RÝNÝ edarasyna berlen gününden başlap, iki aý geçenden soň geçirilýär.

Esasly sebäpler bolan mahalynda, şeýle hem şu maddanyň üçinji böleginde göz öňünde tutulan halatynda möhlet üç aýa çenli uzaldylýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4,118-nji madda; 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**26-njy madda. Nikanyňkazyýet tarapyndan bozulmagy.Nikanyň bozulmagynyňbellige alynmagy**

1. Nikany bozmak hakynda işe kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygynda bellenilen hak islegi önümçiligi tertibinde garalýar.

2. Nikanyň kazyýet tarapyndan bozulmagy şu ýagdaýlar bolan mahalynda geçirilýär:

1) är-aýalyň kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten umumy çagalary bolan halatynda, şeýle hem nikanyň bozulmagyna är-aýalyň biriniň razylygy bolmasa, şu Kodeksiň 23-nji maddasynyň birinji böleginde we 25-nji maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir;

2) bilelikdäki emläk hakynda jedel bolanda;

3) kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamyň nikasynyň bozulmagy hakynda onuň hossarynyň arzasy bar bolsa, şu Kodeksiň 23-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir;

4) jenaýat edenligi üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesileniň özüniň nikasynyň bozulmagy hakynda arzasy bar bolsa.

3. Nikanyň kazyýet tarapyndan bozulmagy haçanda är-aýalyň biriniň garşylygynyň ýoklugyna garamazdan, RÝNÝ edarasy tarapyndan nikanyň bozulmagyndan ýüz dönderilen halatynda hem (är-aýalyň özara razylygy boýunça bilelikdäki nika bozmak barada arzany bermek üçin gelmek islemeýän bolsa we ş.m.) geçirilýär.

4. Nika şu halatlarda bozulýar:

1) eger kazyýet tarapyndan mundan beýläk är-aýalyň bile ýaşamagynyň we maşgalanyň saklanyp galmagynyň mümkin däldigi anyklanylsa;

2) eger är-aýaly ýaraşdyrmak üçin çäreler netije bermese we är-aýal (olaryň biri) nikanyň bozulmagyny talap etse;

3) är-aýalyň biriniň bolmadyk mahalynda (gelmese, ýaşaýan ýeri belli bolmasa we ş. m.).

5. Kazyýetiň çözgüdi esasynda nikanyň bozulmagynyň, nikanyň bozulandygy hakynda şahadatnamanyň berilmegi bilen döwlet tarapyndan bellige alynmagy är-aýalyň (olardan biriniň) arzasy boýunça ýa-da kämillik ukyby ýok äriniň (aýalynyň) hossarynyň arzasy boýunça är-aýalyň (olardan biriniň) ýaşaýan ýerindäki ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň çykarylan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

6. Är-aýal (olaryň biri) ýa-da kämillik ukyby ýok äriniň (aýalynyň) hossary beýleki adamlary nikanyň bozulmagyny döwlet tarapyndan bellige aldyrmak hakynda arzany bermäge ýazmaça görnüşde ygtyýarly edip biler. Şu halatda äriniň (aýalynyň) ýa-da kämillik ukyby ýok äriniň (aýalynyň) hossarynyň golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

7. Nikanyň bozulmagynyň bellige alnandygy hakynda nikasy bozulan adamlaryň pasportynyň (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamanyň) bellikler üçin niýetlenilen sahypasynda nikanyň bozulmagynyň bellige alnan ýerini we wagtyny hem-de nikanyň bozulmagy bellige alnandan soň äriniň (aýalynyň) alan familiýasyny görkezmek bilen bellik edilýär (ýazgy geçirilýär).

*(2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2015 ý., № 4, 129-njy madda; 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**27-nji madda. Nikanyňbozulmagy hakynda işe garalanda kazyýetiň borçlary**

1. Nikanyň bozulmagy hakynda işe garalanda kazyýet şu aşakdakylara borçludyr:

1) är-aýaly ýaraşdyrmak we maşgalany saklamak üçin çäreler görmäge, zerur halatlarda är-aýaly ýaraşdyrmak üçin alty aýa çenli möhlet belläp, işe garamagyny gaýra goýmaga;

2) kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň är-aýalyň haýsysy bilen ýaşajakdygyny, kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalary ýa-da zähmete ukypsyz äri (aýaly) ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemegiň tertibini we möçberini, emläk hakynda jedeliň bardygyny är-aýaldan anyklamaga. Şunda kazyýet çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almalydyr;

3) är-aýalyň (olardan biriniň) haýyşy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň nika bozulandan soň ata-enesiniň haýsysy bilen ýaşajakdygyny, ata-enesiniň haýsysyndan we näçe möçberde alimentiň tutup alynmagyny anyklamaga, emlägi bölmegi geçirmäge;

4) eklenip-saklanylmaga hukugy bolan äriniň (aýalynyň) haýyşy boýunça bu eklenip-saklanylmak üçin serişdäniň möçberini kesgitlemäge.

2. Är-aýalyň ikisiniň nikanyň bozulmagyna razylygy bolanda we olaryň arasynda jedel bolmadyk halatynda nikany bozmak üçin üç aýa çenli möhlet bellenilýär.

3. Eger emlägiň bölünmegi üçünji taraplaryň bähbitlerine galtaşýan bolsa, onda kazyýet emlägi bölmek hakynda talaby aýratyn önümçilige almaga borçludyr.

**28-nji madda. Nika bozulanda onuň bes edilýän wagty**

Nika, şu Kodeksiň 34-nji maddasynda görkezilenden başga ýagdaýda, onuň bozulmagy RÝNÝ edaralarynda döwlet tarapyndan bellige alnan gününden bes edilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4,118-nji madda)*

**29-njy madda. Kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglanedilen ýa- da nam-nyşansyz giden diýlipykrar edilen äri (aýaly) gelen halatyndanikanyň dikeldilmegi**

1. Kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglan edilen äri (aýaly) gelen halatynda we ony ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çykaran çözgüdi ýatyrylan mahalynda, eger aýaly (äri) täze nika baglaşmadyk bolsa, nika dikeldilen diýlip hasap edilýär.

2. Kazyýet tarapyndan nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen äri (aýaly) gelen halatynda we ony nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çykaran çözgüdi ýatyrylan hem-de onuň bilen baglaşylan nika RÝNÝ edarasy tarapyndan bozulan mahalynda, eger aýaly (äri) täze nika baglaşmadyk bolsa, nika är-aýalyň bilelikdäki arzasy boýunça RÝNÝ edarasy tarapyndan dikeldilip bilner. Bu ýagdaýda nikanyň bozulmagy hakynda nama ýazgysy ýatyrylýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4,118-nji madda)*

**30-njy madda. Nika bozulanda äriniň (aýalynyň) familiýasyny saýlamagabolan hukugy**

Nika bozulanda äriniň (aýalynyň) özüniň nika baglaşmagyndan öňki familiýasyny saýlamaga ýa-da nika baglaşylanda saýlan familiýasyny saklamaga haklydyr. Nika baglaşmagyndan öňki familiýasyny saýlan halatynda, ol bu hakda nikanyň bozulmagy bellige alnanda hökman mälim etmelidir, bu barada degişli ýazgy edilýär.

**31-nji madda. Nikanyň bozulmagynyňbellige alnandygy hakyndahabar bermek**

Nikanyň bozulmagyny döwlet tarapyndan bellige almagy geçiren RÝNÝ edarasy bu hakda nikanyň baglaşylmagyny döwlet tarapyndan bellige almagy geçiren RÝNÝ edarasyna habar bermäge borçludyr.

## 6 -njy bap. Nikanyň hakyky däldigi

**32-nji madda. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmegiň esaslary**

1. Nika şu halatlarda hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner:

1) nika baglaşmak üçin şu Kodeksiň 15-nji, 16-njy we 20-nji maddalarynda bellenilen şertleriň bozulmagy;

2) nika mejbur etmek ýa-da aldaw boýunça baglaşylanda, şeýle hem galp nikada;

3) şu Kodeksiň 21-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň bolmagy.

2. Eger nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda işe garalan pursatyna çenli nikanyň baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar aradan aýrylan bolsa, ol bu ýagdaýlaryň aradan aýrylan pursatyndan başlap hakyky diýlip ykrar edilip bilner.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**33-nji madda. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmegiň tertibi**

1. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmek kazyýet tertibinde geçirilýär.

2. Är-aýal (olardan biri) ýa-da şu nikany baglaşmak bilen hukuklary bozulan adamlar, şeýle hem hossarlyk we howandarlyk edaralary ýa-da prokuror nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini talap etmäge haklydyrlar.

3. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çykaran çözgüdi kanuny güýje giren gününden başlap, kazyýet üç iş gününiň dowamynda bu çözgüdiň göçürmesini nikanyň baglaşylmagynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki RÝNÝ edarasyna ibermäge borçludyr.

Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi onuň baglaşylan gününden hasap edilýär.

**34-nji madda. Nikanyň hakyky däldigininiň prezumpsiýasy**

Eger är-aýal nika baglaşanlarynda özleriniň nikasynyň baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar barada bilmedik bolsalar, ol kazyýetde şeýle ýagdaýlaryň anyklanan pursatyndan başlap bes edilýär, ýöne ony baglaşan adamlar bu nikanyň bes edilmegine çenli maşgala hukuklaryny we borçlaryny hakyky nikadaky ýaly amala aşyrýarlar.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**35-nji madda. Nika ýaşyna ýetmedik adam bilen baglaşylan nikany hakyky däl diýip ykrar etmek**

1. Nika ýaşyna ýetmedik adam bilen baglaşylan nika, eger muny nika ýaşyna ýetmedik nika baglaşan äriniň (aýalynyň) bähbitleri talap edýän bolsa, kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

2. Şu esas boýunça nikany hakyky däl diýip ykrar etmek barada talap etmäge nika ýaşyna ýetmedik äriniň (aýalynyň), onuň ata-enesiniň ýa-da howandarynyň, prokuroryň, şeýle hem hossarlyk we howandarlyk edarasynyň hukugy bardyr.

3. Eger är (aýal) işe garalýan pursatynda nika ýaşyna ýeten bolsa, onda nika diňe onuň talap etmegi boýunça hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**36-njy madda. Mejbury ýa-da aldaw boýunça baglaşylannikany hakyky däl diýip ykrar etmek**

1. Eger nika mejbury ýa-da aldaw boýunça baglaşylan bolsa, onda ol äriniň (aýalynyň) ýa-da prokuroryň talaby boýunça kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

2. Mejbury ýa-da aldaw boýunça nika baglaşylmagynyň fakty kazyýet tarapyndan anyklanylmalydyr.

**37-nji madda. Galp nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

1. Galp nika kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

2. Eger nika baglaşan adamlar kazyýet tarapyndan işe garalmagyna çenli maşgalany hakykatda döreden bolsalar, nika galp diýlip ykrar edilip bilinmez.

3. Prokuror galp nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi hakynda hak islegini bildirmäge haklydyr.

**38-nji madda. Nikanyň baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlaryň ýüze çykmagy sebäpli nikanyňhakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

1. Şu Kodeksiň 20-nji maddasynda göz öňünde tutulan şertleriň bozulmagy bilen bellige alnan nika kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

2. Eger kazyýetde nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky işe garalýan pursatyna çenli nikanyň baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar aradan aýrylan bolsa, onda bu ýagdaýlaryň aradan aýrylan pursatyndan başlap kazyýet nikany hakyky diýip ykrar edip biler.

3. Bu ýagdaýlar boýunça nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda hak islegini bildirmäge är-aýal we hukuklary bozulan adamlar, hossarlyk we howandarlyk edaralary, şeýle hem prokuror haklydyrlar.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2, 46-njy madda)*

**39-njy madda. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmegiň netijeleri**

1. Hakyky däl diýlip ykrar edilen nika är-aýalyň şu Kodeksde bellenilen hukuklaryny we borçlaryny döretmeýär, şu maddanyň dördünji we bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Nika hakyky däl diýlip ykrar edilende nikanyň baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar hakynda bilmedik we bilmegi mümkin bolmadyk ynsaply äriň (aýalyň) şu Kodeksiň 60-njy, 61-nji maddalaryna laýyklykda är-aýalyň beýlekisi tarapyndan eklenilip-saklanylmaga, nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine çenli bilelikdäki emläk bölünende bolsa - şu Kodeksiň 56-58-nji maddalaryna laýyklykda özüne berilmäge degişli paýa hukugy bardyr.

3. Nikasy hakyky däl diýlip ykrar edilen adamlaryň emläk gatnaşyklary Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär.

4. Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi, şeýle nikanyň netijesinde doglan çagalaryň hukuklaryna täsir etmeýär.

5. Ynsaply äri (aýaly) nika hakyky däl diýlip ykrar edilende nikanyň baglaşylmagy döwlet tarapyndan bellige alnanda özüniň saýlan familiýasyny saklap galmaga haklydyr.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**40-njy madda. Ynsaply ärine (aýalyna) ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy**

Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň netijesinde emläk zyýany (zeleli) ýetirilen ynsaply äri (aýaly) onuň öweziniň dolunmagyny kazyýet tertibinde talap etmäge haklydyr.

**41-nji madda. Är-aýal ölenden soň nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine ýol berilmezligi**

Är-aýalyň ikisi ölenden soň nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi talap edilip bilinmez.

**42-nji madda. Baglaşylan nika hakyky däl bolan mahalynda täze nikanyň baglaşylmagy**

Nikasy hakyky däl diýlip ykrar edilen adamlar, baglaşylan nikasynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine getiren esaslar aýrylanda, umumy tertipde täzeden nika baglaşyp bilerler.

## 7-nji bap. Nika şertnamasy

*(7-nji babyň ady 2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

**43-nji madda. Nika şertnamasy**

1. Nika şertnamasy nika baglaşmak isleýän adamlar ýa-da är-aýal tarapyndan meýletin baglaşylýan, nikada we (ýa-da) ol bozulan halatynda olaryň emläk hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän ylalaşyk bolup durýar.

2. Nika şertnamasynyň birkysmy görnüşi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

**44-nji madda. Nika şertnamasyny baglaşmak**

1. Nika şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar we notarial tertibinde tassyklanylmaga degişlidir.

2. Nika şertnamasy nikany baglaşmagyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna çenli ýa-da nikada durulýan döwrüň içinde islendik wagtda baglaşylyp bilner.

Nikany baglaşmagyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna çenli baglaşylan nika şertnamasy nikanyň baglaşylmagynyň döwlet tarapyndan bellige alnan gününden başlap güýje girýär.

3. Bellenilen görnüşde baglaşylmadyk nika şertnamasy hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda; 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**45-nji madda. Nika şertnamasynyň mazmuny**

1. Är-aýal nika şertnamasynyň esasynda är-aýalyň umumy bilelikdäki eýeçiliginiň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen düzgünini üýtgetmäge, nikaly döwründe edinilen bilelikdäki emläk ýa-da onuň aýry-aýry görnüşleri, ýa-da är-aýalyň her biriniň emlägi üçin bilelikdäki paýly ýa-da aýratyn eýeçilik düzgünini bellemäge haklydyrlar.

Nika şertnamasy är-aýalyň bar bolan emlägi babatda hem, olaryň geljekde edinjek emlägi babatda hem baglaşylyp bilner.

2. Är-aýal nika şertnamasynda özara ekläp-saklamak boýunça hukuklaryny we borçlaryny; birek-biregiň girdejilerine gatnaşmagynyň usullaryny; olaryň her biriniň maşgala çykdajylaryny çekmeginiň tertibini kesgitlemäge; nika bozulan halatynda är-aýalyň her birine berilmeli emlägi kesgitlemäge, şeýle hem är-aýalyň emläk gatnaşyklaryna degişli Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän islendik beýleki teklipleri goşmaga haklydyrlar.

3. Nika şertnamasynda göz öňünde tutulan hukuklar we borçlar kesgitlenen möhletler bilen çäklendirilip bilner ýa-da aýry-aýry şertleriň gelip ýetmegine ýa-da gelip ýetmezligine bagly edilip bilner.

4. Nika şertnamasy är-aýalyň hukuk ukyplylygyny ýa-da kämillik ukybyny, öz hukuklaryny goramak üçin kazyýete ýüz tutmaga bolan hukugyny çäklendirip, är-aýalyň arasynda şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklaryny, är-aýalyň çagalar babatda şahsy hukuklarynyň we borçlarynyň düzgünleşdirilmegine bolan hukugyny çäklendirýän, zähmete ukypsyz mätäç bolan äriň (aýalyň) ekläp-saklanylmaga bolan hukugyny çäklendirýän düzgünleri göz öňünde tutup we är-aýalyň birini has amatsyz ýagdaýda goýýan ýa-da Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň umumy başlangyçlaryna we düýp manysyna garşy gelýän beýleki şertleri özünde saklap bilmez.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

### 46-njy madda. Nika şertnamasynyň üýtgedilmegi we ýatyrylmagy

1. Nika şertnamasy är-aýalyň ylalaşmagy boýunça islendik wagt üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner. Nika şertnamasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakynda ylalaşyk edil nika şertnamasy ýaly görnüşde we tertipde amala aşyrylýar.

Nika şertnamasyny ýerine ýetirmekden ýa-da üýtgetmekden bir taraplaýyn ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär.

2. Är-aýalyň biriniň talap etmegi boýunça nika şertnamasy şu Kodeksde we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen esaslar boýunça we tertipde kazyýetiň çözgüdi esasynda üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner.

3. Nika şertnamasynyň hereketi şu Kodeksiň 28-nji maddasyna laýyklykda nikanyň bozulan pursatyndan bes edilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

### 47-nji madda. Nika şertnamasyny hakyky däl diýip ykrar etmek

1. Nika şertnamasy, geleşikleriň hakyky däldigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, kazyýet tarapyndan doly ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

2. Nika şertnamasy, är-aýalyň (olardan biriniň) hak islegi boýunça şu Kodeksiň 45-nji maddasynyň dördünji böleginiň talaplary bozulanda, eger nika şertnamasynyň şertleri ärini ýa-da aýalyny has amatsyz ýagdaýda goýsa, şeýle hem şu Kodeksiň 48-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplar bozulan halatynda kreditorlaryň hak islegi boýunça kazyýet tarapyndan doly ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

### 48-nji madda. Nika şertnamasy baglaşylanda, üýtgedilende ýa-da ýatyrylanda kreditorlaryň hukuklarynyň kepillikleri

Är-aýalyň her biri nika şertnamasyny baglaşmak, üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakynda öz kreditorlaryna habar bermäge borçludyr. Bu borçlar ýerine ýetirilmedik mahalynda bergidar äri (aýaly) öz borçnamalary boýunça nika şertnamasynyň mazmunyna garamazdan jogap berýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

## III BÖLÜM. ÄR-AÝALYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

## 8-nji bap. Är-aýalyň şahsy hukuklary we borçlary

### 49-njy madda. Är-aýalyň hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagy

Är-aýalyň hukuklary we borçlary RÝNÝ edarasynda nika baglaşylmagynyň döwlet tarapyndan bellige alnan pursatyndan ýüze çykýar.

### 50-nji madda. Är-aýalyň deň hukuklylygy

1. Är-aýalyň maşgala gatnaşyklarynda deň şahsy emläk däl we emläk hukuklary we borçlary bardyr.

2. Eneligiň, atalygyň, çagalary terbiýelemegiň, olaryň biliminiň meseleleri we maşgala durmuşynyň beýleki meseleleri är-aýalyň hukuklarynyň we borçlarynyň deňlik ýörelgesinden ugur alnyp är-aýal tarapyndan bilelikde çözülýär.

3. Är-aýal maşgalada öz gatnaşyklaryny özara hormat goýmak we özara kömek bermek esasynda gurmaga, maşgalanyň abadançylygyna we pugtalandyrylmagyna ýardam etmäge, öz çagalarynyň maddy hal-ýagdaýy we ösüşi barada alada etmäge borçludyrlar.

4. Är-aýalyň her biri işi, käri we ýaşaýan ýerini saýlamakda erkindirler.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

### 51-nji madda. Nikanyň baglaşylmagy döwlet tarapyndan bellige alnanda är-aýalyň familiýa saýlamagabolan hukugy

Är-aýal nika baglaşanlarynda öz islegine görä umumy familiýa hökmünde olardan biriniň familiýasyny saýlaýarlar ýa-da är-aýalyň her biri nika baglaşylmagyndan öňki öz familiýasyny saklap galýar.

## 9-njy bap. Är-aýalyň emläk hukuklary we borçlary

### 52-nji madda. Är-aýalyň bilelikdäki umumy eýeçiligi

1. Är-aýal tarapyndan nikaly döwründe edinilen emlägi (pul we gymmatly kagyzlary hem goşmak bilen, gozgalmaýan we gozgalýan zatlary) är-aýalyň haýsysyna satyn alnandygyna ýa-da pul serişdeleriniň är-aýalyň haýsysyna ýa-da haýsysy tarapyndan harç edilendigine garamazdan, olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup durýar.

2. Är-aýalyň bilelikdäki emlägine, şeýle-de şu Kodeksiň 1-nji maddasynyň birinji böleginiň 28-nji bendinde görkezilen olaryň her biriniň girdejileri, alan pensiýalary, döwlet kömek pullary, şeýle hem ýörite niýetlenen maksady bolmadyk gaýry pul möçberleri (maddy kömek pul möçberleri, zähmete ukyplylygyny ýitirmegi bilen baglanyşykly ýa-da saglygyna başga şikes ýetirilmegi netijesinde zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna tölenen pul möçberleri we başgalar) degişlidir.

**53-nji madda. Bilelikdäki emläge eýelik etmek, peýdalanmak we erk etmek**

1. Är-aýalyň bilelikdäki emläge eýelik etmäge, peýdalanmaga we erk etmäge deň hukuklary bardyr.

2. Haçan-da olaryň biri öý hojalygyny ýöretmek, çagalara seretmek bilen meşgullanan halatynda ýa-da başga esasly sebäpler boýunça özbaşdak girdejisi bolmadyk mahalynda hem bilelikdäki emläge är-aýalyň deň hukuklary bardyr.

3. Är-aýalyň biri tarapyndan är-aýalyň umumy gozgalýan emlägine ygtyýarlyk etmek boýunça geleşikler amala aşyrylanda, ol är-aýalyň beýlekisiniň razylygy bilen hereket edýär diýlip hasaplanylýar.

Är-aýalyň biri tarapyndan är-aýalyň umumy gozgalýan emlägine ygtyýarlyk etmek boýunça amala aşyrylan geleşik, är-aýalyň beýlekisiniň razylygy bolmandygy sebäpli, diňe razylygy alynmadyk äriniň (aýalynyň) talap etmegi boýunça we diňe geleşigiň beýleki tarapy bu geleşigi amala aşyrmaga är-aýalyň beýlekisiniň razylygynyň ýokdugyny bilen ýa-da görnetin bilmeli bolandygy subut edilen halatlarynda kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

4. Är-aýalyň biri tarapyndan gozgalmaýan emläge ygtyýarlyk etmek boýunça geleşikleri we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde notarial tertibinde tassyklanylmagyny we (ýa-da) bellige alynmagyny talap edýän geleşikleri amala aşyrmak üçin är-aýalyň beýlekisiniň razylygynyň alynmagy zerurdyr.

Razylygyny bermäge mümkinçiligi bolmadyk äriniň (aýalynyň) arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

Görkezilen geleşigi amala aşyrmak üçin razylygy alynmadyk äri (aýaly) şeýle geleşigiň amala aşyrylandygy hakynda özüniň bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap bir ýylyň içinde kazyýet tarapyndan geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini talap etmäge haklydyr.

5. Aýry-aýry halatlarda kazyýet, eger är-aýalyň beýlekisi peýdaly zähmetden ýüz dönderen bolsa ýa-da bilelikdäki emlägi maşgalanyň bähbitlerine zyýan (zelel) ýetirip harçlan bolsa, kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň kanuny bähbitlerini ýa-da är-aýalyň biriniň bähbitlerini nazara alyp, ýagny, är-aýalyň paýynyň deňliginden ugur alman, är-aýalyň biriniň paýyny artdyryp biler.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**54-nji madda. Är-aýalyň her biriniň eýeçiligi**

1. Nika baglaşylmazdan öň är-aýala degişli bolan emläk, şonuň ýaly-da olaryň nikaly döwründe sowgat görnüşinde ýa-da miras almak tertibinde alan emlägi olaryň her biriniň öz eýeçiligi bolup durýar.

2. Är-aýalyň nikaly döwründe umumy serişdeleriniň hasabyna edinen şahsy peýdalanýan zatlary (geýim, aýakgap we ş.m.), olardan peýdalanan äriniň (aýalynyň) eýeçiligi diýlip ykrar edilýär, gymmat bahaly we beýleki zynat zatlar muňa degişli däldir.

**55-nji madda. Är-aýalyň her biriniň emlägini olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi diýip ykrar etmek**

Eger kazyýet, är-aýalyň nikaly döwründe şol emläge aýrylmaz goýum goýup onuň gymmatyny ep-esli artdyrandygyny (düýpli abatlamak, doly gurmak, gaýtadan enjamlaşdyrmak we ş. m.) anyklan bolsa, är-aýalyň her haýsynyň emlägi olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi diýlip ykrar edilip bilner.

**56-njy madda. Är-aýalyň bilelikdäki emläginiňbölünmegi**

1. Är-aýalyň bilelikdäki emläginiň bölünmegi är-aýalyň (olaryň biriniň) talap etmegi boýunça nikaly döwründe hem, ol bozulandan soň hem geçirilip bilner.

2. Är-aýalyň bilelikdäki emlägi olaryň özara ylalaşygy boýunça bölünip bilner. Är-aýalyň islegi boýunça bilelikdäki emlägini bölmek hakynda ylalaşyk notarial tertibinde tassyklanylyp bilner.

3. Jedel bolan halatynda är-aýalyň bilelikdäki emlägini bölmek, şeýle hem är-aýalyň bu emläkdäki paýlaryny kesgitlemek, kazyýet tertibinde geçirilýär.

4. Är-aýalyň talap etmegi boýunça bilelikdäki emläk bölünende kazyýet emlägiň är-aýalyň haýsysyna berilmäge degişlidigini kesgitleýär. Eger är-aýalyň birine bahasy oňa tölenilmäge degişli paýdan ýokary geçýän emläk berlen halatynda är-aýalyň beýlekisine degişli pul ýa-da başga öwez tölegi berlip bilner.

5. Kazyýet, maşgala gatnaşyklary bes edilende, nikada duran är-aýalyň aýry ýaşan döwründe olaryň her biriniň edinen emlägi olaryň her biriniň özüniň eýeçiligi diýlip ykrar edip biler.

6. Nikaly döwründe är-aýalyň bilelikdäki emlägi bölünen halatynda, onuň bölünmedik bölegi, şeýle hem mundan beýläk nikaly döwründe är-aýalyň edinen emlägi olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup durýar.

7. Nikasy bozulan är-aýalyň bilelikdäki emlägini bölmek hakynda talaplaryna hak islegiň üç ýyllyk wagt möhleti ulanylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**57-nji madda. Är-aýalyň käri üçinzerur bolan emlägiň bölünmegi**

Är-aýalyň bilelikdäki emlägi bölünende nikaly döwründe är-aýalyň umumy serişdelerine alnan, käri üçin zerur bolan zatlar (saz gurallary, lukmançylyk esbaplary, stanoklar we ş.m.) olaryň bilelikdäki emläginde oňa beriljek paýynyň hasabyna onuň käri üçin zerur bolan ärine (aýalyna) berilýär.

**58-nji madda. Bilelikdäki umumy eýeçilikbölünende kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň kanuny bähbitleriniňnazara alynmagy**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin alnan zatlar (geýim, aýakgap, mekdep we sport esbaplary, saz gurallary, çagalar kitaphanasy, şahsy şaý-sep önümleri we ş.m.) bölünmäge degişli däldir we onuň öwezi dolunmazdan çagalary bilen ýaşaýan är-aýalyň birine berilýär.

2. Olaryň kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten umumy çagalarynyň adyna bilelikdäki emlägiň hasabyna är-aýal ýa-da olaryň biri tarapyndan geçirilen goýumlar bu çagalara degişli diýlip hasap edilýär we är-aýalyň bilelikdäki emlägi bölünende nazara alynmaýar.

**59-njy madda. Är-aýalyň biriniň bergilerini ýapmagyň tertibi**

1. Är-aýalyň bergileri olaryň arasyndaky bilelikdäki emläkde olara degişli paýa laýyklykda bölünýär.

2. Är-aýalyň biriniň bergilerini ýapmak maksady bilen, serişde onuň şahsy emläginden ýa-da bilelikdäki emläkden, ol bölünen halatynda oňa düşjek paýdan tutulyp alnyp bilner.

3. Kazyýet borç boýunça alnanlaryň ählisiniň onuň öz maşgalasynyň bähbitlerine peýdalanandygyny anyklasa, şol halatda är-aýalyň biriniň bergileri sebäpli serişde olaryň bilelikdäki emläginden tutulyp alnyp bilner.

4. Emlägiň jenaýat edilmeginiň netijesinde edinilen serişdelere alnandygy diňe kazyýetiň hökümi bilen anyklanylan halatynda, är-aýalyň biri tarapyndan edilen jenaýat bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak üçin är-aýalyň bilelikdäki emläginden tutulyp alynmagyna ýol berilýär.

## 10-njy bap. Är-aýalyň (öňki är-aýalyň)biri-birini ekläp-saklamak borjy weol borjundan boşadylmagy

**60-njy madda. Är-aýalyň biri-birini ekläp-saklamak borjy**

1. Är-aýal biri-birini özara ekläp-saklamakda deň borçludyrlar.

2. Är-aýalyň biri beýlekisini ekläp-saklamakdanýüz dönderen ýa-da biri-birini ekläp-saklamak şertini göz öňünde tutýan nika şertnamasy bolmadyk halatynda, eklenip-saklanylmaga mätäç bolan zähmete ukypsyz äriniň (aýalynyň), göwrelilik döwründe bolsa we umumy çagasy üç ýaşyna ýetýänçä aýalyň, şeýle hem çagalygyndan maýyplygy bolan çaga we on sekiz ýaşyna ýetmedik maýyplygy bolan, umumy çaga seredýän öňki äriniň (aýalynyň) eklenç berilmegini kazyýet tertibinde talap etmäge haky bardyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 1-nji dekabryndakyTürkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda; 2018 ý., №2,46-njy madda, № 3-4, 109-njy madda)*

**61-nji madda. Nika bozulandan soň öňki är-aýalyň biri-birini ekläp-saklamaga bolan hukugy**

1. Nika bozulandan soň öňki är-aýalyň biri-birini ekläp-saklamaga bolan hukugy şu halatlarda ýüze çykýar, eger:

1) öňki äriniň (aýalynyň) zähmete ukypsyzlygy nikada durýan döwründe ýa-da nikanyň bozulan gününden başlap bir ýylyň dowamynda ýüze çykan bolsa;

2) är-aýal uzak wagtlap nikada duran bolsalar we nika bozulandan soň bäş ýylyň dowamynda öňki äri (aýaly) pensiýa ýaşyna ýeten bolsa;

3) nika bozulmagyndan öň göwreli bolan öňki aýaly özleriniň umumy çagasynyň doglan pursatyndan başlap üç ýaşyna çenli terbiýeleýän bolsa;

4) öňki äri (aýaly) çagalygyndan maýyplygy bolan çaga we on sekiz ýaşyna ýetmedik maýyplygy bolan umumy çagasyna seredýän bolsa.

2. Eklenç almagyň möçberi we ony bermegiň tertibi öňki är-aýalyň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilip bilner.

3. Öňki är-aýalyň arasynda nikasy bozulandan soň biri-birini ekläp-saklamak baradaky jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky we 1-nji dekabryndakyTürkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda, № 3-4, 109-njy madda)*

**62-nji madda. Öňki ärini (aýalyny) ekläp-saklamak borjundan öňki äriniň (aýalynyň) boşadylmagy**

Eger är-aýal uzak wagt bolmadyk nikada duran bolsa ýa-da öňki äri (aýaly) bilelikde ýaşan döwründe özüni ýaramaz alyp baran bolsa ýa-da onuň zähmete ukypsyzlygy spirtli içgileri hyýanatçylykly ulanmagyň, neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary bikanun ulanmagyň ýa-da onuň bilkastlaýyn jenaýat etmeginiň netijesinde ýüze çykan

bolsa, kazyýet öňki ärini (aýalyny) ekläp-saklamak borjundan boşadyp ýa-da onuň maddy we maşgala ýagdaýyny nazara alyp, bu borjuny kesgitli möhlet bilen çäklendirip biler.

**63-nji madda. Eklenç almagyň möçberini kesgitlemek**

1. Eklenç almagyň möçberi är-aýalyň (öňki är-aýalyň) ylalaşygy boýunça, ylalaşyk bolmadyk halatynda bolsa - olaryň maddy we maşgala ýagdaýyny nazara almak bilen kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Är-aýalyň (öňki är-aýalyň) biriniň maddy we maşgala ýagdaýy üýtgän halatynda olaryň her biri eklenç almagyň möçberini üýtgetmek hakynda kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmaga haklydyr.

**64-nji madda. Eklenip-saklanylmaga bolan hukugyňbes edilmegi**

1. Eger şu Kodeksiň 60-njy maddasyna laýyklykda eklenç almak üçin esas bolup durýan şertler aradan aýrylsa ýa-da eklenç alýan öňki äri (aýaly) täze nika baglaşsa, är-aýalyň biriniň beýlekisinden eklenip-saklanylmaga bolan hukugy bes edilýär.

2. Eger eklenç almak kazyýetiň karary boýunça tutulyp alnan bolsa, onda ony tölemäge borçly äri (aýaly) özüni mundan beýläk eklenç tölemekden boşatmak hakynda kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmaga haklydyr.

## IV BÖLÜM. ATA-ENELERIŇ, ÇAGALARYŇ WE BEÝLEKI GARYNDAŞLARYŇ ÖZARA GATNAŞYKLARY

### 11-nji bap. Çaganyň gelip çykyşyny anyklamak. Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak

**65-nji madda. Ata-enäniň we çaganyň özara hukuklarynyň weborçlarynyň ýüze çykmagy**

Ata-enäniň we çaganyň özara hukuklary we borçlary çaganyň gelip çykyşynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanan wagtynda ýüze çykýar.

**66-njy madda. Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndanbellige almagyň tertibi**

1. Çaganyň dogluşynyň fakty RÝNÝ edarasynda bellenilen tertipde döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir.

2. Çaganyň dogluşynyň faktyny tassyklaýan şu aşakdaky resminamalardan biriniň bolmagy çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin esas bolup durýar:

1) çaganyň dogluşy hakynda, dogluşyň bolup geçen lukmançylyk edarasy tarapyndan berlen, bellenilen görnüşdäki resminama;

2) çaga doglanda lukmançylyk edarasyndan daşarda lukmançylyk kömegini beren işgäriň işleýän ýa-da çaganyň ejesiniň çaga doglandan soň ýüz tutan lukmançylyk edarasy tarapyndan berlen, çaganyň doglandygy hakynda resminama;

3) çaga lukmançylyk edarasyndan başga ýerde doglanda (lukmançylyk kömegi berilmedik) çaga doglan wagty ýanynda bolan adamyň arzasy.

Çaganyň doglandygynyň beýleki kanuny subutnamalary çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin esas bolup biler.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen resminamalaryň biri bolan mahalynda şu aşakdakylar çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arzany RÝNÝ edarasyna berýärler:

1) çaganyň ata-enesi (olaryň biri);

2) çaganyň garyndaşlary, goňşulary, çaganyň doglan lukmançylyk edarasynyň administrasiýasy ýa-da hossarlyk we howandarlyk edaralary, ýa-da ata-enesi syrkaw bolanda ýa-da başga sebäpler boýunça arza bermäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýlarda - başga adamlar.

Çaganyň doglan gününden bir aýdan gijä galman çaganyň doglan ýerindäki ýa-da onuň ata-enesiniň (olaryň biriniň) ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edarasyna ýazmaça görnüşde arza berilýär.

Çaga öli doglan halatynda çaganyň doglan gününden üç iş günden gijä galman arza berilýär.

4. Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak, şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen adamlaryň islegine görä we arzasynyň esasynda, dabaraly ýagdaýda geçirilýär.

5. Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar bolmadyk mahalynda çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak çaganyň dogluşynyň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdiniň esasynda geçirilýär.

6. Çaganyň ejesiniň pasporty (ýa-da onuň ornuny tutýanresminamasy) bolmadyk mahalynda çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak, şu Kodeksiň 68-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen esaslar boýunça, şeýle esaslar bolmadyk mahalynda bolsa, çaganyň dogluşynyň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdi boýunça geçirilýär.

7. Çaganyň ata-enesiniň ýaşaýan ýeri boýunça ýazgysynyň ýokdugy ýa-da olaryň bolýan ýerinde bellige alynmandygy çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz döndermek üçin esas bolup bilmez. Şu halatda çaganyň dogluşyny bellige almak

çaganyň doglan ýerinde ýa-da onuň ata-enesiniň (olaryň biriniň) bolýan ýerinde geçirilýär.

8. Pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasyny) görkezmedik ejesi tarapyndan, çaganyň doglan ýa-da çaga doglandan soň ejesiniň ýüz tutan lukmançylyk edarasynda goýlup gidilen çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak, lukmançylyk edarasynyň ýa-da çaganyň bolýan edarasynyň administrasiýasynyň ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arzasy esasynda, çagany ejesiniň goýup giden gününden başlap ýedi senenama gününden gijä galman geçirilýär.

Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza şu maddanyň ikinji böleginiň 1-nji ýa-da 2-nji bendinde görkezilen resminama, şeýle hem çaganyň bolýan lukmançylyk edarasy tarapyndan berlen, çaganyň goýlup gidilendigi hakynda bellenilen görnüşdäki ykrarnama goşulýar.

Ejesi tarapyndan goýlup gidilen çaganyň familiýasy, ady we atasynyň ady hakynda maglumatlar şu bölümde görkezilen edaranyň ýa-da guramanyň hödürlemegi boýunça çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilýär. Şunda şeýle çaganyň dogluşy döwlet tarapyndan bellige alnanda onuň ata-enesi hakynda maglumatlar çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilmeýär. Çaganyň dogluşy şu tertipde döwlet tarapyndan bellige alnyp, onuň dogluş hakynda nama ýazgysynda ata-enesi hakynda maglumatlar ýok bolsa, çaganyň milleti çaga pasport berlende, onuň islegi boýunça kesgitlenilýär.

9. Ata-enesi nämälim bolan, tapylan (taşlanylan) çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak çaganyň dogluşyny bellige almak hakynda içeri işler edaralarynyň, hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň ýa-da lukmançylyk edarasynyň, durmuş taýdan hyzmat edýän edaranyň we çaga ýerleşdirilen beýleki edaranyň arzasy boýunça çaganyň tapylan gününden başlap ýedi senenama gününden gijä galman geçirilýär.

Çagany tapan adam haýal etmän bu hakda içeri işler edarasyna ýa-da çaganyň tapylan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna mälim etmäge borçludyr.

Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza bilen bir wagtda şular berilmelidir:

1) çaganyň tapylandygy hakynda, degişli içeri işler edarasy ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan berlen, çaganyň tapylan wagty, ýeri we çaganyň haýsy ýagdaýlarda tapylandygy görkezilen resminama;

2) tapylan (taşlanylan) çaganyň ýaşyny we jynsyny tassyklaýan, lukmançylyk edarasy tarapyndan berlen resminama.

Tapylan (taşlanylan) çaganyň familiýasy, ady we atasynyň ady, doglan wagty hakynda maglumatlar şu bölekde görkezilen edaranyň ýa-da guramanyň görkezmesi boýunça

şeýle çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilýär. Şunda şeýle çaganyň dogluşy döwlet tarapyndan bellige alnanda onuň ata-enesi hakynda maglumatlar çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilmeýär. Çaganyň dogluşy şu tertipde döwlet tarapyndan bellige alnyp, onuň dogluş hakynda nama ýazgysynda ata-enesi hakynda maglumatlar ýok bolsa, çaganyň milleti çaga pasport berlende, onuň islegi boýunça kesgitlenilýär.

10. Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza, şu maddanyň üçünji, sekizinji we dokuzynjy böleklerinde görkezilen möhletlerden giç berlende, RÝNÝ edaralarynyň ony kabul etmekden ýüz döndermegine ýol berilmeýär.

11. On alty ýaşyna ýeten çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak kazyýetiň çözgüdi esasynda geçirilýär.

12. Çaganyň dogluşyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin berlen, şu maddada görkezilen resminamalarda nätakyklyk, düşnüksizlik ýa-da ýalňyşlyk ýüze çykarylan mahalynda, olary beren edaralar olara degişli üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmäge borçludyrlar.

Eger çaganyň ejesi öň öz familiýasyny we (ýa-da), adyny, atasynyň adyny üýtgedip, pasportyny (onuň ornuny tutýan resminamasyny) çalyşmadyk bolsa, çaganyň dogluşynyň faktyny tassyklaýan resminamada, degişli resminamalaryň esasynda, onuň üýtgeden familiýasy we (ýa-da), ady, atasynyň ady ýazylýar.

13. Esaslar bolan mahalynda ýa-da gyzyklanýan adamlaryň arasynda jedel bolmadyk mahalynda şeýle resminamalara üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmek bu resminamalary beren edaralar tarapyndan geçirilýär.

14. Resminamany beren edaranyň oňa üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden ýüz döndermegi kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

15. Şeýle resminamalara üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmegiň meseleleri boýunça gyzyklanýan adamlaryň arasyndaky jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

16. Şu maddanyň ikinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde görkezilen çaganyň dogluşy hakynda resminamanyň, şeýle hem, şu maddanyň sekizinji böleginiň ikinji tesiminde görkezilen çaganyň goýlup gidilendigi hakynda ykrarnamanyň, şu maddanyň dokuzynjy böleginiň 2-nji bendinde görkezilen tapylan (taşlanylan) çaganyň ýaşyny we jynsyny tassyklaýan lukmançylyk edarasy tarapyndan berlen resminamanyň görnüşi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

Şu maddanyň dokuzynjy böleginiň 1-nji bendinde görkezilen çaganyň tapylandygy hakynda resminamanyň içeri işler edaralary tarapyndan berilýän görnüşi -

Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan, hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan berilýäni bolsa, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

17. Çaganyň doglan ýeri diýlip, onuň hakykatda doglan ýeri hasaplanylýar. Çaganyň dogluşy şu maddanyň sekizinji, dokuzynjy böleklerinde görkezilen ýagdaýlarda döwlet tarapyndan bellige alnanda, dogluş hakynda nama ýazgysynda doglan ýeri diýlip çaganyň dogluşynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýeri görkezilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky we 2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda; 2015 ý., № 4, 129-njy madda)*

**67-nji madda. Çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysy**

Çaganyň dogluşy döwlet tarapyndan bellige alnanda onuň familiýasy, ady we atasynyň ady, onuň ata-enesi hakynda maglumatlar şu Kodeksiň 68-70-nji, 73-nji, 82-nji maddalaryna laýyklykda çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilýär.

**68-nji madda. Çaganyň gelip çykyşyny anyklamak**

1. Çaganyň ejesinden gelip çykyşy lukmançylyk edarasynda çaganyň eneden doglandygyny tassyklaýan resminamalaryň esasynda, çaga lukmançylyk edarasyndan başga ýerde doglan halatynda bolsa - çaganyň dogluşynyň lukmançylyk resminamalarynyň, şaýatlyk görkezmeleriniň ýa-da beýleki kanuny subutnamalaryň esasynda RÝNÝ edarasy tarapyndan anyklanylýar.

2. Çaga öz aralarynda nikada durýan adamlardan doglanda, çaganyň kakasy diýip çaganyň ejesiniň äri hasaplanylýar, eger çaganyň ejesi nikada durmaýan bolsa we nikanyň bozulan, nika hakyky däl diýlip ykrar edilen pursatynda ýa-da çaganyň ejesiniň äriniň ölen pursatyndan başlap, üç ýüz günüň dowamynda çaga dogulsa, eger şu Kodeksiň şu maddasynyň üçünji bölegine ýa-da 74-nji maddasyna laýyklykda başga zat subut edilmese, onda çaganyň ejesiniň öňki äri çaganyň kakasy diýlip hasaplanylýar.

Ejesiniň äriniň çaga babatda atalygy RÝNÝ edarasy tarapyndan tassyklanylýar.

3. Eger çaganyň ejesi öz äriniň (öňki äriniň) çaganyň kakasy däldigini ýazmaça görnüşde mälim etse, onda çaga babatdaky atalyk çaganyň ejesiniň we onuň hakyky kakasynyň arzasy esasynda, şu Kodeksiň 69-njy maddasyna laýyklykda anyklanylýar. Şunda onuň haýyşy diňe bu hakda ejesiniň we onuň äriniň (öňki äriniň) ýazmaça arzasy, ýa-da onuň äriniň (öňki äriniň) ölen diýlip yglan edilen ýa-da nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilendigi hakynda kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi bolan mahalynda kanagatlandyrylyp bilner. Äri (öňki äri) şeýle arzany bermekden ýüz dönderende, ýa-da ol bolmadyk mahalynda, şeýle hem çaganyň ejesi bilen onuň äriniň (öňki äriniň) arasynda atalyk babatda jedel bolanda atalyk babatda jedel kazyýet tarapyndan şu Kodeksiň 74-nji maddasyna laýyklykda çözülýär.

**69-njy madda. Çaga babatda atalygy anyklamagyň tertibi we ony bellige almak**

1. Çaga babatda atalygy anyklamak ata-enäniň RÝNÝ edarasyna berýän bilelikdäki arzasy esasynda, ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça, ejesi ölende, ejesiniň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilende, ol ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, ejesiniň bolýan ýa-da onuň ýaşaýan ýerini anyklamak mümkin bolmadyk halatlarynda bolsa - çaganyň kakasynyň arzasy boýunça geçirilýär.

2. Çaganyň ejesi bilen nikada durmaýan adamyň çaga babatda atalygy anyklamak, bu adamyň we çaganyň ejesiniň RÝNÝ edarasyna bilelikdäki arzasy esasynda, ejesi ölende, ejesiniň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilende, ol ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, ejesiniň bolýan ýa-da onuň ýaşaýan ýerini anyklamak mümkin bolmadyk halatlarynda bolsa - çaganyň atalygynyň anyklanylmagyny isleýän adamyň arzasy esasynda, eger çagaon sekiz ýaşa ýetmedik bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy bilen, şeýle razylyk bolmadyk mahalynda bolsa - kazyýetiň çözgüdi esasynda geçirilýär.

Eger çaganyň atalygyny anyklamak isleýän adamyň RÝNÝ edarasyna gelmäge mümkinçiligi bolmasa, onda ol atalygy anyklamak hakynda arzany iberip biler. Şu halatda ol adamyň arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

3. Çaganyň atalygyny anyklamak hakynda bilelikdäki arzanyň berilmegi çaga doglandan soň mümkin däl ýa-da kynçylykly diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlar bolan mahalynda, dünýä injek çaganyň atalygyny anyklamak isleýän biri-biri bilen nikada durmaýan adamlar şeýle arzany RÝNÝ edarasyna enäniň göwreli wagtynda bermäge haklydyrlar.

4. On sekiz ýaşyna ýeten adamyň atalygynyň anyklanylmagyna diňe onuň razylygy bilen, eger ol kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa - onuň hossarynyň ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy bilen ýol berilýär.

5. Atalygyň anyklanylandygyny döwlet tarapyndan bellige almak ata-enesiniň biriniň ýaşaýan ýerindäki ýa-da çaganyň dogluşy döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki ýa-da atalygy anyklamak hakynda ýa-da atalygy bolanlygynyň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdiniň çykarylan ýerindäki RÝNÝ edarasynda geçirilýär.

6. Çaganyň ata-enesiniň (olaryň biriniň) ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almak ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige almak halatynyň ýokdugy çaganyň atalygynyň anyklanylandygyny döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz döndermek üçin esas bolup hyzmat edip bilmez. Şu halatda çaganyň atalygynyň anyklanylandygyny bellige almak çaganyň dogluşynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki ýa-da atalygy anyklamak hakynda ýa-da atalygy bolanlygynyň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdiniň çykarylan ýerindäki RÝNÝ edarasynda geçirilýär.

7. Atalygy anyklamak ýa-da atalygyň ykrar edilendigininiň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdiniň esasynda atalygyň anyklanylandygyny döwlet tarapyndan bellige almak, çaganyň ejesiniň (kakasynyň) ýa-da çaganyň hossarynyň (howandarynyň), ýa-da çaga eklenjinde durýan adamyň ýa-da on sekiz ýaşyna ýeten çaganyň özüniň arzasy boýunça geçirilýär.

Eger ol adamyň şeýle arzany bermek üçin RÝNÝ edarasyna gelmäge mümkinçiligi bolmasa, onda ol atalygyň anyklanylandygyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arzany iberip biler. Şu halatda şol adamyň arzadaky golunyň hakykydygyna notarial tertibinde güwä geçilen bolmalydyr.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**70-nji madda. Çaganyň ata-enesi hakyndamaglumatlaryçaganyň dogluş hakynda namaýazgysyna girizmegiňtertibi**

1. Çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna onuň ata-enesi hakynda maglumatlar nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamanyň esasynda girizilýär.

2. Eger ata-enesi biri-biri bilen nikada durmaýan bolsalar, çaganyň ejesi hakynda maglumatlar ejesiniň arzasy boýunça çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilýär, çaganyň kakasy hakynda maglumatlar bolsa - çaganyň kakasynyň we ejesiniň bilelikdäki arzasy boýunça, ýa-da şu Kodeksiň 69-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, çaganyň kakasynyň arzasy boýunça girizilýär ýa-da kakasy barada maglumatlar kazyýetiň çözgüdi esasynda ýazylýar.

3. Çaga nikada durmaýan ejeden doglan halatynda, ata-enesiniň bilelikdäki arzasy bolmadyk mahalynda ýa-da atalygy anyklamak ýa-da atalygyň ykrar edilendigininiň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdi bolmadyk mahalynda, çaganyň kakasynyň familiýasy ejesiniň familiýasy boýunça çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilýär, çaganyň kakasynyň ady we atasynyň ady - ejesiniň görkezmesi boýunça, milleti we raýatlygy - ejesiniň milleti we raýatlygy boýunça girizilýär. Girizilen maglumatlar atalygy anyklamak hakynda meseläni çözmek üçin päsgelçilik bolup bilmez. Eger ejesi çaganyň kakasy hakynda maglumatlary görkezmekden ýüz dönderse, onda "çaganyň kakasy" diýen setirde kese çyzyk goýulýar.

4. Eger çaganyň atalygynyň anyklanylmagy kazyýet tertibinde geçirilen bolsa, onda atalygyň anyklanylandygy hakynda nama ýazgyda we çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda çaganyň atasy hakynda maglumatlar atalygy anyklamak ýa-da atalygyň ykrar edilendigininiň faktyny takyklamak hakynda kazyýetiň çözgüdinde görkezilen maglumatlar esasynda ýazylýar.

5. Çaganyň dogluşyny bellige alan RÝNÝ edarasy çaganyň ata-enesiniň pasportynda çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynyň esasynda çaga hakynda maglumatlary ýazýar.

Çaganyň doglușy bellige alnan mahalynda çaganyň ata-enesiniň pasportynda çaga hakynda maglumatlar ýazylmadyk bolsa, şeýle hem ata-enesiniň pasportlary täzelenen halatynda, çaga hakynda maglumatlar, çaganyň dogluş hakynda şahadatnamasynyň esasynda, çaganyň dogluşyny bellige alan RÝNÝ edarasy ýa-da çaganyň ata-enesiniň (olaryň biriniň) bolýan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan ýazylýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

**71-nji madda. Atalygyň kazyýet tertibinde anyklanylmagy**

1. Biri-biri bilen nikada durmaýan adamlardan çaga doglan halatynda we olaryň bilelikdäki arzasy ýa-da çaganyň kakasynyň arzasy bolmadyk mahalynda atalyk ata-enäniň biriniň ýa-da çaganyň hossarynyň (howandarynyň) arzasy boýunça ýa-da çaga eklenjinde durýan adamyň arzasy boýunça ýa-da on sekiz ýaşyna ýeten çaganyň özüniň arzasy boýunça kazyýet tertibinde anyklanylýar.

2. Çaganyň atalygy anyklanylanda, kazyýet çaga dogulmazyndan öň çaganyň ejesiniň we jogap berijiniň bile ýaşandygyny we umumy hojalygy ýöredendigini ýa-da çagany bilelikde terbiýeländigini, ýa-da ekläp-saklandygyny, ýa-da jogap beriji tarapyndan atalygyň ykrar edilmegini anyk tassyklaýan başga kanuny subutnamalary, şeýle hem çaganyň anyk belli bir adamdan gelip çykyşyny tassyklaýan subutnamalary nazara alýar.

*(2017-nji ýylyň 4-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., №4, 143-nji madda)*

**72-nji madda. Atalygyň ykrar edilendigininiň faktyny takyklamak**

Özüni çaganyň kakasy diýip ykrar eden, ýöne çaganyň ejesi bilen nikada durmadyk adam ölen halatynda, atalygyň ykrar edilendiginiň fakty Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tertibinde takyklanylyp bilner.

**73-nji madda. Atalygyň anyklanylandygy hakynda şahadatnamanyň we çaganyň dogluşy hakynda şahadatnamanyň berilmegi**

Atalygyň anyklanylandygy döwlet tarapyndan bellige alnanda RÝNÝ edaralary atalygyň anyklanylandygy hakynda nama ýazgysyny düzýärler we çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna degişli üýtgetmeleri girizýärler, atalygyň anyklanylandygy hakynda şahadatnamany we çaganyň dogluşy hakynda täze şahadatnamany berýärler.

**74-nji madda. Atalyk (enelik) barada jedel gozgamak**

1. Çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysy, çaganyň onda görkezilen ata-enesinden (olaryň birinden) gelip çykandygynyň subutnamasy bolup durýar.

2. Atalyk (enelik) barada jedel gozgamak, ýagny çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilen, çaganyň ata-enesi (olaryň biri) hakynda maglumatlar barada jedel gozgamak, kazyýet tertibinde geçirilýär.

3. Çaganyň kakasy (ejesi) hökmünde ýazylan adam ýa-da çaganyň hakyky kakasy (ejesi) bolup durýan adam, on sekiz ýaşyna ýeten mahalynda çaganyň özi, ejesi (kakasy) ölen halatynda ýa-da ol ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende çaganyň hossary (howandary), kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen atanyň (enäniň) howandary, çaga eklenjinde durýan adamyň, çaganyň ejesiniň äri (öňki äri) geçirilen ýazgy barada kazyýet tertibinde jedel gozgamaga haklydyrlar.

4. Öz arzasy ýa-da bilelikdäki arza boýunça çaganyň kakasy (ejesi) diýlip ýazylan adam, eger arzanyň berlen pursatynda özüniň hakykatda bu çaganyň kakasy (ejesi) bolup durmaýandygy oňa mälim bolan bolsa, atalyk (enelik) barada jedel gozgamaga hakly däldir.

5. Donoryň kömegi bilen öz aýalyny emeli tohumlandyrmaga razylyk beren är ondan doglan çaganyň kakasy diýlip ýazylýar we geçirilen ýazgy barada kazyýet tertibinde jedel gozgamaga hakly däldir.

**75-nji madda. Biri-biri bilen nikada durmaýan ata-enedendoglan çaganyň hukuklary weborçlary**

Şu Kodeksiň 68-nji maddasynyň üçünji böleginde we 69-73-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde atalygy anyklanylanda, biri-biri bilennikada durmaýan ata-eneden doglan çaga hem ata-enesi we olaryň garyndaşlary babatda, biri-biri bilennikada durýan adamlardan doglan çaganyňky ýaly hukuklara we borçlara eýedir.

**76-njy madda. Familiýasyny, adyny, atasynyň adyny üýtgeden adamyň çagasynyň dogluş hakynda nama ýazgysyna üýtgetmeler girizmek**

1. On sekiz ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesi tarapyndan familiýasy, ady we atasynyň ady üýtgedilende çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda onuň ata-enesi hakynda maglumatlar üýtgedilýär.

2. On sekiz ýaşyna ýeten adamyň dogluş hakynda nama ýazgysynda ata-enesi hakynda maglumatlar onuň arzasy boýunça raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin şu Kodeksde bellenilen tertipde üýtgedilýär.

3. Ata-enesiniň ikisiniň familiýasy we on sekiz ýaşyna ýetmedik çaganyň kakasynyň ady üýtgedilende çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda çaganyň familiýasy we atasynyň ady üýtgedilýär.

4. On sekiz ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesinden biri familiýasyny üýtgedende, bu çaganyň familiýasy - ata-enesiniň ylalaşygy boýunça, şeýle ylalaşyk bolmadyk

mahalynda bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň görkezmesi boýunça üýtgedilip bilner.

5. Ata-enesiniň familiýasynyň we (ýa-da) kakasynyň adynyň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly on sekiz ýaşyna ýeten adamyň familiýasyny we (ýa-da) atasynyň adyny üýtgetmek şu Kodeksde bellenilen familiýanyň, adyň, atasynyň adynyň üýtgedilendiginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibine laýyklykda geçirilýär.

6. On sekiz ýaşyna ýetmedik çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilen üýtgetmeleriň esasynda täze dogluş hakynda şahadatnama berilýär.

## 12-nji bap. Çaganyň hukuklary

### 77-nji madda. Çaganyň hukuklarynyň deňligi

1. Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ähli çagalaryň, olaryň özleriniň we ata-eneleriniň milletine, teniniň reňkine, jynsyna, diline, dine garaýşyna, gelip çykyşyna, emläk ýa-da beýleki ýagdaýyna, bilimine we ýaşaýan ýerine, olaryň dogluş ýagdaýlaryna, saglyk ýagdaýyna we beýleki ýagdaýlara garamazdan, deň hukuklary bardyr.

2. Çaganyň özüne berlen ähli hukuklardan we azatlyklardan peýdalanmaga hukugy bardyr. Hukuklaryň we azatlyklaryň durmuşa geçirilmegi çaganyň ömri, saglygy, terbiýesi we sagdyn ösmegi üçin zyýanly netijelere getirmeli däldir.

3. Çaganyň hukugynyň deňligi Türkmenistanyň kanunlary, şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary bilen kepillendirilýär.

### 78-nji madda. Çaganyň maşgalada ýaşamaga weterbiýelenmäge bolan hukugy

1. Çaganyň maşgalada öz ata-enesi bilen bilelikde ýaşamaga hukugy bardyr.

Çaga Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda onuň isleginiň tersine ata-enesinden aýralyga sezewar edilip bilinmez.

2. Çaganyň, eger munuň özi onuň iň gowy bähbitlerine garşy gelmeýän bolsa, maşgalada ýaşamaga we terbiýelenmäge, öz ata-enesini bilmäge, olar tarapyndan alada edilmäge, olar bilen bilelikde ýaşamaga, öz ata-enesi tarapyndan terbiýelenmäge, asudalykda we hemmetaraplaýyn ösmäge, özüniň ynsan mertebesine hormat goýulmagyna hukugy bardyr.

3. On dört ýaşyna ýetmedik çaganyň ýa-da hossarlykda (howandarlykda) durýan adamyň ýaşaýan ýeri diýip, onuň ata-enesiniň, perzentlige alanlaryň, hossaryň (howandaryň) ýaşaýan ýeri ykrar edilýär.

4. Ata-enesi (olaryň biri) bilen bilelikde ýaşamaýan çaganyň, olar (olaryň biri) bilen şahsy gatnaşyklary saklamaga, eger munuň özi çaga, perzentlige almagyň syryna zyýan (zelel) ýetirmese, olar hakynda maglumat almaga hukugy bardyr.

Döwlet we onuň degişli edaralary maşgalanyň birleşmegine ýardam edýärler.

5. Ata-enesi ölen, ata-enesi ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen, ata-enesi syrkawlan, olar uzak wagtlap bolmadyk, ata-enelik hukuklaryndan çäklendirilen ýa-da eger-de başga esasly sebäplere görä çaga ata-enesiniň howandarlygyndan galan halatlarynda, çaganyň maşgalada terbiýelenmäge bolan hukugy şu Kodeksiň 16-njy babynda bellenilen tertipde hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan üpjün edilýär.

*(2017-nji ýylyň 4-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., №4, 143-nji madda)*

**79-njy madda. Çaganyň ata-enesi (olaryň biri) we ýakyn garyndaşlary bilen gatnaşyk saklamaga weTürkmenistandan gitmägebolan hukugy**

1. Çaganyň (şol sanda perzentlige alnanyň) ata-enesi (olaryň biri) we ýakyn garyndaşlary, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşynda ýaşaýanlar bilen hem, gatnaşyk saklamaga hukugy bardyr. Ata-enesiniň nikasyny bozmagy, onuň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi ýa-da ata-enesiniň aýry ýaşamagy çaganyň hukugyna täsir etmeýär.

2. Çaganyň, ata-enesi aýry ýaşaýan halatynda, şol sanda dürli döwletlerde ýaşaýan ata-enesiniň her biri bilen gatnaşyk saklamaga hukugy bardyr.

3. Çaga Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan ata-enesi (olaryň biri) we ýakyn garyndaşlary bilen gatnaşmak üçin onuň kanuny wekiliniň notarial tertibinde tassyklanan ynanç haty boýunça kanuny wekiliniň ýa-da başga adamyň ýanynda bolmagynda Türkmenistandan olaryň ýanyna gitmäge haklydyr. Kanuny wekili bolmadyk mahalynda çaganyň gitmegine hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan rugsat berlip bilner.

Çaganyň gitmegine rugsat bermekden ýüz dönderilmegi kazyýete şikaýat edilip bilner.

4. On dört ýaşdan on sekiz ýaşa çenli çaga, ata-enesi (olaryň biri) we ýakyn garyndaşlary bilen bilelikde ýaşamak maksady bilen, olaryň ýanyna hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistandan gitmäge, diňe çaganyň özüniň ýazmaça görnüşde mälim eden we notarial tertibinde güwä geçilen razylygy bolan mahalynda haklydyr.

5. Çaganyň ata-enesi tarapyndan nika bozulan we olar tarapyndan täze nika baglaşylan halatynda, eger munuň özi çaganyň iň gowy bähbitlerine gaşry gelmeýän bolsa, çaganyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan öweý kakasy (öweý ejesi) bilen bilelikde ýaşamaga, eger çaganyň öweý kakasy (öweý ejesi) bilen hemişelik ýaşamaga Türkmenistandan başga döwlete gitmek üçin çaganyň ejesiniň (kakasynyň) öňki äriniň

(aýalynyň) ýazmaça görnüşde mälim eden we notarial tertibinde güwä geçilen razylygy bar bolsa, hukugy bardyr.

6. Çylşyrymly durmuş ýagdaýynda bolýan çaganyň (tutup saklamak, tussag etmek, tussag astyna almak, bejeriş edarasynda bolmak we ş.m.) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde öz ata-enesi (olardan biri) we garyndaşlary bilen gatnaşyk saklamaga hukugy bardyr.

7. Çagalaryň ata-enesi (olardan biri) we ýakyn garyndaşlary, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýanlar bilen gatnaşyk saklamagyň, şeýle hem hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistandan çaganyň başga döwlete gitmeginiň meseleleri boýunça düşünişmezlikler kazyýet tertibinde çözülýär.

8. Çaga sport ýaryşlaryna, medeni-köpçülik, aýdym-saz we beýleki çärelere gatnaşmak üçin, şeýle hem syrkawlan halatynda we beýleki ýagdaýlarda kanuny wekiliniň ýa-da başga adamyň ýanynda bolmagynda, onuň kanuny wekilleriniň notarial tertibinde tassyklanan ynanç haty boýunça Türkmenistandan gitmäge haklydyr.

Kanuny wekili bolmadyk mahalynda, çaganyň gitmegine hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan rugsat berlip bilner.

Çaganyň gitmegine rugsat bermekden ýüz dönderilmegi kazyýete şikaýat edilip bilner.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4,118-nji madda; 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**80-nji madda. Çaganyň öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga bolan hukugy**

1. Çaganyň öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga hukugy bardyr. Çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak ata-enesi (olaryň biri) ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar tarapyndan, şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda bolsa - hossarlyk we howandarlyk edarasy, prokuror we kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Çaganyň ata-enesi (olaryň biri) ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar tarapyndan hyýanatçylyklardan goralmaga hukugy bardyr.

Çaganyň hukuklary we kanuny bähbitleri bozulan mahalynda, şol sanda çagany terbiýelemek, bilim bermek boýunça ata-enesi (olaryň biri) ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar tarapyndan borçlar ýerine ýetirilmedik ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirilmedik mahalynda ýa-da ata-enelik, hossarlyk (howandarlyk) hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalananlarynda çaga öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin hossarlyk we howandarlyk edarasyna we beýleki döwlet edaralaryna özbaşdak ýüz tutmaga haklydyr.

3. Çaganyň ömrüne we saglygyna howp salynmagy, onuň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulmalary hakynda özlerine mälim bolan wezipeli adamlar we beýleki raýatlar bu hakda haýal etmän prokurora, şeýle hem çaganyň hakyky ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna habar bermäge borçludyrlar. Şeýle maglumatlar alnanda prokuror, hossarlyk we howandarlyk edarasy haýal etmän çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça zerur çäreleri görmäge borçludyrlar.

**81-nji madda. Çaganyň öz pikirini mälim etmäge bolan hukugy**

1. Çaga maşgalada özüniň iň gowy bähbitlerine täsir edýän islendik mesele çözülende öz pikirini mälim etmäge, şeýle hem islendik kazyýet we administratiw seljerişiň barşynda diňlenilmäge haklydyr.

2. On ýaşyna ýeten çaganyň pikiriniň nazara alynmagy, onuň iň gowy bähbitlerine garşy gelýän ýagdaýlardan başga halatlarda, hökmandyr.

3. Şu Kodeksiň 83-nji, 97-nji, 114-nji, 116-njy, 127-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda hossarlyk we howandarlyk edarasy ýa-da kazyýet ol ýa-da başga çözgüdi, diňe on ýaşyna ýeten çaganyň razylygy bilen kabul edip biler.

**82-nji madda. Çaganyň indiwiduallygawe onuňsaklanylmagyna bolan hukugy**

1. Çaganyň doglan pursatyndan başlap raýatlygyny, milletini, adyny, atasynyň adyny, familiýasyny we maşgala gatnaşyklaryny goşmak bilen, öz indiwiduallygyny saklamaga hukugy bardyr.

2. Çaganyň ady ata-enesiniň razylygy bilen dakylýar.

3. Çaga atasynyň ady kakasynyň ady boýunça dakylýar, şu Kodeksiň 70-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatda bolsa - çaganyň kakasy diýlip ýazylan adamyň ady boýunça dakylýar.

4. Eger çaganyň kakasy bilen nikada durmaýan ejesiniň islegi boýunça çaganyň kakasy hakynda maglumatlar çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilmeýän bolsa, onda atasynyň ady oňa ejesiniň görkezmesi boýunça dakylyp bilner.

5. Çaganyň familiýasy ata-enesiniň familiýasy bilen kesgitlenilýär.

6. Eger ata-ene umumy familiýany göterýän bolsa, çaga ata-enesiniň familiýasy dakylýar. Ata-enesiniň familiýasy dürli bolanda, şeýle hem ata-enesiniň (olardan biriniň) familiýasy üýtgände, çaga ata-enesiniň razylygy bilen kakasynyň ýa-da ejesiniň familiýasy dakylýar.

Ata-enesiniň islegi boýunça çaga kakasynyň ýa-da atasynyň, ýa-da babasynyň ady boýunça familiýa berlip bilner.

7. Çaganyň ady we (ýa-da) familiýasy babatda ata-enesiniň arasynda ylalaşyk bolmadyk mahalynda ýüze çykan düşünişmezlikler hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan çözülýär.

8. Çaganyň milleti onuň ata-enesiniň milleti bilen kesgitlenilýär. Eger ata-enesiniň milleti dürli bolsa, çaga pasport berlende, milleti onuň islegi boýunça kakasynyň ýa-da ejesiniň milletine görä kesgitlenilýär.

**83-nji madda. Çaganyň familiýasyny, adyny,atasynyň adyny üýtgetmäge bolan hukugy**

1. Çaganyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmäge hukugy bardyr.

2. Çaga on sekiz ýaşyna ýetýänçä ata-enesiniň bilelikdäki arzasy boýunça hossarlyk we howandarlyk edarasy çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, çaganyň adynyň üýtgedilmegine, şeýle hem oňa berlen familiýany atanyň (enäniň) beýlekisiniň familiýasy ýa-da çaganyň kakasynyň, atasynyň we babasynyň ady boýunça familiýasynyň üýtgedilmegine rugsat bermäge haklydyr.

Çaganyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny üýtgetmek barada arza degişli hossarlyk we howandarlyk edarasyna berilýär. Çaganyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny üýtgetmek barada häkimiň karary esasynda degişli RÝNÝ edarasy çaganyň raýat ýagdaýynyň nama ýazgysyna degişli üýtgetmeleri girizýär we täze şahadatnama berýär.

3. On ýaşyna ýeten çaganyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmek diňe onuň razylygy bilen geçirilip bilner.

4. Çaga on sekiz ýaşyna ýetmegi bilen, ol şu Kodeksiň 190-njy maddasynda bellenilen tertipde familiýasyny, adyny we atasynyň adyny özbaşdak üýtgetmäge haklydyr.

5. Şu maddanyň ikinji, üçünji we dördünji böleklerinde görkezilen adamlaryň, eger olara öň atasynyň ady "ogly", "gyzy" diýen sözler goşulyp ýa-da bular goşulman, ilkibaşda çaganyň öz ady, soňra bolsa atasynyň ady ýazylyp ýa-da ýazylman, ýa-da familiýasy ýazylman dakylan bolsa, şu Kodeksiň 82-nji maddasynyň üçünji-ýedinji böleklerinde bellenilen tertipde, olaryň atasynyň adynyň üýtgedilmegine we atasynyň ady ýa-da familýa berilmegine hukuklary bardyr.

6. Ata-enesiniň (olaryň biriniň) familiýasynyň üýtgedilmegi, olaryň on sekiz ýaşyna ýeten çagasynyň familiýasynyň üýtgedilmegine getirmeýär.

7. Nikanyň bes edilmegi ýa-da onuň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi çaganyň familiýasynyň üýtgedilmegine getirmeýär.

8. Eger ata-enesi aýry ýaşaýan bolsa we çaga bilen bile ýaşaýan ata (ene) öz familiýasyny oňa bermek islese, hossarlyk we howandarlyk edarasy bu meseläni çaganyň iň gowy bähbitlerini we atanyň (enäniň) beýlekisiniň pikirini nazara almak bilen çözýär. Atanyň

(enäniň) beýlekisiniň ýaşaýan ýerini ýa-da bolýan ýerini anyklamak mümkin bolmasa, ol hossarlyk we howandarlyk edarasyna gelmekden ýüz dönderse, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilse, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilse, şeýle hem atanyň (enäniň) beýlekisi çagany terbiýelemäge we ekläp-saklamaga gatnaşmakdan esassyz sebäplere görä ýüz dönderen halatynda, atanyň (enäniň) beýlekisiniň pikirini nazara almak hökman däldir.

9. Eger çaga biri-biri bilen nikada durmaýan adamlardan doglan we atalygy şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde anyklanylan bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasy çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, şeýle haýyş bilen ýüz tutulan pursatynda ejesiniň göterýän familiýasyna görä, onuň familiýasyny üýtgetmäge rugsat bermäge haklydyr.

**84-nji madda. Çaganyň emläk hukuklary**

1. Çaganyň öz ata-enesinden (olaryň birinden) we maşgalanyň beýleki agzalaryndan, şu Kodeksiň VI bölüminde bellenilen tertipde we möçberlerde eklenç almaga hukugy bardyr.

2. Çagany ekläp-saklamaga degişli alimentler ata-enesiniň biriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ygtyýaryna gelip gowuşýar we çagany eklemek, terbiýelemek we bilim bermek üçin harçlanylmalydyr.

Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalary eklap-saklamak üçin alimentleri tölemäge borçly bolan atanyň (enäniň) talap etmegi boýunça tölenmäge degişli alimentleriň pul möçberiniň elli göteriminden köp bolmadyk bölegini, eger munuň özi çagalaryň kadaly eklenip-saklanylmagyna we terbiýelenmegine täsir etmese, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we zähmete ukypsyz kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň adyna karz edarasynda açylýan hasabyna geçirmek hakynda karar çykarmaga haklydyr.

3. Çaganyň öz alan girdejilerine, özüniň peşgeş ýa-da miras almak tertibinde alan emlägine, şeýle hem çaganyň serişdesine alnan islendik başga emläge eýeçilik hukugy bardyr.

Çaganyň eýeçilik hukugy esasynda özüne degişli bolan emlägine ygtyýarlyk etmäge bolan hukugy Türkmenistanyň raýat kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

Çaganyň emlägini dolandyrmak boýunça ygtyýarlyklar ata-enesi tarapyndan amala aşyrylanda olara çaganyň emlägine ygtyýarlyk etmek babatda Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda bellenilen kadalar degişlidir.

4. Çaganyň ata-enesiniň emlägine eýeçilik hukugy ýokdur, ata-enesiniň hem çaganyň emlägine eýeçilik hukugy ýokdur. Bile ýaşaýan ata-ene we çagalar özara razylyk boýunça biri-biriniň emlägine eýelik edip we ondan peýdalanyp bilerler.

5. Ata-enäniň we çagalaryň umumy eýeçilik hukugy ýüze çykan halatynda, olaryň bu eýeçilige eýelik we ygtyýarlyk etmäge, ondan peýdalanmaga bolan hukuklary Türkmenistanyň raýat kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

**85-nji madda. Çaganyň göwnejaý terbiýelenmäge bolan hukuklaryny goramak**

1. Çagany maşgalada terbiýelemek çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini göwnejaý ýagdaýda üpjün etmekde ileri tutulýan görnüş diýlip ykrar edilýär we diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça bes edilip bilner.

2. Çaganyň mertebesiniň kemsidilmegine, gorkuzylmagyna, beden temmisiniň berilmegine, onuň ruhy ýa-da beden saglygyna zyýan (zelel) ýetirýän beýleki agyrynyň ýetirilmegine ýol berilmeli däldir.

3. Döwlet ata-enesiniň howandarlygyndan galan çaganyň terbiýelenmeginiň maşgala görnüşini - perzentlige alynmagyny, hossar ýa-da howandar bellenilmegini üpjün edýär ýa-da doly döwlet üpjünçiliginde ony degişli çagalar edarasyna, durmuş hyzmaty edarasyna ýa-da beýleki edara kabul edýär.

4. Döwlet çaganyň ata-enesi (olardan biri) ýa-da ol hakda terbiýe we alada üçin jogapkärçilik çekýän beýleki adamlar tarapyndan onuň bilen ýaramaz çemeleşmegiň islendik görnüşlerinden goragy üpjün edýär, hossarlygyň (howandarlygyň) talaba laýyk şertleri üçin degişli gözegçilik barlagyny amala aşyrýar.

## 13-nji bap. Ata-enäniň hukuklary we borçlary

**86-njy madda. Ata-enäniň hukuklarynyň we borçlarynyňdeňligi**

1. Ata-enäniň öz çagalary babatda deň hukuklary we borçlary bardyr.

2. Ata-enäniň arasyndaky nika bozulan halatynda hem öz çagalary babatda deň hukuklary we borçlary bardyr.

3. Şu bapda göz öňünde tutulan ata-enelik hukuklary çagalar doly kämillik ukybyna eýe bolan halatynda bes edilýär.

**87-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik ata-enäniň hukuklary**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik ata-enäniň çaga bilen bilelikde ýaşamaga we onuň terbiýesine gatnaşmaga hukugy bardyr.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik ata-ene öz çagasy babatda ata-enelik hukuklaryny özbaşdak amala aşyrmaga haklydyr.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik ata-ene on sekiz ýaşyna ýetýänçäler, çaga onuň kämillik ýaşyna ýetmedik ata-enesi bilen bilelikde çagany terbiýelemek üçin hossar bellenilip bilner, şu Kodeksiň 15-nji maddasynyň üçinji bölegine laýyklykda doly möçberde

kämillik ukybyna eýe bolunan halatlary muňa degişli däldir. Çaganyň hossary bilen kämillik ýaşyna ýetmedik ata-enäniň arasynda ýüze çykýan düşünişmezlikler hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan çözülýär.

4. Kämillik ýaşyna ýetmedik ata-enäniň umumy esaslarda öz atalygyny (eneligini) ykrar etmäge ýa-da jedel gozgamaga, şeýle hem öz çagalary babatda atalygynyň anyklanylmagyny talap etmäge Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde hukugy bardyr.

**88-nji madda. Ata-enäniň çaga babatdahukuklary weborçlary**

1. Çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak olaryň ata-enesiniň üstüne ýüklenilýär.

2. Ata-ene çaganyň kanuny wekilleri bolmak bilen, üçünji taraplar bilen gatnaşyklarda, şol sanda derňewde we kazyýetde onuň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýarlar.

3. Eger hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan ata-enesi bilen çaganyň bähbitleriniň arasynda düşünişmezlikleriň bardygy anyklanylsa, ata-ene çaganyň bähbitlerine wekilçilik etmäge hakly däldir. Ata-enesi bilen çaganyň arasynda düşünişmezlikler bolan halatynda hossarlyk we howandarlyk edarasy onuň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin wekil bellemäge borçludyr.

4. Ata-enäniň öz çagasyny terbiýelemäge, onuň indiwiduallygyny, ýaşyny we jynsyny nazara almak bilen oňa hossarlyk etmäge, onuň saglygy, beden, psihiki, ruhy we ahlak taýdan ösüşi barada alada etmäge, zähmete taýýarlamaga, ony kanunlara, taryhy we milli dep-dessurlara sarpa goýmaklyga uýgunlaşdyrmaga hukugy bardyr we borçludyrlar. Ata-enäniň çagany terbiýelemekde ähli başga adamlardan artykmaç hukugy bardyr.

Ata-ene çaganyň ýaşyny we hukuk ukyplylygyny nazara almak bilen, çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini durmuşa geçirmäge we goramaga gönükdirilen özbaşdak hereketleri amala aşyrmagynda oňa ýardam edýär.

5. Ata-ene çagalarynyň umumy orta bilim almagyny üpjün etmäge borçludyr. Olaryň öz çagalarynyň pikirini nazara almak bilen, bilim edarasyny we olary okatmagyň görnüşini saýlamaga hukugy bardyr.

6. Ata-eneler çaganyň terbiýesi we ösüşi üçin jogapkärçilik çekýärler.

**89-njy madda. Ata-enelik hukuklaryny amala aşyrmak**

1. Ata-enelik hukuklary çaganyň iň gowy bähbitlerine garşy amala aşyrylyp bilinmez. Çaganyň iň gowy bähbitlerini üpjün etmek onuň ata-enesiniň aladasynyň esasy bolup durýar.

2. Ata-ene ata-enelik hukuklaryny amala aşyranda çaganyň beden we psihiki saglygyna, onuň ahlak taýdan ösüşine zyýan (zelel) ýetirmeli däldir. Çagany terbiýelemegiň usullarynda ynsan mertebesini peseldýän äsgermezçilikli, ýowuz, gödek çemeleşmegi, çagany kemsitmekligi ýa-da ezmekligi aradan aýyrmalydyr.

Çaganyň iň gowy bähbitlerine zyýan (zelel) ýetirýän ata-ene Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýär.

3. Çagany terbiýelemäge we bilim bermäge degişli ähli meseleler ata-ene tarapyndan olaryň özara ylalaşygy boýunça çaganyň iň gowy bähbitlerini we pikirini nazara almak bilen çözülýär. Ata-ene (olaryň biri) öz arasynda düşünişmezlik bolan mahalynda, olaryň çözülmegi üçin hossarlyk we howandarlyk edarasyna ýa-da kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

4. Ata-ene aýry ýaşan mahalynda çaganyň ýaşaýan ýeri ata-enesiniň ylalaşygy bilen kesgitlenilýär. Ylalaşyk bolmadyk mahalynda ata-enäniň arasyndaky jedel çaganyň iň gowy bähbitlerini we pikirini nazara almak bilen kazyýet tarapyndan çözülýär. Şunda kazyýet çaganyň ata-enesiniň her birine, doganlaryna ysnyşyklylygyny, ata-enesiniň her biriniň we çaganyň arasyndaky bar bolan gatnaşyklary, çaganyň terbiýesi we ösmegi üçin zerur şertleri döretmek mümkinçiligini (käri, ata-enäniň işiniň düzgünini, ata-enäniň maddy we maşgala ýagdaýyny we başgalary) nazara alýar.

**90-njy madda. Aýratyn ýaşaýan atanyň (enäniň) çagany terbiýelemäge gatnaşmagy**

1. Çagadan aýry ýaşaýan ata (ene) ony terbiýelemäge, çaganyň bilim almagyna gatnaşmaga hukugy bardyr we borçludyr hem-de onuň bilen gatnaşyk saklamaga hukugy bardyr. Çaga ýanynda ýaşaýan atasy (enesi), atanyň (enäniň) beýlekisine çaga bilen gatnaşyk saklamaga we onuň terbiýelenmegine gatnaşmaga päsgel bermäge hakly däldir.

2. Eger ata-ene çagadan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çaganyň terbiýesine gatnaşmagy barada ylalaşyga gelip bilmese, onda bu tertip ata-enäniň gatnaşmagynda we çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Eger şeýle gatnaşmak çaganyň beden we psihiki saglygyna, ahlak taýdan ösmegine zyýan ýetirýän bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasy çagadan aýry ýaşaýan atany (enäni) onuň bilen gatnaşyk saklamak hukugyndan anyk möhlete çäklendirip biler.

4. Haçan-da ata (ene) hossarlyk we howandarlyk edarasynyň kararyny ýerine ýetirmeýän bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasy, şeýle hem atanyň (enäniň) her biri kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

5. Kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilmedik mahalynda günäkär ata (enä) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreler ulanylýar.

6. Günäkär ata (ene) tarapyndan kazyýetiň çözgüdi bilkastdan ýerine ýetirilmedik mahalynda, aýratyn ýaşaýan ata (ene), çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara alyp, çaganyň özüne berilmegi hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

7. Çagadan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) durmuş hyzmaty edaralaryndan we beýleki edaralardan öz çagasy hakynda maglumat almaga hukugy bardyr. Diňe ata (ene) tarapyndan çaganyň ömri we saglygy üçin howp abanan mahalynda maglumat bermekden ýüz dönderilip bilner. Maglumat bermekden ýüz dönderilmegi barada kazyýete şikaýat edilip bilner.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**91-nji madda. Atasynyň we enesiniň, babasynyň we mamasynyň,doganlarynyň, şeýle hem beýleki garyndaşlarynyň çaga bilen gatnaşyk saklamaga bolan hukugy**

1. Atasynyň we enesiniň, babasynyň we mamasynyň, doganlarynyň, şeýle hem beýleki garyndaşlarynyň çaga bilen gatnaşyk saklamaga hukugy bardyr.

2. Ata-ene (olaryň biri) çaganyň garyndaşlaryna onuň bilen gatnaşyk saklamaga mümkinçilik bermekden ýüz öwren halatynda, hossarlyk we howandarlyk edarasy ata-enäni (olaryň birini) şeýle gatnaşygy saklamaga päsgel bermezlige borçly edip biler.

3. Eger ata-ene (olaryň biri) hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdine tabyn bolmasalar, çaganyň garyndaşlary ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasy çaga bilen gatnaşyk saklamaga berilýän päsgelçilikleri aýyrmak hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. Kazyýet jedeli çaganyň iň gowy bähbitlerini we pikirini nazara almak bilen çözýär.

4. Kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilmedik halatynda günäkär ata (enä) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreler ulanylýar.

**92-nji madda. Ata-enelik hukuklarynyň goralmagy**

1. Ata-eneler çagany, muňa kanuny esaslar ýa-da kazyýetiň çözgüdi bolmazdan, ony ýanynda saklaýan islendik adamdan çaganyň gaýtarylyp berilmegini talap etmäge haklydyrlar. Jedel ýüze çykan halatynda ata-eneler öz hukuklarynyň goralmagy üçin kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar.

Kazyýet bu talaplara garanda çaganyň pikirini nazara almak bilen, eger çaganyň ata-enesine berilmegi çaga zyýan (zelel) ýetirer diýen netijä gelse, ata-enesiniň hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermäge haklydyr.

2. Eger kazyýet ata-enesiniň, çagany saklaýan adamyň, onuň göwnejaý terbiýelenmegini we ösüşini üpjün etmäge ýagdaýynyň ýokdugyny anyklasa, onda çaga hossarlyk we howandarlyk edarasyna berilýär.

**93-nji madda. Ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek üçin esaslar**

Ata-ene (olaryň biri) şu ýagdaýlarda ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilner, ýagny olar:

1) esasly sebäp bolmazdan, çaganyň dogluşy bolup geçen saglygy goraýyş edarasyndan ýa-da beýleki edaradan öz çagasyny almakdan ýüz dönderseler;

2) ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderseler ýa-da öz ata-enelik hukuklaryndan hyýanatçylykly peýdalansalar;

3) çaga ýowuz çemeleşseler, oňa fiziki we (ýa-da) psihiki zorluk ulansalar;

4) özleriniň ahlaksyz hereketleri bilen çaga zyýanly täsir etseler;

5) arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýän bolsalar;

6) öz çagasynyň ýa-da äriniň (aýalynyň) ömrüne we saglygyna garşy bilkastlaýyn jenaýat etseler.

**94-nji madda. Ata-enäni (olaryň birini) ata-enelikhukuklaryndan mahrum etmek hakynda işe garamagyň tertibi**

1. Ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek kazyýet tertibinde geçirilýär.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky topar, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky gulluk, hossarlyk we howandarlyk edarasy ýa-da çaganyň hukuklaryny goramak borjy ýüklenen edara, şeýle hem prokuror ata-enäniň (olaryň biriniň) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar. Şeýle hem ata-eneleriň biri ýa-da olaryň ornuny tutýan adam atanyň (enäniň) beýlekisini ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

3. Ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda işe garalanda, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekiliniň gatnaşmagy hökmandyr.

4. Ata-enäni (olardan birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda işe garanda, kazyýet şonuň bilen bir wagtda şol çözgüdi çykaranda, çagany ekläp-saklamak üçin aliment tutup almak baradaky meseläni çözýär.

5. Eger kazyýet ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda işe garanda, ata-enäniň (olaryň biriniň) hereketlerinde jenaýat alamatlaryny ýüze çykarsa, ol bu hakda prokurora habar berýär ýa-da jenaýat işini gozgaýar.

6. Kazyýet ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda kazyýetiň çözgüdi kanuny güýje girenden soň, üç iş gününiň içinde bu çözgütden göçürmäni çaganyň dogluşynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki RÝNÝ edarasyna, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adamyň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna, durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna ibermäge borçludyr.

*(2016-njy ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 4, 166-njy madda)*

**95-nji madda. Ata-enäni (olaryň birini) ata-enelikhukuklaryndan mahrum etmegiň netijeleri**

1. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ata-ene (olaryň biri) özleriniň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen çaga bilen garyndaşlyk faktyna esaslanan ähli hukuklaryny, şol sanda şu Kodeksiň 152-nji maddasyna laýyklykda eklenip-saklanylmaga bolan hukugyny, şeýle hem çagalary bolan raýatlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýeňilliklere we döwlet kömek pullaryna bolan hukugyny ýitirýärler.

2. Ata-enäniň (olaryň biriniň) ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegi, olary öz çagasyny ekläp-saklamak borçlaryndan boşatmaýar.

3. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ata-enäniň (olaryň biriniň) mundan beýläk çaga bilen bile ýaşamagy hakynda mesele kazyýet tertibinde çözülýär.

4. Ata-enesi (olaryň biri) ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen çaga ýaşaýyş jaýyna bolan eýeçilik hukugyny we (ýa-da) ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny saklap galýar, şeýle hem ata-ene (olaryň biri) bilen garyndaşlyk faktyna ýa-da garyndaşlygyna esaslanan emläk hukuklaryny, şol sanda miras almaga bolan hukugyny saklap galýar.

5. Ata-enäniň ikisi hem (olaryň biri) ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende ýa-da çagany atanyň (enäniň) beýlekisine bermek mümkinçiligi bolmadyk halatynda çaga hossarlyk we howandarlyk edarasyna berilýär.

6. Çaganyň ata-enesi (olaryň biri) ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen halatynda onuň perzentlige alynmagyna kazyýet tarapyndan ata-enesini (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda çözgüt çykarylan gününden başlap bir ýyl geçenden soň ýol berilýär.

**96-njy madda. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenata- enäniň çaga bilen duşuşmagy**

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ata-enäniň haýyşy boýunça hossarlyk we howandarlyk edarasy, hossary (howandary) ýa-da çaganyň bolýan edarasynyň administrasiýasy, eger çaganyň ata-enesi bilen duşuşmagy oňa zyýanly täsir etmese,

şeýle hem çaga perzentlige alynmadyk bolsa, olara çaga bilen duşuşmaga rugsat berip bilerler.

**97-nji madda. Ata-enäniň (olaryň biriniň) ata-enelikhukuklarynyň dikeldilmegi**

1. Ata-ene (olaryň biri), eger özlerini alyp baryşlaryny, durmuşa we çaganyň terbiýesine bolan garaýyşlaryny üýtgeden bolsalar, olaryň ata-enelik hukuklary dikeldilip bilner.

2. Ata-enäniň (olaryň biriniň) ata-enelik hukuklaryny dikeltmek ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen atanyň (enäniň) ýa-da prokuroryň hak islegi boýunça kazyýet tertibinde geçirilýär. Ata-enelik hukuklaryny dikeltmek hakynda işe hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekiliniň gatnaşmagynda garalýar.

3. Ata-enäniň (olaryň biriniň) ata-enelik hukuklarynyň dikeldilmegi hakynda hak islegi bilen bir wagtda çagany ata-enesine (olaryň birine) gaýtaryp bermek hakynda talaba garalyp bilner.

4. Kazyýet çaganyň pikirini nazara almak bilen, eger ata-enelik hukuklarynyň dikeldilmegi çaganyň iň gowy bähbitlerine garşy gelýän bolsa, ata-enelik hukuklaryny dikeltmek hakynda ata-enäniň (olaryň biriniň) hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermäge haklydyr.

On ýaşyna ýeten çaga babatda ata-enesiniň (olaryň biriniň) ata-enelik hukuklarynyň dikeldilmegi diňe ol çaganyň razylygy bilen geçirilip bilner.

5. Eger çaga perzentlige alnan bolsa we perzentlige almak şu Kodeksiň 123-nji, 128-nji maddalaryna laýyklykda hakyky däl diýlip ykrar edilmedik ýa-da ýatyrylmadyk bolsa, ata-enelik hukuklarynyň dikeldilmegine ýol berilmeýär.

*(2016-njy ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 4, 166-njy madda)*

**98-nji madda. Ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegi**

1. Kazyýet çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden (ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek), çagany ata-enesinden (olaryň birinden) almak hakynda çözgüt çykaryp biler.

2. Eger çaganyň ata-enesi (olaryň biri) bilen bile bolmagy ata-enä (olaryň birine) bagly bolmadyk ýagdaýlar (psihiki bozulma ýa-da başga dowamly kesel, agyr ýagdaýlaryň bolmagy we ş.m.) sebäpli çaga üçin howply bolsa, ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilýär.

Eger çagany ata-enesi (olaryň biri) bilen goýmak, olaryň özüni alyp barşy sebäpli, çaga üçin howply bolýan bolsa, ýöne ata-enesini (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek üçin ýeterlik esas bolmadyk halatynda hem ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilýär. Eger ata-ene (olaryň biri) özüni alyp barşyny üýtgetmese,

hossarlyk we howandarlyk edarasy ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda kazyýet tarapyndan çözgüt çykarylandan alty aý geçenden soň, ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda kazyýete hak islegini bildirmäge borçludyr.

Hossarlyk we howandarlyk edarasy çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, bu möhlet geçmezinden öň ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda hak islegini bildirmäge haklydyr.

3. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda hak islegi çaganyň ýakyn garyndaşlary, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça borç ýüklenen edaralar we guramalar tarapyndan şu Kodeksiň 80-nji maddasyna laýyklykda, şeýle hem prokuror tarapyndan bildirilip bilner.

4. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda işe hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekiliniň gatnaşmagynda garalýar.

5. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda işe garalanda, kazyýet çagany ekläp-saklamak üçin ata-enesinden (olaryň birinden) aliment almak hakynda meseläni çözýär.

6. Çaganyň ömrüne ýa-da saglygyna howp abanýan aýratyn halatlarda hossarlyk we howandarlyk edarasy ata-eneden (olaryň birinden) ýa-da çagany terbiýeleýän beýleki adamlardan çagany gaýra goýmazdan almak hakynda çözgüt kabul etmäge haklydyr.

Şu halatlarda hossarlyk we howandarlyk edarasy haýal etmän prokurora habar bermäge we şeýle çözgüt çykarylandan soň, ýedi senenama gününden gijä galman ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek ýa-da ata-enesini (olardan birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga borçludyr.

7. Kazyýet ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda kazyýetiň çözgüdi kanuny güýje giren gününden soň üç iş gününiň dowamynda kazyýetiň çözgüdinden göçürmäni çaganyň dogluşynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki RÝNÝ edarasyna, ata-enelik hukuklary çäklendirilen adamyň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna, durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna ibermäge borçludyr.

*(2016-njy ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 4, 166-njy madda)*

**99-njy madda. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmegiň netijeleri**

1. Ata-enelik hukuklary kazyýet tarapyndan çäklendirilen ata-ene (olaryň biri) özüniň çagany terbiýelemek hukugyny, şeýle hem çagalary bolan raýatlar üçin bellenilen ýeňilliklere we döwlet kömek pullaryna bolan hukugyny ýitirýär.

2. Ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegi ata-eneleri (olaryň birini) çagany ekläp-saklamak boýunça borçlaryndan boşatmaýar.

3. Ata-enesi (olaryň biri) ata-enelik hukuklaryndan çäklendirilen çaga ýaşaýyş jaýyna bolan eýeçilik hukugyny we (ýa-da) ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugyny saklap galýar, şeýle hem ata-enesi (olaryň biri) we beýleki garyndaşlary bilen garyndaşlyk faktyna esaslanan emläk hukuklaryny, şol sanda miras almaga bolan hukugyny saklap galýar.

4. Ata-enesiniň ikisiniň hem ata-enelik hukuklary çäklendirilen halatynda çaga hossarlyk we howandarlyk edarasyna berilýär.

5. Ata-enelik hukuklary kazyýet tarapyndan çäklendirilen ata-enä (olaryň birine), eger çaga zyýanly täsir etmese, çaga bilen gatnaşykda bolmaga rugsat berlip bilner. Ata-enäniň (olaryň biriniň) çaga bilen gatnaşykda bolmagyna hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ýa-da çaganyň hossarynyň (howandarynyň) ýa-da çaganyň bolýan edarasynyň administrasiýasynyň razylygy bilen ýol berilýär.

**100-nji madda. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmegiň ýatyrylmagy**

1. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmegiň ýatyrylmagy kazyýet tertibinde geçirilýär.

2. Ata-enelik hukuklary çäklendirilen adam ata-enelik hukuklaryny çäklendirmegi ýatyrmak hakynda hak islegini bildirmäge haklydyr.

3. Eger, ata-eneleri (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek üçin esas bolan sebäpler aradan aýrylan bolsa, kazyýet çagany ata-enesine (olaryň birine) gaýtaryp bermek we ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegini ýatyrmak hakynda çözgüt çykaryp biler.

4. Kazyýet çaganyň iň gowy bähbitlerini we pikirini nazara almak bilen, çaganyň ata-enesine (olaryň birine) gaýtarylyp berilmegi onuň iň gowy bähbitlerine garşy gelýän bolsa, ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegini ýatyrmak hakynda hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz döndermäge haklydyr.

**101-nji madda. Çagany terbiýelemek bilen baglanyşyklyjedellere garamak**

1. Çagany terbiýelemek bilen baglanyşykly jedellere kazyýet tertibinde garalýar.

2. Çaganyň terbiýesi bilen baglanyşykly jedellere garalanda, çagany goramak boýunça hak isleginiň kim tarapyndan bildirilendigine garamazdan, hossarlyk we howandarlyk edarasy işe gatnaşmaga çekilmelidir.

3. Hossarlyk we howandarlyk edarasy çaganyň we ony terbiýelemäge dalaş edýän adamyň (adamlaryň) durmuş şertlerini barlamaga we barlagyň ykrarnamasyny kazyýete bermäge borçludyr.

*(2016-njy ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 4, 166-njy madda)*

**102-nji madda. Çaganyň terbiýesi bilen baglanyşykly iş boýunça kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmek**

1. Çaganyň terbiýesi bilen baglanyşykly iş boýunça kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmek Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan geçirilýär.

Eger ata (ene) (howandarlygynda çagany saklaýan başga adam) kazyýetiň çözgüdiniň ýerine ýetirilmegine päsgel berse, oňa Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreler ulanylýar.

2. Çagany almak we ony başga adama (adamlara) bermek bilen baglanyşykly çözgütleriň mejbury ýerine ýetirilmegi hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekiliniň hökmany gatnaşmagynda we çaganyň berilýän adamynyň (adamlarynyň) gatnaşmagynda, zerur halatlarda bolsa – içeri işler edarasynyň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilmelidir.

3. Çaganyň iň gowy bähbitlerine zyýan (zelel) ýetirmezden onuň berilmegi barada kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmasa, çaga kazyýetiň kesgitnamasy boýunça degişli çagalar edarasyna, durmuş hyzmaty edarasyna ýa-da beýleki edara wagtlaýyn ýerleşdirilip bilner.

*(2016-njy ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 4, 166-njy madda)*

## V BÖLÜM. ATA-ENESINIŇ HOWANDARLYGYNDAN GALAN ÇAGALARY TERBIÝELEMEGIŇ GÖRNÜŞLERI

### 14-nji bap. Ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalary ýüze çykarmak we ýerleşdirmek.Ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň merkezleşdirilen hasaba alynmagy

**103-nji madda. Ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryňhukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagy**

1. Çagalaryň ata-eneleri ölende, olar ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, olaryň ata-enelik hukuklary çäklendirilende, ata-eneleri kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilende, ata-eneleri syrkawlanda, olar uzak wagtlap bolmadyk mahalynda, ata-eneler öz çagalaryny terbiýelemekden we olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan, şol sanda öz çagalaryny degişli çagalar edaralaryndan, durmuş hyzmaty edaralaryndan ýa-da beýleki edaralardan almakdan ýüz dönderen halatlarynda, şeýle hem çagalaryň ata-eneleriniň howandarlygyndan galýan başga halatlarynda, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

2. Hossarlyk we howandarlyk edaralaryndan başga, ýuridik we fiziki şahslara ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalary ýüze çykarmak we ýerleşdirmek boýunça işi alyp barmagyna ýol berilmeýär.

**104-nji madda. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galançagalary ýüze çykarmak we hasaba almak**

1. Hossarlyk we howandarlyk edaralary ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalar hakda maglumatlary alan gününden başlap üç iş gününiň dowamynda olaryň durmuş şertlerini barlamaga we olaryň ata-eneleriniň howandarlygynyň ýa-da garyndaşlarynyň howandarlygynyň ýokdugynyň fakty ýüze çykarylanda, olary ýerleşdirmek hakynda mesele çözülýänçä, çaganyň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

2. Hossarlyk we howandarlyk edaralary ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalary ýüze çykarýarlar, şeýle çagalary hasaba alýarlar, olaryň hasabyny ýöredýärler, lukmançylyk gözden geçirilişini guraýarlar we olaryň saklanyşynyň, terbiýelenişiniň we bilim alşynyň şertlerine, olaryň saglyk ýagdaýyna gözegçiligi alyp barýarlar, çagalaryň ata-eneleriniň howandarlygyndan galmagynyň anyk ýagdaýlaryndan ugur alyp, şeýle çagalary ýerleşdirmegiň görnüşlerini şu Kodeksiň 105-nji maddasyna laýyklykda saýlap alýarlar.

3. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalaryň bolýan degişli çagalar edaralarynyň, durmuş hyzmaty edaralarynyň we beýleki edaralaryň ýolbaşçylary çagany terbiýelemek üçin maşgala berip boljakdygy mälim bolan gününden başlap, ýedi gün möhletde bu barada şol edaranyň ýerleşýän ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna habar bermäge borçludyrlar.

4. Hossarlyk we howandarlyk edarasy şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen maglumatlaryň gelip gowşan gününden başlap, bir aýyň içinde çagalaryň şu Kodeksiň 105-nji maddasyna laýyklykda ýerleşdirilmegini üpjün edýär.

Hossarlyk we howandarlyk edarasy hakyky bolýan ýerinde maşgalalara terbiýelemek üçin çagalary bermek mümkin bolmasa, merkezleşdirilen hasaby ýöretmek we geljekde çagalary Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna terbiýelemeklige bermek üçin ýerleşdirilmegine ýardam etmek maksady bilen şeýle çagalar barada maglumatlary haýal etmän welaýat ýa-da welaýat hukukly şäherleriň häkimliklerine iberýärler.

5. Welaýat ýa-da welaýat hukukly şäherleriň häkimlikleri çagalar hakynda görkezilen maglumatlaryň gelip gowşan gününden başlap bir aýyň içinde Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna, ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalaryň edaralaryna, durmuş hyzmaty edaralaryna we beýleki edaralara olaryň ýerleşdirilmegini gurnaýarlar.

6. Ata-eneleriň howandarlygyndan galan çagalaryň merkezleşdirilen hasabyny ýöretmegiň, şeýle çagalar hakynda maglumatlary peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

**105-nji madda. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalaryň ýerleşdirilmeginiň görnüşleri**

1. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalar ýakyn garyndaşlaryna, maşgala perzentlige, hossarlyga (howandarlyga), şeýle mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda - ýetim çagalar ýa-da ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalar edaralaryna, durmuş hyzmaty edaralaryna we beýleki edaralara terbiýelenmäge berilmäge degişlidir.

2. Hossarlyk we howandarlyk edaralary şeýle çagalary terbiýelemäge dalaş edýän adamyň (adamlaryň) ýaşaýyş jaý we maddy şertlerini, onuň (olaryň) ahlaklylygy berjaý edişini we başga şertleri barlamaga, eger bu çaganyň iň gowy bähbitlerine garşy gelmeýän bolsa, şeýle çagalar ýerleşdirilende nazara alnyp bilinjek barlagyň ykrar hatyny düzmäge borçludyrlar. Şunda çagalaryň etniki gelip çykyşy, olaryň belli bir dine we medeniýete degişliligi, ene dili, çagalaryň terbiýesinde we biliminde dowamlylygyň üpjün edilmeginiň mümkinçiligi göz öňünde tutulmalydyr.

3. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalar şu maddanyň birinji böleginde görkezilen maşgalalara ýa-da edaralara ýerleşdirilýänçä, çagalaryň hossarynyň (howandarynyň) ýerine ýetirmeli borçlary wagtlaýynça hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

## 15-nji bap. Çaganyň perzentlige alynmagy. Çaganyň perzentlige alynmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

**106-njy madda. Perzentlige alynmagyna rugsat berilýän çaga**

1. Perzentlige almak - bu perzentlige alnan çaga bilen ony perzentlige alýanyň arasynda ata-eneler bilen çagalarynyň arasyndaky ýaly hukuklaryň we borçlaryň ýola goýulmagy bilen çaganyň terbiýelenmäge alynmagy.

2. Çaganyň perzentlige alynmagy çagany ýerleşdirmegiň ileri tutulýan görnüşi bolup durýar we oňa diňe kämillik ýaşyna ýetmedik çaga babatda we onuň iň gowy bähbitleri üçin ýol berilýär. Şunda çaganyň özüniň öňki ata-eneleri barada bilmäge hukugy bardyr.

3. Käbir halatlarda, perzentlige alanyň we perzentlige alynýanyň arasynda ata-ene bilen çaganyň arasyndaky ýaly gatnaşyklaryň hakykatdan hem öň bardygy kazyýet tarapyndan anyklanylsa, kämillik ýaşyna ýetenden soň hem adamy perzentlige almak geçirilip bilner.

**107-nji madda. Perzentlige almaga hukugy bolan adamlar**

1. Perzentlige alýanyň maşgalasynda çaganyň kadaly ösmegi, terbiýelenmegi we bilim almagy üçin şertler bolan mahalynda çagany perzentlige almaga rugsat berilýär.

2. Kämillik ýaşyna ýeten adamlar perzentlige alýanlar bolup bilerler, olara şular degişli däldir:

1) kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adamlar;

2) kazyýetiň çözgüdi boýunça ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ýa-da kazyýet tarapyndan ata-enelik hukuklary çäklendirilen adamlar;

3) kanun tarapyndan öz üstüne ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmändigi sebäpli, hossaryň (howandaryň) borjuny ýerine ýetirmekden çetleşdirilen adamlar;

4) öňki perzentlige alanlar, eger perzentlige almak olaryň günasi boýunça kazyýet tarapyndan ýatyrylan bolsa;

5) saglyk ýagdaýy boýunça ata-eneleriň hukuklaryny amala aşyryp bilmeýän adamlar. Çaganyň perzentlige alynmagyna, onuň hossarlyga ýa-da howandarlyga kabul edilmegine ýol berilmeýän keselleriň bolmagynyň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär;

6) mugallymçylyk we terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly jenaýatlary, şeýle hem bilkastlaýyn agyr we (ýa-da) aýratyn agyr jenaýatlary edendigi üçin iş kesilen adamlar, eger olaryň iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kazyýet tarapyndan aýrylmadyk bolsa;

7) hemişelik ýaşaýan ýeri, şeýle hem bellenilen sanitariýa we tehniki talaplara laýyk gelýän ýaşaýyş jaýy bolmadyk adamlar;

8) arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýän adamlar.

2. Öz aralarynda nikada durmaýan adamlar şol bir çagany bilelikde perzentlige alyp bilmezler.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

**108-nji madda. Çagany perzentlige almagyň tertibi. Çagany perzentlige almagyň döwlet tarapyndanbellige alynmagy**

1. Çagany perzentlige almak ony perzentlige almak isleýän adamyň (adamlaryň) ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da perzentlige alynýan çaganyň ýaşaýan ýeri boýunça geçirilýär.

2. Çagany perzentlige almak isleýän adam (adamlar) degişli arzany öz ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da perzentlige alnýan çaganyň ýaşaýan ýeri boýunça häkimiň garamagyna berýär.

3. Häkim arza seredeninden soňra ony çagany perzentlige almak barada karary çykarmak üçin zerur bolan resminamalary taýýarlamak üçin hossarlyk we howandarlyk edarasyna berýär. Hossarlyk we howandarlyk edarasy ýigrimi senenama gününiň dowamynda çagany perzentlige almak üçin degişli resminamalary taýýarlaýar.

4. Häkim hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan taýýarlanan resminamalaryň esasynda, onuň gatnaşmagynda on senenama gününiň dowamynda resminamalara garaýar we çagany perzentlige almak hakynda karar çykarýar.

5. Perzentlige alýanyň we perzentlige alnan çaganyň hukuklary we borçlary çagany perzentlige almak baradaky kararyň çykan gününden başlap ýüze çykýar.

6. Hossarlyk we howandarlyk edarasy çagany perzentlige almak baradaky kararyň çykarylan gününden başlap üç senenama gününiň dowamynda perzentlige almak baradaky kararyň çykarylan ýerindäki RÝNÝ edarasyna görkezilen karary ibermäge borçludyr.

7. Çagany perzentlige alan adam (adamlar), çagany perzentlige almak baradaky häkimiň kararyny hem ýanyna goşmak bilen, degişli RÝNÝ edarasyna çaganyň perzentlige alynmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy barada arza berýär.

8. Çaganyň perzentlige alynmagy baradaky kararyň çykarylan ýerindäki RÝNÝ edarasy bu karar we perzentlige alanyň (alanlaryň) arzasy ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň habary esasynda çaganyň perzentlige alynmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny geçirýär.

9. Şu Kodeksiň 106-njy maddasynyň üçünji böleginde bellenilen halatda, kämillik ýaşyna ýeten adamy perzentlige almak ony perzentlige almak isleýän adamyň (adamlaryň) arzasy we perzentlige almak hakynda kazyýetiň çözgüdi esasynda geçirilýär. Şunda kazyýetiň çaganyň perzentlige alynmagy hakyndaky çözgüdinde, şu Kodeksiň 116-119-njy maddalaryna laýyklykda, häkimiň çaganyň perzentlige alynmagy hakynda kararynda görkezilmegi talap edilýän maglumatlar görkezilýär.

10. Çagany perzentlige almagyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esas bolup durýan häkimiň çaganyň perzentlige alynmagy baradaky kararynda ýa-da kazyýetiň kämillik ýaşyna ýeten adamy perzentlige almak hakynda çözgüdinde ýalňyşlyk ýa-da nätakyklyk goýberilen bolsa, ol ýalňyşlyk ýa-da nätakyklyk degişlilikde häkim ýa-da kazyýet tarapyndan düzedilýär.

11. Çagany perzentlige almakdan ýüz dönderilmegine bir aý möhletde kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky,2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda; 2015 ý., № 4, 129-njy masdda; 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**109-njy madda. Birnäçe çaganyň perzentlige alynmagy**

1. Doganlar bolup durýan ýa-da özara garyndaşlyk gatnaşygy bolmadyk birnäçe çagalary bir adam perzentlige alyp biler.

2. Özara garyndaşlyk gatnaşygy bolmadyk perzentlige alnan çagalaryň arasynda doganlaryň arasyndaky ýaly hukuklar we borçlar ýüze çykýar.

3. Doganlaryň, olaryň iň gowy bähbitlerine laýyk gelýän halatlardan başga ýagdaýlarda, dürli adamlar tarapyndan perzentlige alynmagyna ýol berilmeýär.

**110-njy madda. Perzentlige alýanyň we perzentlige alynýan çaganyň arasyndaky ýaş tapawudy**

1. Nikada durmaýan perzentlige alýan bilen perzentlige alynýan çaganyň arasyndaky ýaş tapawudy on sekiz ýaşdan az bolmaly däldir.

2. Çaga öweý kakasy (öweý ejesi) tarapyndan perzentlige alnan mahalynda şu maddanyň birinji böleginde bellenilen ýaş tapawudynyň bolmagy talap edilmeýär.

**111-nji madda. Çaganyň perzentlige alynmagy üçin ata-enesiniň razylygy**

1. Çagany perzentlige almak üçin onuň ata-enesiniň razylygy zerurdyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik ata-enäniň çagasy perzentlige alnanda – olaryň ata-enesiniň ýa-da hossarlarynyň (howandarlarynyň) razylygy, olaryň ata-enesi ýa-da hossarlary (howandarlary) bolmadyk mahalynda bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy zerurdyr.

Çagany perzentlige almak üçin ata-enäniň razylygy notarial tertibinde tassyklanylan ýa-da ata-enesiniň hossarlygynda bolmadyk çaganyň ýerleşýän edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da çaganyň perzentlige alynýan ýerindäki ýa-da ata-enäniň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan tassyklanylan arzada beýan edilmelidir.

2. Ata-enäniň çagany perzentlige almak hakynda çözgüt çykarylýança çaganyň perzentlige alynmagy hakynda arzasyny yzyna almaga haky bardyr.

3. Ata-ene anyk adama ýa-da anyk adamy görkezmezden çagany perzentlige almaga razylyk berip biler. Hossarlyk we howandarlyk edaralary perzentlige almagyň çaganyň bähbitlerine laýyk gelýändigi hakynda netijenamany häkime berýärler. Çaga öweý kakasy (öweý ejesi) tarapyndan perzentlige alnanda şeýle netijenama talap edilmeýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda; 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**112-nji madda. Çaganyň ata-enesiniň razylygy bolmazdan perzentlige alynmagy**

1. Şu halatlarda çagany perzentlige almak üçin ata-enesiniň razylygy talap edilmeýär, eger olar:

1) näbelli bolsa ýa-da kazyýet tarapyndan nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen bolsa;

2) kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa;

3) kazyýet tarapyndan ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa;

4) kazyýet tarapyndan esassyz diýlip ykrar edilen sebäplere görä alty aýdan köp wagtlap çaga bilen bile ýaşamaýan we oňa terbiýe bermekden we ony ekläp-saklamakdan ýüz dönderýän bolsa;

5) esassyz sebäplere görä, bir ýyldan köp wagtlap çagalar ýa-da saglygy goraýyş edarasynda bolýan çagasyndan habar tutmadyk bolsa.

2. Eger ata-enesiniň bir ýyldan köp wagtlap çaga bilen bilelikde ýaşamandyklary anyklanan bolsa hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň duýduryşyna garamazdan, çagany terbiýelemäge we ekläp-saklamaga gatnaşmakdan ýüz dönderýän bolsalar, perzentlige almak kadadan çykma hökmünde ata-enesiniň razylygy bolmazdan geçirilip bilner.

**113-nji madda. Hossarlykda (howandarlykda) ýa-da döwlet çagalar edaralarynda bolýan çaganyň perzentlige alynmagy**

1. Ata-enesi bolmadyk mahalynda hossarlykda (howandarlykda) bolýan çagany perzentlige almak üçin hossaryň (howandaryň) ýazmaça görnüşdäki razylygy zerurdyr.

2. Döwlet çagalar edarasynda bolýan çaganyň perzentlige alynmagy üçin şol edaranyň administrasiýasynyň bu çaganyň perzentlige alynmagyna razylygy zerurdyr. Şunda çagalar edarasynyň administrasiýasy, şu Kodeksiň 112-nji maddasynyň birinji böleginde bellenilenlerden başga halatlarda çaganyň ata-enesinden, olar bolmadyk mahalynda - ýakyn garyndaşlaryndan onuň perzentlige alynmagyna razylygyny ýazmaça görnüşde almaga borçludyr.

3. Hossary (howandary) çaganyň perzentlige alynmagyna razylyk bermedik mahalynda, perzentlige alynmaga razylyk hakynda mesele hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan çözülýär.

4. Hossarlyk we howandarlyk edarasy çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen adamlaryň razylygy bolmazdan, çagany perzentlige almak hakynda çözgüt çykarmaga haklydyr.

**114-nji madda. Perzentlige alynýan çaganyň perzentlige alynmagyna razylygy**

1. On ýaşyna ýeten çaganyň perzentlige alynmagy üçin onuň razylygy zerurdyr.

2. Çaganyň özüniň perzentlige alynmagyna razylygy hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan bellenilýär.

3. Eger perzentlige almak hakynda arza berilýänçä çaga perzentlige alýanyň maşgalasynda ýaşan we ony öz atasy (enesi) diýip hasaplaýan bolsa, kadadan çykma hökmünde perzentlige almak perzentlige alynýan çaganyň razylygy alynmazdan geçirilip bilner.

**115-nji madda. Çagany perzentlige almaga är-aýalyň biriniň razylygy**

1. Eger çaga är-aýalyň ikisi tarapyndan perzentlige alynmaýan bolsa, ýagny çagany är-aýalyň biri perzentlige alan mahalynda, är-aýalyň beýlekisiniň perzentlige almaga ýazmaça razylygy talap edilýär.

2. Şu ýagdaýlarda çagany perzentlige almak üçin äriniň (aýalynyň) razylygy talap edilmeýär, eger:

1) ol kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa;

2) är-aýal hakykatda maşgala gatnaşyklaryny bes eden bolsa;

3) şaýatlaryň görkezmeleri boýunça är-aýal bir ýyldan köp wagtlap bile ýaşamaýan bolsa;

4) äriniň (aýalynyň) ýaşaýan ýa-da bolýan ýeri näbelli bolsa.

**116-njy madda. Perzentlige alnan çaganyň familiýasy, ady we atasynyň ady**

1. Perzentlige alnan çaganyňfamiliýasy, ady we atasynyň ady saklanyp galýar.

2. Perzentlige alanyň haýyşy boýunça perzentlige alnan çaga perzentlige alanyň familiýasy boýunça ýa-da perzentlige alanyň ady boýunça, ýa-da perzentlige alnan çaganyň atasynyň ýa-da babasynyň ady boýunça familiýa berlip bilner, atasynyň ady bolsa - perzentlige alanyň ady boýunça berlip bilner. Perzentlige alanyň haýyşy boýunça perzentlige alnan çaganyň ady hem üýtgedilip bilner.

3. Eger perzentlige alan är-aýalyň familiýalary dürli bolsa, onda olaryň ylalaşmagy boýunça perzentlige alnan çaga olaryň biriniň familiýasy berilýär.

4. Perzentlige alan zenanyň haýyşy boýunça çaga onuň familiýasy berlip bilner, atasynyň ady bolsa, haçan-da çaganyň kakasynyň çaga babatda hukuklary we borçlary saklanyp galýan ýagdaýlardan başga halatlarda, perzentlige alnan çaganyň kakasy hökmünde görkezilen adamyň ady boýunça berlip bilner.

5. Çaga nikada durmaýan adam tarapyndan perzentlige alnan mahalynda onuň haýyşy boýunça çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna perzentlige alnan çaganyň kakasynyň (ejesiniň) familiýasy, ady we atasynyň ady şol adamyň görkezmesi boýunça ýazylyp bilner.

6. On ýaşyna ýeten çaga perzentlige alnanda, şu Kodeksiň 114-nji maddasynyň üçünji böleginde görkezilen ýagdaýlardan başga halatlarda, çaganyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmek diňe onuň razylygy bilen geçirilýär.

7. Perzentlige alnan çaganyň familiýasynyň, adynyň we atasynyň adynyň üýtgeýändigi barada çagany perzentlige almak hakynda çözgütde görkezilýär.

**117-nji madda. Perzentlige alnan çaganyň doglan senesiniň we ýeriniň üýtgedilmegi**

1. Çagany perzentlige almagyň syryny saklamak üçin, perzentlige alanyň haýyşy boýunça perzentlige alnan çaganyň doglan senesi doglan gününden üç aýdan köp bolmadyk wagta üýtgedilip bilner, şeýle-de onuň doglan ýeri hem üýtgedilip bilner.

2. Perzentlige alnan çaganyň doglan senesiniň üýtgedilmegine diňe bir ýaşa ýetmedik çaga perzentlige alnanda rugsat berilýär. Şunda onuň doglan senesi çaganyň doglan gününden öň we soň üç aýdan köp bolmadyk wagta üýtgedilip bilner.

3. Perzentlige alnan çaganyň doglan senesiniň we (ýa-da) ýeriniň üýtgedilendigi barada, çagany perzentlige almak hakynda çözgütde görkezilýär.

**118-nji madda. Perzentlige alanlaryň perzentlige alnan çaganyň ata-enesi hökmünde ýazylmagy**

1. Perzentlige alanlaryň haýyşy boýunça çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda olar perzentlige alnan çaganyň ata-enesi hökmünde ýazylyp bilner.

2. Şeýle ýazgyny etmegiň zerurlygy hakynda çagany perzentlige almak hakynda çözgütde görkezilýär.

**119-njy madda. Çagany perzentlige almagyň hukuk netijeleri**

1. Perzentlige alnan çaga we onuň nesli perzentlige alanlaryň we olaryň garyndaşlary babatda, perzentlige alanlar we olaryň garyndaşlary bolsa, perzentlige alnan çaga we onuň nesli babatda şahsy emläk däl we emläk hukuklarynda hem-de borçlarynda gelip çykyşy boýunça garyndaşlara deňleşdirilýärler.

2. Perzentlige alnan çaga, şu maddanyň üçinji-bäşinji böleklerinde göz öňüňde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, öz ata-enesi (garyndaşlary) babatda şahsy emläk däl we emläk hukuklaryny ýitirýär we borçlaryndan boşadylýar.

3. Eger çagany perzentlige almak hakynda şu Kodeksiň 108-nji maddasyna laýyklykda çykarylan çözgütde perzentlige alnan çaganyň ata-enesi bilen (olaryň biri bilen) şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklaryny saklap galýandygy hakynda görkezilen bolsa, ata-enesi (olaryň biri) hakynda, çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna girizilen maglumatlar üýtgedilmäge degişli däldir.

4. Çaga bir adam tarapyndan perzentlige alnanda, eger perzentlige alan erkek adam bolsa - ejesiniň islegi boýunça, eger perzentlige alan aýal adam bolsa - kakasynyň islegi boýunça şahsy emläk däl we emläk hukuklary hem-de borçlary saklanylyp galdyrylyp bilner.

5. Eger perzentlige alnan çaganyň ata-enesiniň biri ýogalan bolsa, ýogalan atasynyň (enesiniň) ata-eneleriniň (atasy we enesi, babasy we mamasy) haýyşy boýunça, eger muny çaganyň kanuny bähbitleri talap edýän bolsa, ýogalan atasynyň (enesiniň) garyndaşlary babatdaky şahsy emläk däl we emläk hukuklary hem-de borçlary saklanylyp galdyrylyp bilner. Bu barada çagany perzentlige almak hakynda çözgütde görkezilýär.

Ýogalan atasynyň (enesiniň) garyndaşlarynyň perzentlige alnan çaga bilen gatnaşyk saklamaga bolan hukugy şu Kodeksiň 91-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

6. Perzentlige alnan çaganyň ata-enesiniň biri ýa-da ýogalan atasynyň (enesiniň) garyndaşlary bilen gatnaşyklaryny saklap galmagy barada çagany perzentlige almak hakynda çözgütde görkezilýär.

7. Perzentlige alnan çaganyň eýeçiliginde duran emlägiň goralyp saklanylmagyna jogapkärçilik, ony perzentlige alanyň üstüne ýüklenilýär.

8. Perzentlige almak ýatyrylan halatynda, şol emlägi gaýtaryp bermek borjy hem çagany perzentlige alanyň üstüne ýüklenilýär.

9. Perzentlige alanlaryň çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda perzentlige alnan çaganyň ata-enesi hökmünde ýazylandygyna ýa-da ýazylmandygyna garamazdan, şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan, çagany perzentlige almagyň hukuk netijeleri ýüze çykýar.

**120-nji madda. Perzentlige alnan çaganyň ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluna bolan hukugynyň saklanyp galmagy**

Çaga perzentlige alnan pursatynda ata-enesiniň ölmegi bilen baglanyşykly ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluna bolan hukugy ol perzentlige alnanda hem saklanyp galýar.

**121-nji madda. Perzentlige alnan çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna üýtgetmeleriň girizilmegi**

Şu Kodeksiň 116-118-nji maddalaryna laýyklykda perzentlige alnan çaga familiýa, at we atasynyň ady dakylanda ýa-da olar üýtgedilende we (ýa-da) onuň doglan ýeri, senesi üýtgedilen halatynda, şeýle hem, çagany perzentlige alanlar onuň ata-enesi hökmünde ýazylan halatynda, RÝNÝ edarasy çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna degişli üýtgetmeleri girizýär we çaga täze Dogluş hakynda şahadatnama berýär.

**122-nji madda. Çaganyň perzentlige alynmagynyň syry**

1. Çaganyň perzentlige alynmagynyň syry kanun tarapyndan goralýar.

2. Çaganyň perzentlige alynmagy hakynda çözgüt çykaran häkim, çaganyň perzentlige alynmagyny döwlet tarapyndan bellige almagy amala aşyran adamlar, şeýle hem çaganyň perzentlige alynmagy barada başga ýagdaýlara görä habarly bolan adamlar, çaganyň perzentlige alynmagynyň syryny saklamaga borçludyrlar.

3. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, perzentlige alanlaryň razylygy bolmazdan, olar ölen halatynda bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy bolmazdan, kimdir birine perzentlige alnandygy hakynda haýsy-da bolsa bir maglumatlary bermegi, şeýle hem, çaganyň dogluşy we çaganyň perzentlige alynmagy hakynda nama ýazgysyndan we perzentlige alanlaryň perzentlige alnan çaganyň ata-enesi däldigini görkezýän göçürmeleriň berilmegi gadagan edilýär.

4. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen adamlar perzentlige alanlaryň erkiniň garşysyna, çaganyň perzentlige alynmagynyň syryny ýaýratsalar, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

**123-nji madda. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň ýa-da perzentlige almagyň ýatyrylmagynyň tertibi**

1. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi ýa-da perzentlige almagyň ýatyrylmagy kazyýet tertibinde geçirilýär.

2. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi ýa-da perzentlige almagyň ýatyrylmagy hakynda işe hossarlyk we howandarlyk edarasynyň wekiliniň hökmany gatnaşmagynda seredilýär.

3. Perzentlige alnan çaganyň ata-enesi, perzentlige alanlar, hossarlyk we howandarlyk edarasy, on sekiz ýaşyna ýeten perzentlige alnan çaga, şeýle hem prokuror perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi hakynda hak islegini bildirip bilerler.

4. Çaganyň ata-enesi, perzentlige alanlar, hossarlyk we howandarlyk edarasy, prokuror çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, şeýle hem, on sekiz ýaşyna ýeten

perzentlige alnan çaga, perzentlige almagyň ýatyrylmagy hakynda hak islegini bildirmäge haklydyr.

5. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi ýa-da perzentlige almagyň ýatyrylmagy hakynda kazyýetiň çözgüdi kanuny güýje giren gününden başlap, çaganyň perzentlige alynmagy bes edilýär.

6. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi ýa-da perzentlige almagyň ýatyrylmagy hakynda çözgüt kanuny güýje giren gününden başlap, üç iş gününiň dowamynda kazyýet çözgüdiň nusgasyny çaganyň perzentlige alynmagy döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki RÝNÝ edarasyna ibermäge borçludyr.

7. Eger çagany perzentlige almagy ýatyrmak hakynda talap bildirilen mahalynda, perzentlige alnan çaga kämillik ýaşyna ýeten bolsa, çagany perzentlige almagyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär, perzentlige almaklygyň ýatyrylmagyna ata-enesiniň (eger olar kazyýet tarapyndan ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmedik ýa-da kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilmedik bolsalar), perzentlige alnan çaganyň we perzentlige alanlaryň razylyk bildiren halatlary muňa degişli däldir.

*(2016-njy ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 4, 166-njy madda)*

**124-nji madda. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň esaslary**

Kazyýet tarapyndan perzentlige almak hakynda çözgüdiň galp resminamalara esaslanandygy ýa-da şu Kodeksiň 107-nji maddasyna laýyklykdaperzentlige alýan bolup bilmeýan adamyň perzentlige alandygy anyklanan halatlarynda, şeýle hem çaganyň perzentlige alynmagy galp bolanda, çagany perzentlige almak hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**125-nji madda. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň netijeleri**

1. Çagany perzentlige almak hakynda kazyýetiň çözgüt çykaran gününden başlap, çagany perzentlige almak hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

2. Çagany perzentlige almagyň hakyky däl diýlip ykrar edilen halatynda, perzentlige alnan çaganyň, perzentlige alanlaryň, perzentlige alanlaryň garyndaşlarynyň özara hukuklary we borçlary bes edilýär hem-de çaganyň iň gowy bähbitleri muny talap edýän bolsa, çaganyň we onuň ata-eneleriniň, onuň garyndaşlarynyň özara hukuklary we borçlary dikeldilýär.

**126-njy madda. Çagany perzentlige almagyň ýatyrylmagyna esaslar**

1. Eger perzentlige alanlar öz üstlerine ýüklenen ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderýän, ata-enelik hukuklaryndan hyýanatçylykly peýdalanýan, perzentlige alan çagasyna rehimsiz garaýan bolsalar, arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýän bolsalar çagany perzentlige almak ýatyrylyp bilner.

2. Kazyýet çaganyň iň gowy bähbitlerini we pikirini nazara almak bilen çagany perzentlige almagy başga esaslar boýunça hem ýatyrmaga haklydyr.

**127-nji madda. Çagany perzentlige almagyň ýatyrylmagynyň netijeleri**

1. Çagany perzentlige almak ýatyrylanda kazyýetiň çözgüdi boýunça çaga ata-enesine berilýär. Çaganyň ata-enesi bolmadyk mahalynda, şeýle hem çaganyň ata-enesine berilmegi onuň iň gowy bähbitlerine garşy gelýän bolsa, çaga hossarlyk we howandarlyk edarasynyň howandarlygyna berilýär.

2. Kazyýet çaganyň perzentlige alynmagyna razylyk beren ata-enesiniň talaby boýunça çaganyň perzentlige alynmagy bilen baglanyşykly öňki familiýasyny, adyny we atasynyň adyny saklap galmak (saklap galmazlyk) hakynda çözgüt çykarýar.

3. Kazyýet çaganyň iň gowy bähbitlerini nazara almak bilen, öňki perzentlige alany şu Kodeksiň 144-nji, 145-nji maddalarynda bellenilen möçberlerde, çagany ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemäge borçly etmäge haklydyr.

**128-nji madda. Çaganyň perzentlige alynmagy hakynda nama ýazgysynyň ýatyrylmagy**

1. Çaganyň perzentlige alynmagy hakynda nama ýazgysy, çagany perzentlige almagy ýatyrmak ýa-da perzentlige almagy hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi esasynda ýatyrylýar.

2. Çaganyň perzentlige alynmagy hakynda nama ýazgysynyň ýatyrylmagy hakynda arza çaganyň ata-enesi (olaryň arzasy boýunça perzentlige almak ýatyrylan bolsa), hossarlyk we howandarlyk edarasy hem-de on sekiz ýaşyna ýeten perzentlige alnan çaga, şeýle hem prokuror tarapyndan berilýär.

3. Çaganyň perzentlige alynmagy hakynda nama ýazgysy ýatyrylanda, RÝNÝ edarasy perzentlige alnan çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda çaga perzentlige alynmazdan öň ýazylan ilkibaşdaky maglumatlary dikeldýär we çaga täze Dogluş hakynda şahadatnama berýär. Şunda çaganyň familiýasy, ady we atasynyň ady kazyýetiň çözgüdi esasynda ýazylýar.

4. Çagany perzentlige alana berlen Çagany perzentlige almak hakynda şahadatnama we çaganyň Dogluş hakynda şahadatnamasy RÝNÝ edarasy tarapyndan yzyna alynýar.

## 16-njy bap. Hossarlyk we howandarlyk

**129-njy madda. Hossarlygyň we howandarlygyň maksatlary**

Ata-eneleriniň ölmegi, ata-eneleriniň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegi, ata-eneleriniň näsaglamagy, olaryň uzak wagtlap bolmazlygy, ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegi, ata-eneleriniň kämillik ukuby ýok diýlip ykrar edilmegi netijesinde ýa-da başga esasly sebäpler boýunça ata-eneleriniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň, şeýle hem saglyk ýagdaýy sebäpli öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän we öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň ekläp-saklanylmagyny, terbiýelenmegini, bilim almagyny, olaryň şahsy emläk däl we emläk hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny üpjün etmek hossarlygyň we howandarlygyň maksatlary bolup durýar.

**130-njy madda. Hossarlyk ýa-da howandarlyk bellenilýän adamlar**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýedi ýaşa çenli çagalara, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlara hossarlyk bellenilýär.

Hossarlar kanuna laýyklykda hossarlyk edilýänleriň wekilleri bolup durýarlar hem-de olaryň adyndan we olaryň bähbitleri üçin ähli zerur geleşikleri baglaşýarlar.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýedi ýaşdan on sekiz ýaşa çenli çagalara, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlara howandarlyk bellenilýär.

Kämillik ýaşly kämillik ukyby bolan saglyk ýagdaýy sebäpli özleriniň hukuklaryny özbaşdak gorap we borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän adamlara howandarlyk diňe şol adamlaryň haýyşy boýunça bellenilip bilner.

3. Howandarlar howandarlyk edilýänleriň öz hukuklaryny amala aşyrmagynda we borçlaryny ýerine ýetirmeginde olara ýardam edýärler, şeýle hem olary üçinji adamlaryň hyýanatçylyklaryndan gorap saklaýarlar. Howandarlar howandarlyk edilýänleriň özbaşdak baglaşmaga hakly bolmadyk geleşiklerini baglaşmaga razylyk berýärler.

4. Hossarlaryň we howandarlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hukuklary we borçlary bardyr.

Hossarlaryň hossarlyk we howandarlyk edaralaryndan deslapdan ygtyýarlyk alman hossarlyk edilýänleriň adyndan durmuş geleşikleriniň çäklerinden çykýan geleşikleri baglaşmaga haky ýokdur, howandarlaryň bolsa - şolar ýaly geleşikler baglaşylmagyna razylyk bermäge haky ýokdur.

Notarial tertibinde tassyklanylmaga degişli şertnamalary baglaşmak üçin, hossarlyk edilýänleriň degişli hukuklardan ýüz döndermek üçin, emlägi paýlaşmak üçin, ýaşaýyş jaýlaryny çalyşmak we emlägi almak üçin hossarlyk we howandarlyk edarasynyň deslapdan ygtyýarlyk bermegi talap edilýär.

Hossarlaryň we howandarlaryň, olaryň äriniň (aýalynyň) hem-de olaryň ýakyn garyndaşlarynyň hossarlyk edilýänler bilen geleşikler baglaşmaga, şonuň ýaly-da

hossarlyk edilýänler bilen hossarlaryň we howandarlaryň äriniň (aýalyň) we olaryň ýakyn garyndaşlarynyň arasynda geleşikler baglaşylan ýa-da kazyýet işleri ýöredilen mahalynda özleriniň hossarlygynda we howandarlygynda duran adamlaryň adyndan wekilçilik etmäge haky ýokdur.

Hossarlyk edilýäniň adyndan emläk bagyşlamak şertnamasynyň baglaşylmagyna rugsat berilmeýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**131-nji madda. Hossarlyk we howandarlyk edaralary**

1. Hossarlyk we howandarlyk boýunça wezipeleri hossarlyk we howandarlyk edaralary amala aşyrýarlar.

Hossarlyk we howandarlyk etmek kämillik ýaşyna ýetmedik çagalara - bilim edaralarynyň, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlara - saglygy goraýyş edaralarynyň, saglyk ýagdaýy boýunça howandarlyk edilmegi zerur bolan kämillik ukyby bar adamlara - durmuş taýdan goramak edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

2. Hossarlyk we howandarlyk edaralary öz wezipelerini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hossarlyk we howandarlyk edaralary hakynda Düzgünnama laýyklykda amala aşyrýarlar.

**132-nji madda. Hossary ýa-da howandary saýlamak**

1. Hossar ýa-da howandar saýlanyp alnan mahalynda onuň şahsy sypatlary, hossarlyk ýa-da howandarlyk borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyby, onuň bilen hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç bolan adamyň arasyndaky gatnaşyklar şonuň ýaly-da eger mümkin bolsa, howandarlyk edilýäniň islegi nazara alynmalydyr.

2. Kämillik ukyby bolan, ýöne saglyk ýagdaýy sebäpli, özbaşdak öz hukuklaryny goramaga we öz borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk, kemala gelen adama howandar, diňe howandarlyk edilýän adamyň razylygy bilen saýlanylyp alynýar.

3. Şu adamlar hossar ýa-da howandar edilip bellenilip bilinmez:

1) on sekiz ýaşyna ýetmedikler;

2) kanunda bellenilen tertipde kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilenler;

3) ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenler;

4) ozal perzentlige alanlar, eger perzentlige almak perzentlige alanyň öz borçlaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmändigi sebäpli ýatyrylan bolsa;

5) özleriniň üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmändigi sebäpli hossaryň ýa-da howandaryň borçlaryndan çetleşdirilenler;

6) mugallymçylyk we terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly jenaýatlary, şeýle hem bilkastlaýyn agyr we (ýa-da) aýratyn agyr jenaýatlary edendigi üçin iş kesilen, eger olaryň iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kazyýet tarapyndan aýrylmadyk bolsa;

7) arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýän bolsalar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

**133-nji madda. Hossarlygyň we howandarlygyň bellenilýän ýeri. Hossar we howandar bellemegiň tertibi**

1. Hossarlyk we howandarlyk bellenilmäge degişli adamyň ýaşaýan ýeri boýunça hossarlyk ýa-da howandarlyk bellenilýär. Hossarlyk ýa-da howandarlyk käbir halatlarda hossaryň we howandaryň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan bellenilip bilner.

2. Hossarlyk we howandarlyk bellenilýän ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasy bir aýyň içinde hossarlyk we howandarlyk boýunça resminamalary taýýarlaýar hem-de olary häkimiň garamagyna hödürleýär.

3. Häkim hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan berlen resminamalaryň esasynda, hossar ýa-da howandar bellemek hakynda karar çykarýar.

**134-nji madda. Degişli çagalar edaralarynda, durmuş hyzmaty edaralarynda we beýleki edaralarda bolýan adamlara hossarlyk we howandarlyk edilmegi**

1. Degişli çagalar edaralarynda, durmuş hyzmaty edaralarynda we beýleki edaralarda döwlet üpjünçiliginde bolýan adamlara hossarlar we howandarlar bellenilmeýär. Olaryň borçlaryny ýerine ýetirmek şol edaralaryň administrasiýasynyň üstüne ýüklenilýär.

2. Hossarlyk we howandarlyk edaralary saglygy goraýyş, bilim we durmuş taýdan üpjünçilik edaralary bilen bilelikde degişli çagalar edaralarynda, durmuş hyzmaty edaralarynda we beýleki edaralarda bolýan adamlaryň ekläp-saklanylmagynyň, terbiýelenmeginiň, bilim almagynyň şertlerine gözegçilik edýärler.

**135-nji madda. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan we hossarlykda we howandarlykda bolýan çagalaryň hukuklary**

1. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan we hossarlykda we howandarlykda bolýan çagalaryň şulara hukuklary bardyr:

1) eger Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hossaryň we howandaryň maşgalasynda terbiýelenmäge, hossar we howandar tarapyndan alada edilmegine, onuň bilen bilelikde ýaşamaga;

2) ekläp-saklanylmagy, terbiýelenmegi, bilim almagy we hemmetaraplaýyn ösmegi üçin şertler bilen üpjün edilmegine;

3) hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna, ynsan mertebesine hormat goýulmagyna;

4) aliment, şeýle hem döwlet kömek pullaryny we beýleki durmuş tölegleri almaga;

5) ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugynyň, ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugynyň saklanyp galmagyna, ýaşaýyş jaýy bolmadyk mahalynda - Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kanunçylygyna laýyklykda ýaşaýyş jaýyny nobatsyz almaga;

6) şu Kodeksiň 80-nji maddasyna laýyklykda hossar (howandar) tarapyndan hyýanatçylyk edilmeginden goralmaga;

7) giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda döwlet orta we ýokary hünär bilimi edaralaryna bäsleşiksiz kabul edilmäge;

8) işe ýerleşmäge we zähmet hukuklarynyň goralmagyna;

9) Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan başga hukuklara.

2. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan hem-de hossarlykda we howandarlykda bolýan çagalar şu Kodeksiň 79-81-nji maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklara hem eýedirler.

**136-njy madda. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan, degişli çagalar edaralarynda, durmuş hyzmaty edaralarynda we beýleki edaralarda bolýan çagalaryň hukuklary**

1. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan, degişli çagalar edaralarynda, durmuş hyzmaty edaralarynda we beýleki edaralarda bolýan çagalar şu Kodeksiň 79-81-nji maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklara eýedirler.

2. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen edaralarda bolýan çagalaryň şol edaralarda bolmaly wagty gutarandan soň, işe ýerleşmekde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýeňillikler hukugy bardyr.

**137-nji madda. Çaganyň hossarynyň we howandarynyň hukuklary we borçlary**

1. Çaganyň hossarynyň we howandarynyň hossarlygynda we howandarlygynda bolýan çagany terbiýelemäge, onuň saglygy, fiziki, psihiki, ruhy we ahlak ösüşi hakynda alada etmäge hukugy bardyr we oňa borçludyrlar.

2. Hossar we howandar hossarlygynda we howandarlygynda bolýan çaganyň pikirini we hossarlyk we howandarlyk edarasynyň maslahatlaryny nazara almak bilen, şeýle hem şu Kodeksiň 89-njy maddasynyň birinji böleginde bellenilen talaplar berjaý edilende terbiýeçilik usullaryny özbaşdak saýlamaga haklydyr.

3. Hossaryň we howandaryň çaganyň pikirini nazara almak bilen, bilim edarasyny we çaganyň okuwynyň görnüşini saýlamaga hukugy bardyr. Olar çaganyň umumy orta bilim almagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

4. Hossar we howandar kanuny esaslar bolmazdan çagany özlerinde saklaýan islendik adamlardan, şol sanda ýakyn garyndaşlaryndan hossarlygynda we howandarlygynda bolýan çaganyň özüne gaýtarylyp berilmegini kazyýet tertibinde talap etmäge haklydyr.

5. Eger, şeýle gatnaşyk saklanylmagy çaganyň iň gowy bähbitlerine zyýan (zelel) ýetirmeýän bolsa, hossar we howandar çaganyň ata-eneleri we beýleki ýakyn garyndaşlary bilen gatnaşyk saklamagyna päsgel bermäge hakly däldir.

6. Hossar we howandar öz hossarlygynda we howandarlygynda bolýan çaga bilen bilelikde ýaşamaga borçludyr.

7. Käbir halatlarda, hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan, eger bu çaganyň terbiýelenmegine, onuň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna zyýan (zelel) ýetirmese, howandaryň on alty ýaşyna ýeten çaga bilen aýry ýaşamagyna rugsat berlip bilner.

8. Hossar we howandar ýaşaýan ýerini üýtgeden halatynda hossarlyk we howandarlyk edaralaryna habar bermäge borçludyr.

9. Hossarlygynda we howandarlygynda bolýan çaga babatda hossarlyk we howandarlyk boýunça borçlar hossar we howandar tarapyndan mugt ýerine ýetirilýär.

**138-nji madda. Fiziki we ýuridik şahslaryň ata-eneleriniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalar hakynda habar bermek borjy**

Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalar barada habarly bolan fiziki we ýuridik şahslar, çagalaryň hakykatda bolýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edaralarynahaýal etmän habar bermäge borçludyrlar.

**139-njy madda. Hossarlyk we howandarlyk edilýäniň ýaşaýan ýerinden başga ýerde ýerleşýän emlägine hossarlyk etmek**

Hossarlyk ýa-da howandarlyk edilýäniň başga ýerde duran emlägi bar bolsa, onda şol emläge hossarlyk etmek, emlägiň ýerleşýän ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasynyň üstüne ýüklenilýär. Zerur bolan halatynda bu edara emläk saklaýjyny belläp biler.

**140-njy madda. Kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlara hossaryň ýa-da howandaryň bellenilmeginiň zerurdygy barada kazyýeti hossarlyk we howandarlyk edarasyna habar bermek borjy**

Kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýip ykrar etmek hakynda çözgüt çykaran kazyýet, şol adamyň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna, çözgüt kanuny güýje giren gününden başlap üç iş gününiň dowamynda oňa hossar ýa-da howandar bellenilmegi üçin habar bermäge borçludyr.

**141-nji madda. Hossarlaryň we howandarlaryň işine gözegçilik etmek. Hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň kararlaryna şikaýat etmek**

1. Hossarlaryň we howandarlaryň işine gözegçilik etmek işi hossarlyk edilýäniň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Gözegçilik etmegi amala aşyrmagyň tertibi hossarlyk we howandarlyk edaralary hakynda Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

3. Hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan kararlary babatda kazyýete şikaýat edilip bilner.

## VI BÖLÜM. MAŞGALA AGZALARYNYŇ ALIMENT TÖLEMEK BORÇLARY

### 17-nji bap. Ata-eneleriň we çagalaryň aliment tölemek borçlary

**142-nji madda. Ata-eneleriň kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyzçagalaryny ekläp-saklamak borçlary**

1. Ata-eneler kämillik ýaşyna ýetmedik, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz kömege mätäç bolan çagalary, şeýle hem, bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça, ýöne ýigrimi üç ýaşdan uly bolmadyk okaýanlary ekläp-saklamaga borçludyrlar.

2. Çagalary ekläp-saklamagyň şertleri ata-eneler tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

3. Ata-eneler (olaryň biri) şu Kodeksiň 19-njy babyna laýyklykda çagalary ekläp-saklamak barada şertnama baglaşmaga haklydyrlar.

4. Eger ata-eneler çagalaryny ekläp-saklamaýan bolsalar, olary ekläp-saklamak üçin serişdeler kazyýet tertibinde tutulyp alynýar.

**143-nji madda. Çagalary ekläp-saklamak üçin aliment tutulyp alynýan girdejiler**

Ata-eneleriň arasynda çagalary ekläp-saklamak barada şertnama bolmadyk mahalynda, çagany ekläp-saklamak üçin aliment şu Kodeksiň 144-nji maddasynda bellenilen möçberde kazyýet tertibinde ata-eneleriň girdejileriniň ähli görnüşlerinden tutulyp alynýar.

**144-nji madda. Ata-enesinden (olaryň birinden) çagany ekläp-saklamak üçin tutulýan alimentiň möçberi**

1. Çagany ekläp-saklamak üçin aliment ata-enesinden (olaryň birinden) her aýda şu möçberde tutulyp alynýar:

1) bir çaga üçin - girdejiniň dörtden biri;

2) iki çaga üçin - girdejiniň üçden biri;

3) üç we şondan köp çaga üçin - girdejiniň ýarysy.

2. Eger aliment tölemäge borçly atanyň (enäniň) kämillik ýaşyna ýetmedik başga çagalary bolup, şu maddada bellenilen möçberde aliment alynýan mahalynda şol çagalaryň maddy taýdan üpjünçiligi aliment alýan çagalaryňkydan az bolsa, şeýle hem aliment töleýän ata (ene) I ýa-da II topar maýyplygy bolan adam bolup durýan halatlarynda, ýa-da çagalar işleýän we olaryň ýeterlik girdejisi bar bolsa, ýa başga esasly sebäpler bolanda, aliment tölemegiň şol bellenilen möçberleri kazyýet tarapyndan azaldylyp bilner.

3. Eger çagalar doly döwlet üpjünçiliginde saklanylýan bolsalar, kazyýet alimentiň möçberini azaltmaga ýa-da ata-enäni (olaryň birini) aliment tölemekden boşatmaga haklydyr.

*(2018-nji ýylyň 1-njidekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №3-4, 109-njy madda)*

**145-nji madda. Çagany ekläp-saklamak üçin alimentiň bellenilen pul möçberinde tutulyp alynmagy**

1. Şu Kodeksiň 142-nji maddasyna laýyklykda çagany ekläp-saklamak üçin aliment tölemäge borçly atanyň (enäniň) wagtly-wagtynda alynmaýan, üýtgäp durýan girdejisi bolan halatynda, şeýle hem şu Kodeksiň 144-nji maddasynyň birinji böleginde bellenilen möçberlerde alimentiň tutulyp alynmagy mümkin bolmadyk ýa-da kyn bolan halatlarynda, alimentiň tölenilmegini talap edýän adamyň haýyşy boýunça, aliment almaly bolan adam bilen aliment tölemäge borçly adamyň özara ylalaşygy boýunça her aýda tölenilmäge degişli kesgitlenen pul möçberinde, jedel ýüze çykan halatynda bolsa - kazyýetiň çözgüdi bilen kesgitlenilip bilner.

2. Kesgitlenen puluň möçberi taraplaryň maliýe mümkinçiliklerini we maşgala ýagdaýlaryny hem-de üns berilmäge degişli bolan beýleki ýagdaýlaryny nazara almak bilen, çaganyň ýeterlik derejede üpjün edilmegine mümkinçilik berýän maddy ýagdaýyna görä kesgitlenilýär.

3. Eger çagalar ata-enäniň her haýsysynyň ýanynda galýan bolsa, ata-enäniň birinden üpjünçiligi pes bolan atanyň (enäniň) beýlekisiniň haýryna her aýda tutulyp alynýan alimentiň möçberi kazyýet tarapyndan şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda kesgitlenilýär.

**146-njy madda. Ata-enäniň çagany ekläp-saklamak üçin goşmaça çykdajy etmäge gatnaşmagy**

1. Çagany ekläp-saklamak üçin aliment töleýän ata-ene aýratyn ýagdaýlaryň ýüze çykmagy (çaganyň agyr kesellemegi, şikes ýetmegi, başga adamlar tarapyndan seredilmeginiň zerurlygy we ş.m.) zerarly goşmaça çykdajylary etmek üçin gatnaşmaga çekilip bilnerler.

2. Ata-enäniň goşmaça çykdajylary etmäge gatnaşmagynyň tertibi we şol çykdajylaryň möçberi kazyýet tarapyndan ata-enäniň we çaganyň, şeýle hem taraplaryň beýleki bähbitlerini nazara almak bilen kesgitlenilýär.

3. Kazyýet ata-enäni hakyky goşmaça çykdajylary etmäge, şeýle hem geljekde edilmegi zerur boljak goşmaça çykdajylaryň edilmegine gatnaşmaga borçly etmäge haklydyr.

*(2018-nji ýylyň 1-njidekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №3-4, 109-njy madda)*

**147-nji madda. Kazyýet tarapyndan işe garalmazdan öň alimentiň wagtlaýyn tutulyp alynmagy**

Şu Kodeksiň 70-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda jogap berijiniň çaganyň atasy (enesi) diýlip ýazylan halatlarynda kazy ýa-da kazyýet işe garalmazdan öň alimentiň wagtlaýyn tutulyp alynmagy hakynda kesgitnama çykarmaga haklydyr. Şol alimentiň möçberi şu Kodeksiň 144-nji, 145-nji maddalaryna laýyklykda bellenilip bilner.

**148-nji madda. Çagany ekläp-saklamak üçin ata-enesinden tutulyp alynýan alimentiň möçberiniň üýtgedilmegi**

1. Şu Kodeksiň 144-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolan mahalynda çagany ekläp-saklamak üçin aliment töleýän ata (ene) kazyýetiň çözgüdinde ýa-da kazynyň kararynda bellenilen alimentiň möçberini azaltmak hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

2. Şu Kodeksiň 144-nji maddasynyň üçinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda aliment töleýän ata (ene) alimentiň möçberini azaltmak ýa-da ony tölemekden boşatmak hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

3. Şu Kodeksiň 145-nji maddasyna laýyklykda çagany ekläp-saklamak üçin aliment töleýän atanyň (enäniň) maddy we maşgala ýagdaýy üýtgän mahalynda kazyýet gyzyklanýan adamyň hak islegi boýunça alimentiň möçberini üýtgetmäge haklydyr.

4. Alimentiň möçberini azaltmaga esas bolup hyzmat edýän ýagdaýlar aýrylanda çagany ekläp-saklamak üçin aliment alýan adam şu Kodeksiň 144-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan möçberde alimenti tutup almak hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

**149-njy madda. Alimentiň möçberiniň kazyýetiň birnäçe çözgüdi ýa-da kazynyň karary boýunça alynmaly edilen halatlarynda üýtgedilmegi**

1. Eger aýry ata-eneden bolan çagalary ekläp-saklamak üçin kazyýetiň birnäçe çözgüdi ýa-da kazynyň karary boýunça atanyň (enäniň) birinden alynmaly edilen alimentiň umumy möçberi şu Kodeksiň 144-nji maddasynda göz öňünde tutulan alimentiň möçberinden artýan bolsa, aliment töleýän ata (ene) aliment almak hakynda kimiň peýdasyna kazyýetiň çözgüdi ýa-da kazynyň karary çykarylan bolsa, şol adamlaryň her birine alimentiň möçberini azaltmak hakynda hak islegini bildirip biler.

2. Şunuň ýaly hak islegine garan mahalynda kazyýetiň çözgütleriniň ýa-da kazynyň kararynyň hemmesi boýunça tölenilmeli aliment barasynda şu Kodeksiň 144-nji maddasynda bellenilen möçberden ugur alyp, kazyýet özleri barasynda kazyýetiň çözgüdi ýa-da kazynyň karary çykarylan çagalaryň her birine deň paýlarda düşýän alimentiň täze azaldylan möçberi kesgitlenilýär.

3. Alimentiň möçberini azaltmaga esas bolup hyzmat eden ýagdaýlar aýrylanda çagany ekläp-saklamak üçin aliment alýan adam şu Kodeksiň 144-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan möçberde aliment tutup almak hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

**150-nji madda. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin alimentiň tutulyp alynmagy we peýdalanylmagy**

1. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalary ekläp-saklamak üçin aliment şu Kodeksiň 144-nji, 145-nji maddalaryna laýyklykda tutulyp alynýar we çagalaryň hossaryna (howandaryna) tölenilýär.

2. Ata-eneleriniň howandarlygyndan galan we durmuş hyzmaty edaralarynda ýa-da beýleki edaralarda bolýan çagalar üçin ata-enelerden tutulyp alynýan aliment, ol edaralaryň her bir çaga boýunça aýratynlykda hasaba alynýan hasaplaryna geçirilýär we onuň eýeçiligi bolup durýar.

Görkezilen edaralar alimentleri şol çagalaryň her biriniň Türkmenistanyň karz edaralarynda açylýan şahsy hasaplaryna geçirmäge borçludyrlar. Şunda şol şahsy hasaplarda duran pul serişdelerine Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilýän gaýtadan maliýeleşdirmegiň möçberinden pes bolmadyk girdeji hasaplanyp ýazylýar.

3. Şol çagalaryň her biriniň şahsy hasabynda toplanan serişdeleriň tölenilmegi, olar on sekiz ýaşyna ýetende, olaryň ýüz tutmagy boýunça geçirilýär.

**151-nji madda. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin alimentiň möçberi**

Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin her aýda ata-enelerden tutulyp alynýan alimentiň möçberi ata-eneleriň we çagalaryň maddy we maşgala ýagdaýyny nazara almak bilen, kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

**152-nji madda. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak borjy**

1. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamaga we olar hakda alada etmäge borçludyrlar.

2. Zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak üçin aliment tölemek hakynda şertnama bolmadyk mahalynda, olar kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryndan kazyýet tertibinde tutulyp alynýar.

3. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply her bir çagadan her aýda tutulyp alynýan alimentiň möçberi ata-eneleriň we çagalaryň maddy we maşgala ýagdaýyny, şeýle hem taraplaryň beýleki bähbitlerini nazara almak bilen, kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Alimentiň möçberi kesgitlenen mahalynda ähli çagalaryna, olaryň birine ýa-da olaryň birnäçesine talap bildirilendigine garamazdan, kazyýet atanyň (enäniň) ähli zähmete ukyply kämillik ýaşyna ýeten çagalaryny nazara almaga haklydyr.

5. Eger ata-eneleriň öz ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderendikleri kazyýet tarapyndan anyklanan bolsa, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak borçlaryndan boşadylyp bilner.

6. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak üçin aliment tölemekden boşadylýarlar.

**153-nji madda. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň zähmete ukypsyz ata-enesini ekläp-saklamak üçin goşmaça çykdajylaryň edilmegine gatnaşmagy**

1. Zähmete ukypsyz ata-enesini ekläp-saklamak üçin aliment töleýän kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar aýratyn ýagdaýlaryň (ata-enesiniň agyr kesellemegi, şikes

ýetmegi ýa-da olara başga adamlar tarapyndan seredilmegiň töleginiň zerurlygy) ýüze çykmagy zerarly goşmaça çykdajylaryň edilmegine gatnaşmaga çekilip bilnerler.

2. Her bir kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çaganyň goşmaça çykdajylaryň edilmegine gatnaşmagynyň tertibi we şol çykdajylaryň möçberi kazyýet tarapyndan ata-eneleriň we çagalaryň maddy hem-de maşgala ýagdaýyny, şeýle hem taraplaryň beýleki bähbitlerini nazara almak bilen kesgitlenilýär.

3. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň goşmaça çykdajylaryň edilmegine gatnaşmagynyň tertibi we şol çykdajylaryň möçberi şertnama bilen kesgitlenilip bilner.

*(2018-nji ýylyň 1-njidekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №3-4, 109-njy madda)*

**154-nji madda. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin ata-enelerinden we zähmete ukypsyz ata-ene üçin çagalardan tutulyp alynýan alimentiň möçberiniň üýtgedilmegi**

Ata-enäniň we çagalaryň maddy ýa-da maşgala ýagdaýy üýtgän ýagdaýynda, kazyýetkämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalaryň ýa-da zähmete ukypsyz ata-enäniň hak islegi boýunça alimentiň bellenilen möçberini üýtgetmäge haklydyr.

## 18-nji bap. Maşgalanyň beýleki agzalarynyň aliment tölemek borçlary

**155-nji madda. Doganlaryň öz kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz doganlaryny ekläp-saklamak borjy**

Serişdeleri ýeterlik bolan doganlar, ata-enesi bolmadyk ýa-da olardan eklenç alyp bilmeýän kämillik ýaşyna ýetmedik kömege mätäç bolan öz doganlaryny ekläp-saklamaga borçludyrlar. Olar şeýle borçlary, kämillik ýaşyna ýeten kömege mätäç bolan doganlary babatda, eger olaryň ata-enesi bolmasa ýa-da olar ata-enesinden, ärinden (aýalyndan) ýa-da öňki ärinden (aýalyndan) ýa-da çagalaryndan eklenç alyp bilmeýän bolsalar hem ýerine ýetirýärler.

**156-njy madda. Atasynyň we enesiniň, babasynyň we mamasynyň öz agtyklaryny ekläp-saklamak borjy**

Kömege mätäç bolan kämillik ýaşyna ýetmedik agtyklaryň öz ata-enelerinden eklenç almaga mümkinçiligi bolmadyk halatynda serişdeleri ýeterlik bolan atasyndan we enesinden, babasyndan we mamasyndan aliment almaga hukugy bardyr. Öz ärinden (aýalyndan) ýa-da öňki ärinden (aýalyndan) ýa-da ata-enesinden eklenç alyp bilmeýän, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz agtyklaryň hem şeýle hukugy bardyr.

**157-nji madda. Agtyklarynyň atasyny we enesini, babasyny we mamasyny ekläp-saklamak borjy**

Kömege mätäç bolan zähmete ukypsyz atasynyň we enesiniň, babasynyň we mamasynyň öz kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalary bolmasa ýa-da olardan, şeýle hem ärinden (aýalyndan) ýa-da öňki ärinden (aýalyndan) eklenç almaga mümkinçiligi bolmadyk halatynda serişdesi ýeterlik bolan öz agtyklaryndan aliment almaga hukugy bardyr.

**158-nji madda. Hakyky terbiýeçileriň öz terbiýeleýänlerini ekläp-saklamak borjy**

1. Eger terbiýelenýänleriniň ata-eneleri bolmasa ýa-da olardan eklenç alyp bilmeýän bolsalar, hakyky terbiýeçiler öz terbiýeleýänlerini mundan beýläk terbiýelemekden ýüz dönderen halatynda hem ekläp-saklamaga borçludyrlar.

2. Şu maddada göz öňünde tutulan borçlar hossarlar (howandarlar) hökmünde çagalary terbiýelemegi amala aşyrýan adamlaryň üstüne ýüklenilmeýär.

**159-njy madda. Terbiýelenenleriň öz hakyky terbiýeçilerini ekläp-saklamak borjy**

1. Hakykatda terbiýeçisi bolanyň hemişelik terbiýelemeginde we ekläp-saklamagynda bolan terbiýelenenler, öz ata-enesinden, çagalaryndan, ärinden (aýalyndan) ýa-da öňki ärinden (aýalyndan) eklenç alyp bilmeýän zähmete ukypsyz kömege mätäç bolan terbiýeçilerini ekläp-saklamaga borçludyrlar.

2. Eger hakyky terbiýeçiler terbiýeleýänlerini bäş ýyldan az terbiýelän we ekläp-saklan ýa-da öz borçlaryny talaba laýyk ýerine ýetirmedik bolsalar, kazyýet terbiýelenenleri öz hakyky terbiýeçilerini ekläp-saklamak borçlaryndan boşatmaga haklydyr.

**160-njy madda. Öweý kakasynyň (öweý ejesiniň) öweý ogluny (öweý gyzyny) ekläp-saklamak borjy**

Eger öz ata-enelerinden eklenç alyp bilmeýän bolsalar, öweý kakasy (öweý ejesi) öz kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz öweý ogluny (öweý gyzyny) ekläp-saklamaga borçludyr.

**161-nji madda. Öweý ogullaryň (öweý gyzlaryň) öweý kakasyny (öweý ejesini) ekläp-saklamak borjy**

1. Egeröweýkakasy (öweý ejesi) öz ata-enesinden, kämillik ýaşyna ýeten çagalaryndan, ärinden (aýalyndan) ýa-da öňki ärinden (aýalyndan) eklenç alyp bilmeýän bolsalar, ýeterlik serişdeleri bar bolan öweý ogullar (öweý gyzlar) öweý kakasyny (öweý ejesini) ekläp-saklamaga borçludyrlar.

2. Eger öweý kakasy (öweý ejesi) öweý ogullaryny (öweý gyzlaryny) bäş ýyldan az terbiýelän we ekläp-saklan ýa-da öz borçlaryny talaba laýyk ýerine ýetirmedik bolsalar, kazyýet öweý ogullaryny (öweý gyzlaryny) olary ekläp-saklamak borçlaryndan boşatmaga haklydyr.

**162-nji madda. Maşgala agzalaryny ekläp-saklamak üçin tutulyp alynýan alimentiň möçberi**

1. Maşgala agzalaryny ekläp-saklamak üçin tutulyp alynýan alimentiň möçberi kazyýet tarapyndan aliment tutulyp alynýan adamyň hem-de olary alýan adamyň maddy we maşgala ýagdaýyny nazara almak bilen her aýda tölenilmäge degişli kesgitlenilen pul möçberinde bellenilýär.

2. Eger aliment talap edýän maşgala agzasyny bir wagtyň özünde birnäçe adam ekläp-saklamaga borçly bolsa, onda kazyýet öz başlangyjy ýa-da aliment tutulyp alynýan adamyň arzasy boýunça, olaryň maddy we maşgala ýagdaýyna görä, olaryň her biriniň aliment borçlaryny ýerine ýetirmäge gatnaşmagynyň möçberini kesgitleýär. Alimentiň möçberi kesgitlenilen mahalynda kazyýet şol adamlaryň hemmesine, olaryň birine ýa-da olaryň birnäçesine hak isleginiň bildirilendigine garamazdan, aliment tölemäge borçly bolan adamlaryň hemmesini nazara almaga haklydyr.

## 19-njy bap. Aliment tölemek hakynda şertnama

**163-nji madda. Aliment tölemek hakynda şertnamanyň baglaşylmagy**

Aliment tölemek hakynda şertnama aliment tölemäge borçly adam bilen ony alýan adamyň arasyndaky meýletin ylalaşyk boýunça, aliment tölemäge borçly adamyň ýa-da aliment alýanyň kämillik ukyby ýok bolan mahalynda - ol adamlaryň kanuny wekilleriniň arasynda baglaşylyp bilner. Kämillik ukyby çäklendirilen adamlar aliment tölemek hakynda şertnamany öz howandarlarynyň razylygy bilen baglaşýarlar.

**164-nji madda. Aliment tölemek hakynda şertnamanyň görnüşi**

1. Aliment tölemek hakynda şertnama aliment tölemäge borçly adamyň, aliment alýanyň we ekläp-saklamak üçin aliment tutulyp alynýan çaganyň maglumatlaryny, alimentiň möçberini, ony tölemegiň şertlerini we tertibini görkezmek bilen ýazmaça görnüşde baglaşylýar we notarial tertibinde tassyklanylmaga degişlidir.

2. Aliment tölemek hakynda notarial tertibinde tassyklanylan şertnamanyň ýerine ýetiriş namasy ýaly güýji bardyr.

3. Aliment tölemek hakynda şertnamanyň görnüşi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

*(2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2015 ý., № 4, 129-njy madda; 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**165-nji madda. Aliment tölemek hakynda şertnamanyň baglaşylmagynyň, ýerine ýetirilmeginiň, üýtgedilmeginiň, ýatyrylmagynyň we hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň tertibi**

1. Eger şu maddada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, aliment tölemek hakynda şertnama baglaşylanda, ýerine ýetirilende, üýtgedilende, ýatyrylanda we hakyky däl diýlip ykrar edilende Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň kadalary ulanylýar.

2. Aliment tölemek hakynda şertnama taraplaryň özara ylalaşygy boýunça islendik wagtda üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner. Aliment tölemek hakynda şertnamanyň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy hökman aliment tölemek hakynda şertnama baglaşylandaky ýaly görnüşde we tertipde geçirilmelidir.

3. Aliment tölemek hakynda şertnamany ýerine ýetirmekden bir taraplayyň ýüz dönderilmegine ýa-da onuň şertleriniň bir taraplaýyn üýtgedilmegine ýol berilmeýär.

4. Taraplaryň maddy ýa-da maşgala ýagdaýy düýpli üýtgän halatynda, şeýle hem aliment tölemek hakynda şertnamany üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakynda jedel ýüze çykan halatynda gyzyklanýan tarap kazyýete hak islegi bilen ýüz tutmaga haklydyr. Aliment tölemek hakynda şertnamany üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakynda meselä garalan mahalynda, kazyýet taraplaryň üns berilmäge degişli islendik bähbitlerini nazara almaga haklydyr.

**166-njy madda. Aliment tölemek hakynda şertnamanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň tertibi**

Şu Kodeksiň 164-nji maddasynyň talaplary berjaý edilmedik halatynda aliment tölemek hakynda şertnamada göz öňünde tutulan ekläp-saklamagyň şertleri çaganyň ýa-da kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz maşgala agzasynyň kanuny bähbitlerini bozýan bolsa, çaganyň ýa-da kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyby ýok maşgala agzasynyň kanuny wekiliniň, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň, şeýle hem prokuroryň arzasy boýunça kazyýet tertibinde aliment tölemek hakynda şertnama hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**167-nji madda. Aliment tölemek hakynda şertnama boýunça tölenilýän alimentiň möçberi**

1. Aliment tölemek hakyndaşertnama boýunça tölenilýän alimentiň möçberi taraplar tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Aliment tölemek hakyndaşertnama boýunça bellenilýän alimentiň möçberi onuň şu Kodeksiň 144-nji maddasyna laýyklykda kazyýet tertibinde aliment tutulyp alnan mahalynda alyp biljek alimentiniň möçberinden az bolmaly däldir.

**168-nji madda. Aliment tölemek hakynda şertnama boýunça aliment tölemegiň usullary we tertibi**

1. Aliment tölemek hakynda şertnama boýunça aliment tölemegiň usullary we tertibi şol şertnama bilen kesgitlenilýär.

2. Aliment her aýda tölenilýän kesgitlenen pul möçberindäki, bir wagtlaýyn tölenilýän kesgitlenen pul möçberindäki, emläk bermek arkaly, şeýle hem özleri babatda şertnama baglaşylan başga usullar bilen tölemäge borçly adamyň girdejisine göterim gatnaşygynda tölenilip bilner.

Aliment tölemek hakynda şertnamada aliment tölemegiň dürli usullarynyň utgaşdyrylmagy göz öňünde tutulyp bilner.

**169-njy madda. Aliment tölemek hakynda şertnama boýunça tölenilýän alimentiň möçberiniň indeksirlenilmegi**

Aliment tölemek hakynda şertnama boýunça tölenilýän alimentiň möçberiniň indeksirlenilmegi şu Kodeksiň 182-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**20-nji bap. Aliment almagyň we tölemegiň tertibi**

**170-nji madda. Aliment almak hakynda talap bilen kazyýete ýüz tutmaga bolan hukuk**

Şu Kodeksiň 142-162-nji maddalarynda görkezilen maşgala agzalary aliment tölemek hakynda notarial tertibinde tassyklanan şertnama bolmadyk mahalynda aliment almak hakynda talap bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**171-nji madda. Aliment almak hakynda kazyýete ýüz tutmagyň möhletleri**

Aliment almaga hukugy bolan adamyň aliment almak hukugy ýüze çykan pursatyndan soň geçen möhlete garamazdan, islendik wagt kazyýete aliment almak barada arza bilen ýüz tutmaga haklydyr.

**172-nji madda. Kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň administrasiýasynyň aliment tutup almak borjy**

Aliment töleýän işgäri bolup durýan, guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhananyň, guramanyň ýa-da edaranyň administrasiýasy (mundan beýläk - kärhana) aliment tölemek hakynda şertnama ýa-da ýerine ýetiriş nama esasynda şertnamada ýa-da ýerine ýetiriş namada görkezilen adamyň girdejisinden her aýda aliment tutmaga, aliment töleýän adama girdeji tölenilen günden başlap üç iş gününiň dowamynda ony aliment alýana tölemäge ýa-da geçirmäge borçludyr.

**173-nji madda. Aliment tölemek hakynda şertnama esasynda alimentiň tutulyp alynmagy**

Aliment tölemek hakynda şertnama esasynda alimentiň tutulyp alynmagy, aliment tölemäge borçly bolan adamyň şeýle şertnama we ýerine ýetiriş nama esasynda tutulyp

alnan umumy pul möçberi onuň girdejisiniň elli göteriminden geçýän halatynda hem geçirilip bilner.

**174-nji madda. Aliment tölemäge borçly adamyň iş ýeriniň üýtgändigi hakynda habar bermek borjy**

1. Kazyýetiň çözgüdi ýa-da aliment tölemek hakynda şertnama esasynda aliment tutup almagy amala aşyrýan kärhananyň administrasiýasy aliment tutup almak barada kazyýetiň çözgüdiniň ýa-da kazynyň kararynyň ýerine ýetirilýän ýerindäki kazyýet ýerine ýetirijisine hem-de aliment alýana aliment tölemäge borçly adamyň işden çykandygy hakynda, şeýle hem onuň täze iş ýeri ýa-da ýaşaýan ýeri oňa belli bolsa, üç iş gününiň dowamynda habar bermäge borçludyr.

2. Aliment tölemäge borçly adam üç iş gününiň dowamynda kazyýet ýerine ýetirijisine we aliment alýan adama işleýän ýa-da ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi hakynda, şeýle hem goşmaça girdejisiniň bardygy hakynda habar bermäge borçludyr.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen maglumatlar esassyz sebäplere görä habar berilmedik halatynda munuň üçin günäkär wezipeli adam hem-de beýleki raýatlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

**175-nji madda. Aliment boýunça berginiň kesgitlenilişi**

1. Geçen wagt üçin ýerine ýetiriş nama we aliment tölemek hakynda şertnama boýunça alimentiň tutulyp alynmagy, eger olar esasly sebäpler boýunça berilmedik bolsa, ýerine ýetiriş resminamasy tutulyp alynmaga berilmezinden öň üç ýyl möhletiň çäklerinde geçirilýär.

2. Alimentiň ýerine ýetiriş namanyň ýa-da aliment tölemek hakynda şertnamanyň esasynda tutulyp alynmagy aliment tölemäge borçly adamyň günäsi boýunça geçirilmedik halatlarynda, alimentiň tutulyp alynmagy bellenilen wagt möhletine garamazdan, bütin döwür üçin geçirilýär.

3. Berginiň möçberi kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan kazyýetiň çözgüdi ýa-da kazynyň karary, ýa-da aliment tölemek hakynda şertnama boýunça bellenilen möçberden ugur alnyp kesgitlenilýär.

4. Şu Kodeksiň 142-nji, 144-nji maddalaryna laýyklykda çaga üçin tölenilýän aliment boýunça berginiň möçberi aliment tölemäge borçly adamyň alimentiň tutulyp alynmagy geçirilmedik döwrüniň dowamyndaky girdejisinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Eger aliment tölemäge borçly adam bu döwürde işlemedik bolsa ýa-da onuň girdejisini tassyklaýan resminamalar berilmese aliment boýunça bergi berginiň tutulyp alynmaly wagtyndaky zähmet hakynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Eger berginiň şeýle kesgitlenilmegi taraplaryň production biriniň bähbitlerini düýpli bozýan bolsa, bähbitleri bozulan tarap kazyýete ýüz tutmaga haklydyr, ol bergini taraplaryň maddy we maşgala ýagdaýyny, şeýle hem beýleki üns berilmäge degişli ýagdaýlary nazara almak bilen, bellenilen pul möçberinde kesgitläp biler.

**176-njy madda. Aliment tölemekden boşatmak ýa-da olar boýunça berginiň azaldylmagy**

1. Aliment tölemekden boşatmak ýa-da olar boýunça berginiň azaldylmagy diňe kazyýetiň çözgüdi esasynda geçirilýär.

2. Eger kazyýet aliment töleýäniň näsaglygy sebäpli ýa-da esasly başga sebäplere görä aliment tölenilmändigini hem-de aliment töleýäniň maddy we maşgala ýagdaýynyň emele gelen bergini üzmäge mümkinçilik bermeýändigini anyklasa, aliment töleýäniň hak islegi boýunça, aliment babatda emele gelen bergini tölemekden ony doly ýa-da bölekleýin boşatmaga haklydyr.

**177-nji madda. Aliment tölemäge borçly adamyň emläginiň hasabyna alimentiň tutulyp alynmagy**

1. Aliment tölemäge borçly adamyň gazanjy ýa-da beýleki girdejisi ýeterlik bolmadyk halatynda, aliment onuň karz edaralaryndaky hasaplarynda duran pul serişdelerinden tutulyp alynýar. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şol serişdeleriň ýeterlik bolmadyk halatynda aliment onuň emläginiň hasabyna tutulyp alynýar.

2. Aliment tölemäge borçly adamyň hasaplarynda duran pul serişdeleriniň ýa-da onuň emläginden alimentiň tutulyp alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde geçirilýär.

**178-nji madda. Alimenti başga zadyň deregine hasap etmegiň we yzyna töletdirip almagyň ýol berilmezligi**

1. Aliment başga garşylykly talaplar boýunça başga zadyň deregine hasap edilip bilinmez.

2. Alimentiň tölenilen möçberleri yzyna talap edilip alnyp bilinmez, şu halatlar muňa degişli däldir:

1) aliment alýanyň ýalan maglumatlary habar berendigi ýa-da galp resminamalary berendigi sebäpli, kazyýetiň aliment tölemek hakynda çözgüdi ýatyrylanda;

2) aliment alýanyň aldamagynyň, gorkuzmagynyň ýa-da zorluk etmeginiň täsiri bilen şertnama baglaşylandygy sebäpli, aliment tölemek hakynda şertnama hakyky däl diýlip ykrar edilende;

3) kazyýetiň hökümi bilen alimentiň tölenilmegine esas bolan kazyýetiň çözgüdiniň, aliment tölemek hakynda şertnamanyň ýa-da ýerine ýetiriş namanyň galplaşdyrylandygynyň fakty anyklanylanda.

3. Eger şu maddanyň ikinji böleginde sanalyp geçilen hereketler aliment tölenilýän çaganyň ýa-da kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyby ýok adamyň kanuny wekili tarapyndan amala aşyrylan bolsa, aliment yzyna alynmaýar, tölenilen alimentiň möçberi bolsa, aliment tölemäge borçly adamyň hak islegi boýunça günäkär kanuny wekilden tutulyp alynýar.

**179-njy madda. Aliment tölemäge borçly adamyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp giden halatynda alimentiň tölenilmegi**

1. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp gidýän, kanun boýunça maşgala agzalaryna eklenç bermäge borçly bolan adam, şu Kodeksiň 163-165-nji, 167-nji, 168-nji maddalaryna laýyklykda olar bilen aliment tölemek hakynda şertnama baglaşmaga haklydyr.

2. Düşünişmezlik ýüze çykanda gyzyklanýan adam alimentiň möçberini kesgitlenen pul möçberiniň bellenilmegi hem-de alimentiň birwagtlaýyn tölenilmegi ýa-da alimentiň hasabyna belli bir emlägiň berilmegi, ýa-da alimentiň başga usul bilen tölenilmegi hakynda talap bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

**180-nji madda. Alimentiň kazyýet tarapyndan bellenilen möçberine gaýtadan seredilmegi**

Aliment töleýän ýa-da alýan adamlaryň maddy ýa-da maşgala ýagdaýlary üýtgän halatynda kazyýet alimentiň öň bellenilen möçberine gaýtadan seretmäge ýa-da ol adamlary aliment tölemekden boşatmaga haklydyr.

**181-nji madda. Aliment borçnamalarynyň bes edilmegi**

1. Aliment tölemek hakynda şertnamada bellenilen aliment borçnamalary şu şertnamada bellenilen esaslar boýunça, eger bu şertnamada göz öňünde tutulmadyk halatynda bolsa - taraplaryň biriniň ölmegi ýa-da şertnamanyň hereket ediş möhletiniň geçmegi bilen bes edilýär.

2. Kazyýet tertibinde tutulyp alynýan alimentiň tölenilmegi şu ýagdaýlarda bes edilýär:

1) çaganyň on sekiz ýaşyna ýetmegi bilen ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigiň on sekiz ýaşyna ýetýänçä doly kämillik ukybyna eýe bolanda;

2) bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça okaýanyň, ýigrimi üç ýaşyna ýetende;

3) ekläp-saklanylmagy üçin aliment tutulyp alynýan çaga perzentlige alnanda;

4) aliment alýanyň zähmete ukyplylygynyň dikeldilmegi ýa-da onuň kömege mätäçliginiň bes edilendigi kazyýet tarapyndan ykrar edilende;

5) taraplaryň biriniň ölendigi sebäpli;

6) alimentiň tutulyp alynmagyna esaslaryň aýrylan beýleki halatlarynda.

**182-nji madda. Alimentiň indeksirlenilmegi**

1. Alimentiň indeksirlenilmegi aliment tölemek hakynda şertnama laýyklykda geçirilýär. Eger aliment tölemek hakynda şertnamada indeksirlenmegiň tertibi göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ol şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda geçirilýär.

2. Kazyýetiň çözgüdi boýunça kesgitlenen pul möçberinde tutulyp alynýan alimentiň indeksirlenilmegi alimentiň tutulýan ýerindäki kärhananyň administrasiýasy tarapyndan zähmet hakynyň köpelişine barabarlykda geçirilýär.

## VII BÖLÜM. RAÝAT ÝAGDAÝYNYŇ NAMALARY

### 21-nji bap. Umumy düzgünler

**183-nji madda. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy**

1. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy raýatlaryň şahsy emläk däl we emläk hukuklaryny goramak maksady bilen, şeýle hem döwletiň bähbitleri üçin bellenilýär.

2. Dogluş, nikanyň baglaşylmagy, nikanyň bozulmagy, perzentlige alynmagy, atalygyň anyklanylmagy, familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmegi, ölüm döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir.

**184-nji madda. RÝNÝ edaralarynyň ygtyýarlyklary**

1. RÝNÝ edaralary fiziki şahslaryň degişli hereketleriniň ýa-da bu adamlaryň hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagyna, üýtgemegine ýa-da bes edilmegine täsir edýän, şeýle hem hukuk ýagdaýyny häsiýetlendirýän wakalaryň hakykylygyny tassyklamak maksady bilen raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny geçirýärler.

RÝNÝ edaralary öz wezipelerini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan RÝNÝ edaralary hakynda düzgünnama laýyklykda amala aşyrýarlar.

2. Welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etraplaryň häkimlikleriniň RÝNÝ bölümleri dogluşyň, nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, perzentlige alynmagynyň, atalygyň anyklanylmagynyň, familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň, ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny

geçirýärler. Olar şeýle hem gaýtadan şahadatnamalar we güwänamalar berýärler, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizýärler, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny ýatyrýarlar we (ýa-da) dikeldýärler, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnyşynyň kitaplaryny (mundan beýläk – nama kitaplary) saklaýarlar, raýat ýagdaýynyň namalary hasaba alnan adamlaryň elipbiý tertibinde sanawyny ýöredýärler.

3. Geňeşler dogluşyň, nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, atalygyň anyklanylmagynyň, ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny geçirýärler, şeýle hem güwanamalary berýärler.

4. Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň dogluşyny, nika baglaşmagyny, nika bozmagyny, perzentlige almagyny, atalygynyň anyklanylmagyny, familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmegini, ölümini döwlet tarapyndan bellige almagy geçirýärler, gaýtadan şahadatnamalar we güwänamalar bermegi amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary Türkmenistanyň raýatlarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň RÝNÝ edaralarynda raýat ýagdaýynyň namalary bellige alnan we Türkmenistanyň çäginden daşynda hemişelik ýaşaýan, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek hakynda, şeýle hem raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny ýatyrmak we (ýa-da) dikeltmek hakynda haýyşnamalaryny kabul edýärler.

5. Raýat ýagdaýynyň nama ýazgysynyň dikeldilmegi ýitirilen raýat ýagdaýynyň nama ýazgysynyň ýazylan ýa-da özi barada nama ýazgysy dikeldilýän adamyň ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edaralary tarapyndan kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi esasynda geçirilýär. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnan ýerindäki RÝNÝ edarasy hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň dikeldilmäge degişli ýazgysynyň saklanylýan ýeri bolan Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky RÝNÝ Merkezi arhiwi tarapyndan berlen ilkinji ýa-da dikeldilen raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýokdugy hakynda güwanama kazyýete ýüz tutmak üçin esas bolup durýar.

6. Ilkinji ýa-da dikeldilen raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýatyrylmagy, kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi esasynda ýatyrylmaga degişli bolan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň saklanylýan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda; 2014 ý., №1,50-nji madda)*

**185-nji madda. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda düzgünnama.Nama kitaplary**

1. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar, düzedişler girizilmegi, onuň ýatyrylmagy we (ýa-da) dikeldilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibi hakynda düzgünnama laýyklykda geçirilýär.

2. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy nama kitaplarynda geçirilýär.

3. Nama kitaplarynyň we nama kitaplarda geçirilen ýazgylaryň esasynda berilýän şahadatnamalaryň görnüşleri, nama kitaplaryny saklamagyň tertibi we möhletleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

**186-njy madda. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy ýazylanda, gaýtadan şahadatnama we beýleki resminamalar berlende görkezilýän resminamalar**

1. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy ýazylanda ýüz tutýan RÝNÝ edaralaryna döwlet tarapyndan bellige alynmagyna degişli faktlary tassyklaýan resminamalary we özüniň pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasyny) görkezmelidir.

2. Gaýtadan şahadatnama we beýleki resminamalar berlende ýüz tutýan pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamany) görkezmelidir.

3. Eger, gaýtadan dogluş hakynda şahadatnama pasport almak üçin gerek bolan halatynda, ýüz tutýan pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamany) heniz almandygy ýa-da alan hem bolsa, ony ýitirendigi, zaýalandygy we ş.m. ýagdaýlar sebäpli görkezip bilmese, onda ýüz tutýan ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bolýan ýeri boýunça içeri işler edarasyndan alnan şahsyýetini tassyklaýan güwänamany görkezmelidir.

4. Içeri işler edaralary ýüz tutýanyň şahsyýetini anyklamak üçin ähli zerur bolan işleri gysga wagtyň içinde geçirmelidir we bu güwänamany on bäş senenama gününiň dowamynda bermelidir.

Ýüz tutýana berilýän güwänamanyň görnüşi Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

5. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin, şolaryň esasynda girizilmeli üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler geçirip bilinjekdigini tassyklaýan resminama, pasport (ýa-da onuň ornuny tutýan resminama) görkezilmelidir.

Pasport (ýa-da onuň ornuny tutýan resminama) bolmadyk halatynda, ýüz tutýan ýaşaýan ýeri ýa-da bolýan ýeri boýunça içeri işler edarasyndan alnan şahsyýetini tassyklaýan güwänamany görkezmelidir.

6. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny ýatyrmak we (ýa-da) dikeltmek üçin ýüz tutýan pasport (ýa-da onuň ornuny tutýan resminama) we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýatyrylandygy we (ýa-da) dikeldilendigi hakynda kazyýetiň çözgüdini görkezmelidir.

7. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy ýazylanda, gaýtadan şahadatnama we beýleki resminamalar berlende zerur bolan resminamalaryň sanawy Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibi hakynda Düzgünnamada bellenilýär.

8. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny amala aşyrmak bilen baglanyşykly arzalaryň, şeýle hem RÝNÝ edaralary tarapyndan berilýän güwänamalaryň we beýleki resminamalaryň görnüşleri Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

**187-nji madda. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýazylmagy**

1. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy degişli raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýazylmagy arkaly geçirilýär, onuň esasynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnama berilýär. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy iki sany meňzeş nusgada ýazylýar, olaryň biri RÝNÝ edaralarynyň arhiwinde, beýlekisi - Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky RÝNÝ-nyň Merkezi arhiwinde saklanylýar.

2. Nama kitabyna girizilýän raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň her bir ýazgysy ýüz tutýan tarapyndan okalmalydyr weoňa ol, ýazgyny ýazan adam, şeýle hem wezipeli adam tarapyndan gol çekilmelidir hem-de möhür bilen berkidilmelidir.

3. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň ýazylandygy hakynda ýüz tutana degişli şahadatnama berilýär.

4. Çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysy ýazylanda ata-eneleri hakynda maglumatlar olaryň pasportlary (ýa-da olaryň ornuny tutýan resminamalar) esasynda doldurylýar.

Eger çaganyň ata-enesi (olaryň biri) öň öz familiýasyny we (ýa-da), adyny, atasynyň adyny üýtgedip, pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasyny) çalyşmadyk bolsa, çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda degişli resminamalaryň esasynda olaryň üýtgeden familiýasy we (ýa-da) ady, atasynyň ady ýazylýar.

5. Eger ata-enesiniň (olardan biriniň) pasportynda (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynda) familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň dogry ýazylyş düzgüniniň bozulandygy we başga ýalňyşlyklar ýüze çykarylan halatlarynda we ata-enesi (olardan biri) bu ýüze çykarylan ýalňyşlyklary aradan aýyrmak barada ýüz tutmasalar, onda ata-

enesiniň (olardan biriniň) razylygy boýunça ýüze çykarylan ýalňyşlyklar çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysy ýazylan mahalynda aradan aýrylýar.

6. Şu Kodeksiň 66-njy maddasynyň bäşinji we altynjy böleklerinde göz öňünde tutulan halatlarda, çaganyň ata-enesi hakynda maglumatlar şu agzalan böleklerde görkezilen resminamalaryň esasynda ýazylýar. Şunda ýüze çykarylan ýalňyşlyklar ýüz tutýanyň razylygy boýunça, çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysy ýazylan mahalynda aradan aýrylýar.

7. Şu maddanyň bäşinji we altynji böleklerinde görkezilen halatlarynda çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda çaganyň ata-enesi (olaryň biri) hakynda maglumatlar ýazylanda ýüze çykarylan ýalňyşlyklar çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysy ýazylan mahalynda onuň düzedilendigi barada ýazgy ýazylýar we bu barada degişli güwänama berilýär.

Güwänamanyň görnüşi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

8. Şahadatnama gaýtadan berlen mahalynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň Türkmenistanyň döwlet dilinden başga dilde ýazylan ýazgysy şahsyň islegi boýunça Türkmenistanyň döwlet diline terjime edilýär we bu barada degişli güwänama berilýär. Şunda familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň dürs ýazuw kadasy hökman berjaý edilmelidir.

9. RÝNÝ edaralarynyň işgärleriniň özi, öz äri (aýaly), ata-enesi, çagalary, agtyklary, atasy we enesi, babasy we mamasy, doganlary babatda raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almaga haklary ýokdur. Şeýle halatlarda raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy RÝNÝ edarasynyň başga işgäri ýa-da başga RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

10. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň dogrulygyna we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň hiline bolan jogapkärçilik bu ýazgyny ýazan adamyň we degişli RÝNÝ edarasynyň ýolbaşçysynyň üstüne ýüklenilýär.

11. Degişli RÝNÝ edarasynyň ýolbaşçysy raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz dönderilen adamyň (onuň wekiliniň) talaby boýunça, şol adama (onuň wekiline) ýüz dönderilmegiň sebäplerini on senenama gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr.

12. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyndan ýüz dönderilmegine gyzyklanýan adam tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy boýunça işi guramak ygtyýarlyklaryna degişli bolan ýokary edarasyna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda; 2014 ý., №1,50-nji madda)*

**188-nji madda. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynaüýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin esaslar. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy babatda jedel gozgamak**

1. Esaslar bolan mahalynda we gyzyklanýan adamlaryň arasynda jedel bolmasa raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek RÝNÝ edaralary tarapyndan geçirilýär we bu barada degişli güwänama berilýär.

2. Şu aşakdakylar raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin esas bolup durýar:

1) perzentlige alynmagy hakynda nama ýazgysy;

2) atalygyň anyklanylandygy hakynda nama ýazgysy;

3) familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilendigi hakynda nama ýazgysy;

4) kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi;

5) çaganyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny üýtgetmek hakynda häkimiň karary;

6) çaganyň kakasy bilen nikada durmaýan ejesiniň çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna çaganyň kakasy hakynda maglumatlary girizmek ýa-da olary üýtgetmek ýa-da aýyrmak hakynda arzasy. Şunda, çaganyň ejesiniň islegi boýunça çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynda çaganyň familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň ýazylan sütüninde çaganyň kakasynyň ady saklanyp, üýtgedilip ýa-da aýrylyp bilner;

7) çaganyň ata-enesiniň (olaryň biriniň) familiýasy we (ýa-da) ady, we (ýa-da) atasynyň ady, we (ýa-da) beýleki maglumatlary üýtgän halatynda, raýat ýagdaýynyň nama ýazgysynda ata-enesi (olaryň biri) hakynda maglumatlary üýtgetmek hakynda çaganyň ata-enesiniň arzasy (şu bölegiň 3-nji bendinde görkezilen esasdan beýleki ýagdaýlarda), on sekiz ýaşyna ýeten adamyň ata-enesiniň (olaryň biriniň) familiýasy we (ýa-da) ady, we (ýa-da) atasynyň ady, we (ýa-da) beýleki maglumatlary üýtgän halatynda, raýat ýagdaýynyň nama ýazgysynda ata-enesi (olaryň biri) hakynda maglumatlary üýtgetmek hakynda şol adamyň arzasy;

8) ölümi, näbelli adamyň ölümi hökmünde bellige alnan ölen adamyň şahsyýetiniň anyklanylandygy hakynda anyklaýyş ýa-da derňew edarasy tarapyndan berlen resminama;

9) eger ölümi öň bellige alnan bolsa, esassyz repressiýa edilen we soňra hukugy dikeldilen adamyň ölüminiň fakty hakynda resminama;

10) daşary ýurt döwletleriniň degişli edaralarynyň, olara Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan seredilenden hem-de makullanylandan soň, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek hakynda towakganamasy;

11) şu aşakdaky halatlarda RÝNÝ edaralarynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek hakynda netijenamasy, eger:

a) raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynda nädogry ýa-da doly däl maglumatlar görkezilen bolsa, şeýle hem orfografik ýalňyşlar goýberilen bolsa;

b) raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen düzgünler nazara alynmazdan geçirilen bolsa;

ç) çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysyna doly däl (kemeldilen, mylaýymlaşdyrylan, gysgaldylan we ş. m.) at ýazylan bolsa;

d) bellige alnan mahalynda ýalňyşlyklar (orfografik ýalňyşlar, sözleriň ýoýulmagy, maglumatlaryň, aýry-aýry sözleriň, harplaryň ýazylman galdyrylmagy we ş.m.) goýberilen bolsa;

e) adamyň jynsy üýtgedilen halatynda (germafroditlerde) familiýasynyň, adynyň ýa-da atasynyň adynyň düzedilmegine zerurlyk ýüze çykan halatynda;

ä) ölen adamyň öň familiýasyny we (ýa-da) adyny, we (ýa-da**)** atasynyň adyny üýtgedip pasportyny (onuň ornuny tutýan resminamasyny) çalyşmandygy sebäpli, onuň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynda öňki familiýasynyň we (ýa-da) adynyň we (ýa-da) atasynyň adynyň ýazylmagy bilen baglanyşykly, onuň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmäge zerurlyk ýüze çykan bolsa;

f) gyzyklanýan adam tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň degişli şahadatnamadaky we (ýa-da) pasportdaky (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamadaky) ýazgy bilen gabat gelmeýändigi ýüze çykarylan halatynda, eger ol şeýle gabat gelmezligiň aradan aýrylmagy hakynda RÝNÝ edarasyna ýüz tutan bolsa.

3. Gyzyklanýan adam tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek hakynda arza onuň ýaşaýan ýerinde ýerleşýän ýa-da üýtgedilmäge, goşmaça girizilmäge we (ýa-da) düzedilmäge degişli raýat ýagdaýynyň nama ýazgysynyň saklanylýan ýerindäki RÝNÝ edarasyna berilýär.

Ölen adam babatda öň düzülen raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek ölen adamyň garyndaşynyň ýa-da beýleki gyzyklanýan adamyň arzasy boýunça geçirilýär.

4. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin esaslar bolmadyk halatynda düşünişmezlikler kazyýet tertibinde çözülýär.

5. RÝNÝ edarasynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden ýüz dönderilmegine kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

6. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmegiň meseleleri boýunça gyzyklanýan adamlaryň arasyndaky jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky,2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky, 9-njy iýunyndakyTürkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda; 2014 ý., №1,50-nji madda; 2015 ý., № 4, 129-njy madda; 2018 ý., № 2, 46-njy madda)*

**189-njy madda. Döwlet pajy we tölegler**

1. Dogluşyň, ölümiň, perzentlige alynmagyň, atalygyň anyklanylandygynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, çaganyň perzentlige alynmagy, atalygyň anyklanylmagy bilen baglanyşykly çaganyň dogluş hakynda nama ýazgysynyň üýtgedilmegi, oňa goşmaça girizilmegi we (ýa-da) düzedilmegi, onuň ýatyrylmagy we (ýa-da) dikeldilmegi, şeýle hem raýat ýagdaýynyň namalary döwlet tarapyndan bellige alnan halatlarynda, goýberilen ýalňyşlyklar bilen baglanyşykly şahadatnamalaryň berilmegi RÝNÝ edaralary tarapyndan döwlet pajy alynmazdan geçirilýär.

2. Nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin, raýat ýagdaýynyň nama ýazgysyna üýtgetme, goşmaça we (ýa-da) düzediş girizilmegi we onuň bilen baglanyşykly şahadatnamalaryň berilmegi üçin (şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlar muňa degişli däldir), şeýle hem raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň gaýtadan berilmegi üçin döwlet pajy tutulyp alynýar.

3. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalar gaýtadan berlende ata-enesiniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalardan, maýyplygy bolan adamlardan, Beýik Watançylyk urşunyň we beýleki döwletleriň çägindäki söweş hereketleriniň weteranlaryndan, Beýik Watançylyk urşunyň we beýleki döwletleriň çägindäki söweş hereketlerinde wepat bolan (aradan çykan) weteranlaryň dul galan ýanýoldaşlaryndan, zähmet weteranlaryndan, radiasiýa betbagtçylygynyň netijesinde ejir çeken adamlardan döwlet pajy tutulyp alynmaýar.

4. Şu Kodekse laýyklykda tutulyp alynýan döwlet pajy Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

5. Döwlet pajynyň möçberi, ony tutup almagyň we tölemegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

6. RÝNÝ edaralary tarapyndan edilýän hyzmatlar tölegli esasda amala aşyrylýar. Hyzmatlar üçin tölegler RÝNÝ edarasynyň býujetden daşary hasaplaşyk hasabyna geçirilýär we olaryň zerurlyklaryna gönükdirilýär. Görkezilen tölegler degişli merkezleşdirilen býujetden daşary hasaplaşyk hasabyna geçirilip bilner.

RÝNÝ bölümleri tarapyndan hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegleriň möçberleri we Geňeşleriň wezipeli adamlary tarapyndan hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegleriň möçberleri durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary hasaplamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenýän binýatlyk mukdardan, göterim möçberinde kesgitlenilýär.

RÝNÝ bölümleri ýa-da Geňeşleriň wezipeli adamlary tarapyndan hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegler RÝNÝ bölümleriniň ýa-da Geňeşleriň býujetden daşary hasaplaşyk hasabyna geçirilýär we olaryň zerurlyklaryna gönükdirilýär. Görkezilen tölegler degişli merkezleşdirilen býujetden daşary hasaplaşyk hasabyna geçirilip bilner.

Görkezilen tölegleriň möçberleri, şeýle hem RÝNÝ bölümleri tarapyndan hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegleri almagyň tertibi we Geňeşleriň wezipeli adamlary tarapyndan hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegleri almagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky we 1-nji dekabryndakyTürkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 46-njy madda, № 3-4, 109-njy madda)*

## 22-nji bap. Familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň döwlet tarapyndan belligealynmagy

### 190-njy madda. Familiýanyň, adyň we atasynyň adynyňüýtgedilmeginiň döwlet tarapyndanbellige alynýan ýeri we tertibi

1. Familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy on sekiz ýaşyna ýeten adamyň hemişelik ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

Görkezilen adam hemişelik ýaşaýan ýerindäki RÝNÝ edarasyna ýüz tutanda, onuň familiýasynyň, adynyň we atasynyň adynyň üýtgedilmegi şu aşakdaky halatlarda geçirilýär, eger ol:

1) gulaga ýakymsyz eşidilýän ýa-da aýtmasy kyn bolan familiýasyny we (ýa-da) adyny we (ýa-da) atasynyň adyny üýtgetmek islese;

2) öz äri (aýaly) bilen umumy familiýany götermek ýa-da, eger bu barada nika bozulan wagty yglan edilmedik bolsa, nika baglaşmagyndan öňki öz göteren familiýasyna (ilkinji we soňky nikalary baglaşmagyndan öňki) gaýdyp gelmek islese;

3) nika bozulmadyk ýa-da äri (aýaly) aradan çykan halatynda nika baglaşmagyndan öňki öz göteren (ilkinji we soňky nikalary baglaşmagyndan öňki) familiýasyny götermek islese;

4) kakasynyň (ejesiniň) familiýasyny (eger kakasynyň familiýasyny göterýän bolsa - ejesiniň familiýasyny, eger ejesiniň familiýasyny göterýän bolsa - kakasynyň familiýasyny) götermek islese;

5) kakasynyň, atasynyň we babasynyň ady boýunça familiýasyny üýtgetmek islese;

6) özüne öň atasynyň ady “ogly”, “gyzy” diýen sözler goşulyp ýa-da bular goşulman, ilkibaşda öz ady, soňra bolsa atasynyň ady ýazylyp ýa-da ýazylman, ýa-da familiýasy ýazylman dakylan bolsa, olaryň atasynyň adyny üýtgetmek we atasynyň adyny ýa-da familiýasyny almak islese;

7) eger perzentlige almaklyk geçirilip bilinmejek bolsa, ýüz tutýany terbiýelän öweý kakasynyň (öweý ejesiniň) familiýasyny we (ýa-da) öweý kakasynyň ady boýunça atasynyň adyny götermek islese;

8) milletine laýyk gelýän familiýany we (ýa-da) ady we (ýa-da) atasynyň adyny götermek islese;

9) hakykatda dogluş hakynda nama ýazgysynda görkezilenden başga ady göterýän bolsa, ony şol göterýän adyna üýtgetmek islese;

10) raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynda görkezilen familiýasy we (ýa-da) ady we (ýa-da) atasynyň ady degişli şahadatnamadaky we (ýa-da) pasportdaky (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamadaky) familiýasy we (ýa-da) ady we (ýa-da) atasynyň ady bilen gabat gelmeýän bolsa, şeýle gabat gelmezligi aradan aýyrmak üçin şol resminamalarda görkezilen familiýasynyň we (ýa-da) adynyň we (ýa-da) atasynyň adynyň haýsy hem bolsa birini götermek islese.

2. Familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgeden adamyň raýat ýagdaýynyň namalaryny bellige alan RÝNÝ edarasyna habar berilýär.

Familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilendigi hakynda nama ýazgysynyň esasynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna degişli üýtgetmeler girizilýär we täze şahadatnama berilýär.

3. Familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilendiginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibi hakynda düzgünnama laýyklykda geçirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky,2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda; 2014 ý., №1,50-nji madda)*

## 23-nji bap. Ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

### 191-nji madda. Ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tertibi we ýeri

1. Ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy ölen adamyň ýaşan ýerindäki ýa-da ölen ýerindäki RÝNÝ edarasynda geçrilýär.

RÝNÝ edarasy adamyň ölümi hakynda arzany kabul eden mahalynda haýal etmän arza berijä ölüm hakynda şahadatnamany bermäge borçludyr.

2. Kazyýetiň ölümiň faktyny takyklamak hakynda ýa-da adamyň ölen diýlip yglan edilmegi hakynda çözgüdi esasynda ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, çözgüt çykaran kazyýetiň ýerleşýän ýerindäki RÝNÝ edarasynda geçirilýär.

3. Demir ýol ýa-da awtomobil ulagynda gidip barýan wagtynda ýüze çykan ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, ýakynda ýerleşýän RÝNÝ edarasynda amala aşyrylyp bilner.

4. Howa ýa-da deňiz gämisinde ýüze çykan ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy howa gämisiniň gonan ýerindäki ýa-da deňiz gämisiniň porta gelen ýerindäki RÝNÝ edarasy ýa-da şeýle bellige almagy amala aşyrýan başga edara tarapyndan geçirilip bilner.

5. Şahsyýeti anyklanylmadyk adamyň ölüminiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, saglygy goraýyş edarasynyň habar bermegi esasynda onuň ýüze çykarylan ýerindäki RÝNÝ edarasy tarapyndan geçirilýär.

Şeýle ýagdaýda ölüm hakynda şahadatnama diňe ölen adamyň şahsyýeti anyklanylandan soň berilýär.

6. Ölen adamy jaýlamak RÝNÝ edarasy tarapyndan berilýän ölüm hakynda şahadatnama ýa-da saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berilýän ölüm hakynda resminama bolanda geçirilýär.

Ölen adamy jaýlamak aýratyn halatlarda görkezilen resminamalar berilmezden geçirilip bilner.

7. Saglygy goraýyş edarasy we RÝNÝ edarasy ölüm hakynda resminamanyň we ölüm hakynda şahadatnamanyň öz wagtynda berilmegini üpjün etmäge borçludyrlar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 118-nji madda)*

### 192-nji madda. Ölüm hakynda arza we ony bermegiň möhleti

1. Ölüm hakynda arza ýazmaça görnüşde öleniň garyndaşlary, onuň bilen bilelikde ýaşan adamlar, onuň goňşulary, ýaşaýyş jay-ulanyş guramalarynyň işgärleri, ölümiň ýüze çykan

ýerindäki kärhananyň administrasiýasynyň ýa-da jesedi tapan polisiýa bölümi we beýleki adamlar tarapyndan berilýär.

2. Ölüm hakynda arza on senenama gününden gijä galman, zorlugyň, öz janyna kast etmeginiň, betbagtçylykly ýagdaýyň netijesinde ýüze çykan ölümde, şeýle hem jeset tapylan halatynda - ölümiň ýüze çykan ýa-da jeset tapylan pursatyndan başlap üç gije-gündizden gijä galman berilmelidir.

3. Ölüm hakynda arzada ölen hakynda arza berijä belli bolan ähli maglumatlar, şeýle hem ölüm hakynda arza beren adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

4. Ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza, şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen möhletlerden giç berlende, RÝNÝ edaralary ony kabul etmekden ýüz dönderip bilmez.

**193-nji madda. Ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalar**

1. Ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin olüm faktyny takyklan saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçynyň goly we möhüri bilen tassyklanylan ölüm hakynda resminama ýa-da ölümiň faktyny takyklamak hakynda ýa-da adamyň ölen diýlip yglan edilmegi hakynda kazyýetiň çözgüdi RÝNÝ edarasyna berilýär.

Ölüm hakynda resminama Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylan görnüşde ýazylýar.

2. Ölen adam barada maglumat pasportynyň (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň) esasynda, onuň bolmadyk halatynda - bar bolan resminamalaryň esasynda ýazylýar. Eger ölen adam öň familiýasyny we (ýa-da) adyny, atasynyň adyny üýtgedip pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasyny) çalyşmadyk bolsa, ölüm hakynda resminamada we ölüm hakynda nama ýazgysynda onuň üýtgedilen familiýasy we (ýa-da) ady, atasynyň ady ýazylýar.

3. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen resminamalarda nätakyklyk, düşnüksizlik ýa-da nädogrulyk ýüze çykarylanda şeýle resminamalary beren edaralar olara üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmäge borçludyrlar.

4. Esas bolan mahalynda we gyzyklanýan adamlaryň arasynda jedel bolmadyk mahalynda, resminamalara üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek şeýle resminamalary beren edaralar tarapyndan geçirilýär.

5. Şeýle resminamalary beren edaralaryň olara üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden ýüz döndermegine kazyýete şikaýat edilip bilner.

6. Gyzyklanýan adamlaryň arasynda resminamalara üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek meseleleri boýunça jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

## VIII BÖLÜM. DAŞARY ÝURT RAÝATLARYNYŇ WE RAÝATLYGY BOLMADYK ADAMLARYŇ GATNAŞMAGYNDAKY MAŞGALA GATNAŞYKLARY BABATDA TÜRKMENISTANYŇ MAŞGALA KANUNÇYLYGYNYŇ ULANYLMAGY

### 194-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygybolmadyk adamlaryň maşgala gatnaşyklaryndaky hukuklary we borçlary

Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar maşgala gatnaşyklarynda Türkmenistanyň maşgala kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlary bilen deň hukuklardan peýdalanýarlar we deň borçlary çekýärler.

### 195-nji madda. Türkmenistanyň çäginde nika baglaşylmagy

1. Türkmenistanyň çäginde nika baglaşmagyň tertibi şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenilýär.

2. Türkmenistanyň çäginde nika baglaşmagyň şertleri nika baglaşmak isleýän her bir adam üçin ol adamyň nika baglaşylýan pursatynda raýaty bolup durýan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

3. Türkmenistanyň çäginde raýatlygy bolmadyk adamlar üçin nika baglaşmagyň şertleri ol adamyň hemişelik ýaşaýan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

4. Türkmenistanyň çäginde nika baglaşylmagy şu Kodeksiň 20-nji maddasynda bellenilen nika baglaşylmagyna ýol bermeýän ýagdaýlar bolmadyk mahalynda geçirilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

### 196-njy madda. Diplomatik wekilhanalarda ýa-da konsullykedaralarynda nika baglaşylmagy

1. Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň arasynda nika olaryň ýaşaýan döwletindäki Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynda ýa-da konsullyk edaralarynda, şeýle edaralar bolmadyk halatynda - olaryň ýaşaýan döwletiniň degişli edaralarynda baglaşylýar.

2. Türkmenistanda daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda baglaşylan nika, özara ylalaşyk şertinde Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

### 197-nji madda. Türkmenistanyň çäginden daşarda baglaşylan nikalaryň ykrar edilmegi

1. Türkmenistanyň raýatlarynyň arasynda, Türkmenistanyň raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda Türkmenistanyň çäginden daşarda baglaşylan nikalar, olaryň baglaşylan ýeriniň kanunynda bellenilen tertipde baglaşylan bolsa, şu Kodeksiň 20-nji maddasynda bellenilen nika baglaşmaga ýol bermeýän ýagdaýlar bolmadyk mahalynda, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

2. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda, olaryň baglaşylan ýeriniň kanuny boýunça baglaşylan nikalary Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

3. Şu Kodeks güýje girýänçä, şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda baglaşylan nikalar Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njyiýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., №2,46-njy madda)*

**198-nji madda. Türkmenistanda we onuň çäginden daşarda Türkmenistanyňraýatlarynyň arasynda, Türkmenistanyň raýatlary bilen daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň, şeýle hem daşary ýurt raýatlarynyň weraýatlygy bolmadyk adamlarynyňözaralarynda baglaşan nikalarynyň bozulmagy**

1. Türkmenistanda Türkmenistanyň raýatlarynyň arasynda, Türkmenistanyň raýatlary we daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda, şeýle hem daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň öz aralarynda baglaşan nikalarynyň bozulmagy, şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda geçirilýär.

2. Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan äriniň (aýalynyň) raýatlygyna garamazdan, onuň bilen nikasyny Türkmenistanyň kazyýetinde bozmaga haklydyr. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda RÝNÝ edaralarynda nikanyň bozulmagy göz öňünde tutulan halatlarda, ol Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynda ýa-da konsullyk edaralarynda bozulyp bilner.

3. Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň arasynda baglaşylan nikany bozmak hakynda işe olaryň arzasy esasynda Türkmenistanyň kazyýeti tarapyndan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň tabşyrmagy boýunça seredilip bilner.

4. Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, şeýle hem daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda baglaşylan nikany bozmak hakynda işe, olaryň arzasy esasynda Türkmenistanyň kazyýeti tarapyndan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň tabşyrmagy boýunça seredilip bilner.

**199-njy madda. Türkmenistanyň çäginden daşarda geçirilen nikanyň bozulmagynyňTürkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilmegi**

1. Türkmenistanyň raýatlary bilen daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda Türkmenistanyň çäginden daşarda nikasynyň bozulmagy, olaryň nikasynyň bozulan ýeriniň kanunynda bellenilen tertipde geçirilen bolsa, eger nika bozulan pursatynda är-aýalyň iň bolmanda biri Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşan bolsa, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

2. Türkmenistanyň raýatlarynyň arasynda Türkmenistanyň çäginden daşarda nikanyň bozulmagy, olaryň nikasynyň bozulan ýeriniň kanunynda bellenilen tertipde geçirilen bolsa, eger är-aýalyň ikisi hem nika bozulan pursatynda Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşan bolsa, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

3. Daşary ýurt raýatlarynyň arasynda Türkmenistanyň çäginden daşarda geçirilen nikanyň bozulmagy olaryň nikasynyň bozulan ýeriniň kanunynda bellenilen tertipde geçirilen bolsa, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

4. Raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda Türkmenistanyň çäginden daşarda geçirilen nikanyň bozulmagy olaryň nikasynyň bozulan ýeriniň kanunynda bellenilen tertipde geçirilen bolsa, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

5. Daşary ýurt raýatlary bilen raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda Türkmenistanyň çäginden daşarda geçirilen nikanyň bozulmagy olaryň nikasynyň bozulan ýeriniň kanunynda bellenilen tertipde geçirilen bolsa, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

**200-nji madda. Är-aýalyň şahsy emläk däl we emläkhukuklary we borçlary**

1. Är-aýalyň şahsy emläk däl we emläk hukuklary we borçlary olaryň bilelikde ýaşaýan ýeri bolan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär, şeýle ýeri bolmadyk mahalynda bolsa - olaryň soňky bilelikde ýaşan ýeri bolan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär. Bilelikde ýaşaýan ýeri bolmadyk är-aýalyň şahsy emläk däl we emläk hukuklary we borçlary, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanda kesgitlenilýär.

2. Umumy raýatlygy ýa-da bilelikdäki ýaşaýan ýeri bolmadyk är-aýalyň biri-birine aliment tölemek hakynda şertnama ýa-da nika şertnamasyny baglaşmak üçin olaryň nika şertnamasy ýa-da aliment tölemek hakynda şertnama boýunça hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek üçin ulanylmaga degişli kanunçylygy saýlap bilerler. Şeýle halatda, eger är-aýal öz nika şertnamasy ýa-da aliment tölemek hakynda şertnamasy babatda ulanylyp bilinjek kanunçylygy saýlamadyk bolsa, onda şu maddanyň birinji böleginiň düzgüni ulanylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1,50-nji madda)*

**201-nji madda. Türkmenistanda atalygy anyklamak weatalyk barada jedel gozgamak**

1. Türkmenistanda atalygy anyklamak we atalyk barada jedel gozgamak, çaganyň ata-eneleriniň raýatlygyna we olaryň ýaşaýan ýerine garamazdan, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

2. Haçan-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda RÝNÝ edaralarynda atalygyň anyklanylmagyna ýol berilýän halatlarda, çaganyň Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan ata-eneleriniň iň bolmanda biri Türkmenistanyň raýaty bolup durýan bolsa, atalygyň anyklanylmagy hakynda arza bilen Türkmenistanyň diplomatik wekillhanasyna ýa-da konsullyk edarasyna ýüz tutmaga haklydyr.

**202-nji madda. Ata-eneleriň we çaganyň hukuklary we borçlary**

1. Ata-eneleriň we çaganyň hukuklary we borçlary, şol sanda ata-eneleriň çagany ekläp-saklamak borjy olaryň bilelikdäki ýaşaýan ýeri bolan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

2. Ata-eneleriň we çaganyň bilelikde ýaşaýan ýeri bolmadyk mahalynda olaryň hukuklary we borçlary çaganyň raýaty bolup durýan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

3. Hak isleýjiniň talaby boýunça ata-eneler bilen çaganyň arasyndaky aliment borçlary we beýleki gatnaşyklary babatda çaganyň hemişelik ýaşaýan döwletiniň kanunçylygy ulanylyp bilner.

**203-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetenleriň öz ata-enesiniň peýdasyna wemaşgalanyň beýleki agzalarynyň alimentborçnamalary**

Kämillik ýaşyna ýetenleriň öz ata-enesiniň peýdasyna aliment borçnamalary, şeýle hem maşgalanyň beýleki agzalarynyň aliment borçnamalary olaryň bilelikde ýaşaýan döwletiniň kanunçylygy bilen kegsitlenilýär. Bilelikde ýaşaýan ýeri bolmadyk mahalynda, şeýle borçnamalar aliment almaga dalaş edýän adamyň raýaty bolup durýan döwletiniň kanunçylygy bilen kegsitlenilýär, eger ol raýatlygy bolmadyk adam bolsa, onda ol adamyň hemişelik ýaşaýan döwletiniň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

**204-nji madda. Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň raýaty bolup durýan çagany perzentlige almagy**

1. Eger çaga obýektiw sebäplere görä raýatlygyna we ýaşaýan ýerine garamazdan çaganyň garyndaşlary tarapyndan perzentlige alnyp ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlaryna terbiýelenmegi üçin berlip ýa-da onuň terbiýelenmegini ýa-da perzentlige alynmagyny üpjün edip biljek maşgala ýerleşdirilip bilinmeýän bolsa, şeýle hem, çaga göwnejaý seretmekligi nähili hem bolsa bir ýagdaýda üpjün etmek Türkmenistanda mümkin bolmasa, Türkmenistanyň raýaty bolup durýan

çagany Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň perzentlige alynmagyna çaga seretmegiň alternatiw usuly hökmünde seredilip bilner.

Şunda, şeýle çagany perzentlige almak diňe şu halatda, ýagny perzentlige alýanyň ýaşaýan daşary ýurt döwletiniň kanunçylygyna laýyklykda perzentlige alynýan çaga, eger ol öz watanynda perzentlige alnandan soň, eýe bolup biljek hukuk kepillikleri ýaly deň hukuk kepillikleri bilen üpjün edilip bilinjek bolsa, şeýle hem şol döwletiň kanunçylygy oňa Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulandakydan pes bolmadyk hukuklary kepillendirýän bolsa geçirilip bilner.

2. Çaga, şu Kodeksiň 104-nji maddasynyň altynjy böleginde görkezilen Tertibe laýyklykda merkezleşdirilen hasaba alnan (öweý ejesi ýa-da öweý kakasy tarapyndan perzentlige alynýan çaga muňa degişli däldir) gününden başlap azyndan alty aý geçenden soň, çaganyň garyndaşy bolup durmaýan Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan şu Kodeksiň 108-nji maddasynda bellenilen tertipde perzentlige alnyp bilner.

3. Çagany perzentlige almaga dalaş edýän daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň çagany özleri saýlamaga hukugy bardyr we onuň bilen azyndan bir ýyl gös-göni gatnaşykda bolmaga borçludyrlar. Olar hossarlyk we howandarlyk edaralaryna çagany perzentlige almak islegleri hakynda ýazmaça görnüşde arza, şeýle hem özüniň maliýe taýdan gurplulygy, maşgala ýagdaýy, saglyk ýagdaýy hakynda güwänama bermäge borçludyrlar.

4. Türkmenistanyň raýaty bolup durýan we Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan çaganyň perzentlige alynmagy, perzentlige alynmagynyň ýatyrylmagy, perzentlige alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi çaganyň ýaşaýan ýeri boýunça kazyýetiň çözgüdi esasynda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynda ýa-da konsullyk edarasynda geçirilýär.

5. Türkmenistanda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan Türkmenistanyň raýaty bolup durýan çaganyň, şeýle hem daşary ýurt raýaty bolup durýan we Türkmenistanda ýaşaýan çaganyň perzentlige alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

6. Türkmenistanyň raýaty bolup durýan çaganyň Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan perzentlige alynmagy, Türkmenistanyň Bilim ministriliginiň we çaganyň ýaşaýan ýa-da doglan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy alnan halatynda, şu Kodeksiň 15-nji babyna laýyklykda, umumy esaslarda geçirilýär.

7. Türkmenistanyň raýaty bolup durýan çaganyň ýaşaýan döwletiniň çägindäki edaralarda geçirilen perzentlige alynmagy, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň öňünden razylygy alnan halatynda, hakyky diýlip ykrar edilýär.

8. Hossarlyk we howandarlyk edaralary, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň üsti bilen, şeýle hem halkara kadalary bilen ykrar edilen beýleki ugurlar boýunça, Türkmenistanyň raýaty bolup durýan çagany perzentlige alanlaryň raýatlary bolup durýan döwletleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň raýaty bolup durýan çagany perzentlige alan raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýaşaýan döwletleriniň häkimiýetlerinden we guramalaryndan perzentlige alnan çaga, onuň öz watanynda perzentlige alnan halatyndaky ýaly deň hukuk kepillikleriniň üpjün edilmegini, şeýle hem perzentlige alnan çaganyň ýaşaýşynyň we terbiýelenişiniň şertleri hakynda maglumatlaryň onuň on alty ýaşyna çenli her alty aýdan bir gezek yzygiderli berilmegini talap etmäge ygtyýarlydyrlar.

Şu Kodeksiň 123-nji maddasynda görkezilen adamlaryň arzasy esasynda, kazyýetiň çözgüdi bilen perzentlige almak ýatyrylyp ýa-da hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

9. Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan perzentlige alnan çagalaryň raýatlygy "Raýatlyk hakynda" Türkmenistanyň Kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

10. Türkmenistanyň raýaty bolup durýan we Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan perzentlige alnan çaga, şu maddanyň birinji böleginde bellenilen kepillikleriň we kadalaryň üpjün edilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary amala aşyrýarlar.

**205-nji madda. Hossarlygyň (howandarlygyň) bellenilmegi**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalara, ata-eneleriň howandarlygyndan galan çagalara, şeýle hem kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen we saglyk ýagdaýy sebäpli özbaşdak öz hukuklaryny amala aşyryp we borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyby bolan Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan, Türkmenistanyň raýatlaryna hossarlyk (howandarlyk) etmek Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynda ýa-da konsullyk edaralarynda bellenilýär.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalara, ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalara, şeýle hem, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen we saglyk ýagdaýy sebäpli özbaşdak öz hukuklaryny amala aşyryp we borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyby bolan Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlara hossarlyk (howandarlyk) etmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olaryň ýaşaýan ýerinde amala aşyrylýar.

3. Degişli döwletleriň kanunlary boýunça Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlaryna hossarlyk (howandarlyk) etmegiň amala aşyrylmagy, eger hossarlygyň (howandarlygyň) bellenilmegine ýa-da onuň ykrar edilmegine, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary garşy çykmaýan bolsa hakyky diýlip ykrar edilýär.

4. Degişli döwletleriň kanunlary boýunça Türkmenistanyň çäginden daşarda daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara bellenilen hossarlyk (howandarlyk), eger munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän bolsa, Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

**206-njy madda. Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almagyň meseleleri boýunça ulanylýan kanunçylyk**

1. Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda geçirilýär.

2. Eger gyzyklanýan adamlar Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan bolsalar, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda raýat ýagdaýynyň namalary döwlet tarapyndan bellige alnanda Türkmenistanyň kanunçylygy ulanylýar.

3. Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almagyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda ýüz tutmaga haklydyrlar.

4. Eger gyzyklanýan adamlar dürli döwletleriň raýatlary bolup durýan bolsalar, onda olaryň ylalaşygy boýunça – döwletleriň biriniň kanunçylygy, düşünişmezlikler bolan halatynda bolsa, raýat ýagdaýynyň namalaryny bellige alýan konsulyň çözmegi boýunça ulanylýar.

5. Eger gyzyklanýan adamlar raýatlygy bolmadyk adamlar bolup durýan bolsalar ýa-da olaryň haýsy döwletiň raýatydygy anyklanylmadyk bolsa, onda olaryň hemişelik ýaşaýan döwletiniň kanunçylygy ulanylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 50-nji madda)*

**207-nji madda. Daşary ýurt döwletleriniň ygtyýarly edaralary tarapyndan berlen raýat ýagdaýynyň namalaryny tassyklaýan resminamalaryň ykrar edilmegi**

Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar babatda Türkmenistanyň çäginden daşarda degişli döwletleriň kanunlary boýunça geçirilende berlen, daşary ýurt döwletleriniň ygtyýarly edaralary tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalaryny tassyklaýan resminamalar, eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda

başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, konsullyk taýdan kanunlaşdyrylan halatynda Türkmenistanda hakyky diýlip ykrar edilýär.

**208-nji madda. Daşary ýurt döwletiniň maşgala hukugynyň kadalarynyň mazmunynyň anyklanylmagy**

1. Daşary ýurt döwletiniň maşgala hukugynyň kadalary ulanylan mahalynda kazyýet ýa-da RÝNÝ edarasy we beýleki edaralar bu kadalaryň mazmunyny degişli daşary ýurt döwletinde hereket edýän hukuk ulanylyş tejribesinde olaryň resmi taýdan düşündirilişine laýyklykda anyklaýar.

Daşary ýurt döwletiniň maşgala hukugynyň kadalarynyň mazmunyny anyklamak maksady bilen kazyýet, RÝNÝ edarasy we beýleki edaralar düşündiriş almakda ýardam etmekleri üçin bellenilen tertipde Türkmenistanyň Adalat ministrligine we Türkmenistanyň beýleki ygtyýarly edaralaryna ýüz tutup ýa-da bilermenleri çekip bilerler.

Gyzyklanýan adamlar öz talaplaryny ýa-da nägileliklerini esaslandyrmak maksady bilen salgylanylýan, daşary ýurt döwletiniň maşgala hukugynyň kadalarynyň mazmunyny tassyklaýan resminamalary bermäge we daşary ýurt döwletiniň maşgala hukugynyň kadalarynyň mazmuny anyklanylanda kazyýete ýa-da RÝNÝ edarasyna we beýleki edaralara başgaça ýardam etmäge haklydyrlar.

2. Kazyýet Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna goldanyp işi çözýär.

Beýleki döwletleriň kanunçylygy, eger bu Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda, şeýle hem taraplaryň ylalaşygynda göz öňünde tutulan bolsa, ulanylýar. Daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygynyň jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalary bolmadyk mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň degişli kadalary ulanylýar.

Jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylyk bolmadyk halatynda meňzeş gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylyk ulanylýar, şeýle kanunçylyk bolmadyk mahalynda bolsa, iş kanunçylygyň umumy başlangyçlaryndan we manysyndan ugur alnyp çözülýär.

3. Eger daşary ýurt döwletiniň maşgala hukugynyň kadalarynyň ulanylmagy Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň we hukuk tertibiniň esaslaryna ters geljek bolsa, olar ulanylmaýar. Bu ýagdaýda Türkmenistanyň kanunçylygy ulanylýar.

**209-njy madda. Şu Kodeksiň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

Şu Kodeksiň düzgünleriniň bozulmagynda günäkär bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.